**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

***B.S. Saryýew, P.S. Durdyýew***

# Türkmenistanyň hukuk goraýjy edaralary

**Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy**

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi**

**Aşgabat – 2010ý.**

*B.S. Saryýew, P.S. Durdyýew*

# Türkmenistanyň hukuk goraýjy edaralary

**Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy**

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi**

**Aşgabat – 2010ý.**

# G I R I Ş

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda ýurdumyzda durmuşa geçirilýän ägirt uly özgertmeleriň netijesinde beýik Galkynyş eýýamynyň belent maksatnamalary üstünlikli amala aşyrylýar. Döwletimiziň durnuklylygyny saklamak, jemgyýetiň jebisligini, asudalygyny we tertip-düzgüni üpjün etmek ýurt baştutanymyzyň ýöredýän içerki we daşarky syýasatlarynyň esasy ugurlary bolup durýar. Bu taryhy wezipeleriň durmuşa geçirilmegi watanymyzy mundan beýläk-de üstünlikli ösdürmekde, döwletiň demokratik we hukuk esaslaryny pugtalandyrmakda, jemgyýetimiziň raýat jemgyýeti derejesine ýetirmekde möhüm ähmiýetli ýagdaý bolup durýar.  Täze Galkynyş eýamynda Hormatly Prezidentimiziň ýadawsyz tagallalary netijesinde döwlet we jemgyýet durmuşynda ylymyň we şol sanda hukuk ylymyň has-da ösmegine we berkemegine uly mümkinçilikler döredi.

Döwür häzirki hukuk ylymyndan öz işine ökde, giň gözýetimli, ýokary hukuk medeniýetli, işde we durmuşda ýüze çykýan dürli çylşyrymly meseleleri aňsatlyk bilen çözmäge, zähmet kollektiwinde guramaçylyk we ýolbaşçylyk wezipelerini  ýerine ýetirmäge ukyply hünärmeni talap edýär.

Bu hünärmeniň hukuk bilimleri düýpli nazarýet taglymatlaryna we durmuşy ösüşiň taryhy kanunylyklaryna içgin düşünmeklige esaslanmalydyr we hukuk döwletiniň syýasaty, jemgyýetçilik gatnaşyklaryň hukuk taýdan kadalaşdyrylmagynyň ýörelgeleri ýaly umumy ulgamlarda,

şeýle hem döreýän aýry-aýry hukuk ýagdaýlarda baş çykaryp bilmekde we dogry çözgüt kabul etmekde oňa ýardam bermelidir.

Şunuň bilen baglylykda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde raýat, jenaýat, dolandyryş, hojalyk hukugy we beýleki hukuk pudaklaryny öwrenmek bilen bir hatarda döwletiň hukuk goraýjy edaralarynyň işini hem öwrenmeklik zerurdyr.

Talyplar we döwletiň dürli edaralarynda we guramalarynda işleýän hünärmenler ýurdumyzyň kanunlaryny we hukuk namalaryny işjeň durmuşa geçirmeklige gatnaşýan hukuk goraýjy edaralaryň ulgamyny we gurluşyny, olaryň amala aşyrýan işlerini doly bilmäge borçludyrlar.

Bu bilimleriň geljekki hukukçy, ykdysadyýetçi we beýleki ugurlar boýunça ýokary derejeli hünärmenler bolup ýetişmekligi maksat edinip, ýokary okuw mekdeplerde okaýan talyplar üçin okuw döwründe geçilýän hukuk dersleri özleşdirmekde zerur ähmiýeti bardyr.

Türkmenistanyň hukuk goraýjy edaralary" okuw dersi hukuk goraýjylyk işi we ony amala aşyrmaga ygtyýarlandyrlan döwlet edaralary barada umumy bilimleri berýär. Agzalan edaralaryň giň sanawy bolup, düzgün bolşy ýaly olara - kazyýet, prokuratura, IIM-i, MHM-i, Adalat ministrligi, NGGBDG-y ýaly edaralary we adwokatura ýaly guramalary goşýarlar.

Dersi öwrenmekligiň maksady – talyplara we ýaş hünärmenlere ýurdumyzyň hukuk goraýjy edaralarynyň ulgamy, gurluşy, olaryň işleriniň gurnalyşynyň ýörelgeleri, şeýle hem olaryň öz aralarynda we beýleki döwlet edaralary we döwlete dahylly bolmadyk guramalar bilen

aragatnaşyklary barada takyk bilimleri bermeklik bolup durýar.

Elbetde, diňe bir semestriň döwründe okadylýan ders boýunça ýazylan gollanmada bu maglumatlaryň ählisini hemmetaraplaýyn dolulygyna açyp beýan edip bolmaýar. Şonuň üçin hem biz gollanmada, beýleki edaralaryň ähmiýetini sähelçe-de peseltmekligi niýet edinmän, esasy ünsümizi hukuk goraýjy edaralaryň naýbaşysy, adylkazyýýetligi amala aşyryp, döwlet häkimiýetiniň özbaşdak şahasy bolup durýan- kazyýet häkimiýetine, ýagny kazyýet ulgamyna bagyşladyk.

# 1-nji bap. “Türkmenistanyň hukuk goraýjy edaralary” okuw dersiniň predmeti, düşünjesi, ulgamy we çeşmeleri.

§ 1. “Türkmenistanyň hukuk goraýjy edaralary” okuw dersiniň predmeti.

Agzalan dersiň öwrenýän predmetini iki manyda, ýagny giň we gysga (gönümel) manyda kesgitlenilýär. Giň manyda bu dersiň predmeti – döwletiň ähli hukuk goraýjy edaralarynyň, ýagny kazyýetiň, prokuraturanyň, Adalat ministrliginiň, IIM-niň, MHM-niň, NGGBDG-ň, şeýle hem hukuk goraýjy işini amala aşyrýan jemgyýetçilik guramasy bolan-adwokaturanyň döreýşi we häzirki ýagdaýdaky gurluşy bolup durýar. Dersdäki seljerlip öwrenilýän meseleler we kadalar, onuň mazmunyny düzýär. Agzalan ylymda we okuw dersinde, hususanda Garaşsyz we Bitarap döwletimiziň hukuk goraýjylyk işi, wezipeleri, düzümi we gurluşy, şeýle hem olaryň guralyşynyň we işlemekleriniň ýörelgeleri, işleriniň kämilleşdirilmeginiň usullary düýpli öwrenilýär. Hukuk goraýjy wezipeleri ýerine ýetirýän, ýa-da şol wezipeleri amala aşyrmakda döwletiň hukuk goraýjy edaralaryna ýardam berýän jemgyýetçilik guramalaryň hem, işleri, gurluşy we wezipeleri dersiň predmeti bolup durýar.

Gysga (gönümel) manyda “Türkmenistanyň hukuk goraýjy edaralary” okuw dersiniň predmeti- bu hukuk goraýjy edaralarynyň wezipelerini, gurluşyny berkidýän, hukugyň dürli-dürli (konstitusion, jenaýat, dolandyryş) pudaklarynyň kadalary bolup durýar.

Konstitusion hukugyň kadalarynda Türkmenistanyň döwlet we jemgyýetçilik gurluşynyň esaslary, häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň ulgamynyň, şol sanda kazyýet we prokuratura ýaly wajyp wezipeleri amala aşyrýan hukuk goraýjy edaralaryň gurluşynyň we işlemeginiň binýatlaýyn hukuk esaslary berkidilýär.

Kazyýet we prokuratura döwletiň hukuk goraýjy edaralarynyň ulgamynda aýratyn orun tutýandyrlar. Şonuň esasynda, şeýle hem guralyşynyň, maksatlarynyň we amala aşyrýan wezipeleriň aýratynlygy we özboluşlygy netijesinde, konstitusion hukugyň kazyýet we prokuratura edaralarynyň işine dahylly kadalary, umumy konstitusion hukugyň - *Kazyýet önümçiligi* hem-de *Prokuror gözegçiligi* diýlip atlandyrylýan pudagasty hukuk şahamçalary emele getirýärler:

Biziň dersimiziň gönümel öwrenýän predmeti hökmünde ilkinji nobatda şu iki sany agzalan hukuk şahamçalaryny getirip bolar.

Kazyýet önümçiliginiň kadalary kazyýet edaralarynyň gurluşyny kadalaşdyrýarlar, kazyýetleriň adylkazyýetligi amala aşyrmak boýunça amala aşyrýan işleri bolsa özbaşdak hukuk pudaklary bolup durýan - jenaýat iş ýörediş we raýat iş ýörediş hukugyň kadalary tarapyndan düýpli düzgünleşdirilýär, bu kadalar adybir okuw dersleri tarapyndan öwrenilýär. Gollanmada kazyýetiň işi barada umumy maglumatlar berilýär.

Prokuror gözegçiligine degişli kadalar toplumy bolsa diňe bir prokuraturanyň gurluşyny kesgitlemek bilen çäklernmän, eýsem onuň amala aşyrýan işlerini we wezipelerini hem kadalaşdyrýar. Gollanmamada biz

prokuraturanyň gurluşynyň, işiniň we wezipeleriniň üstünde durup geçeris.

Konstitusion hukugyň kadalarynda adwokatura ýaly jemgyýetiň we döwletiň durmuşynda ähmiýetli orny eýeleýän guramalaryň, şeýle hem döwletiň häkimiýet edaralar ulgamynda IIM-i, MHM-i, Adalat ministrligi, NGGBDG-y ýaly möhüm edaralaryň wezipeleri berkidilýär. Diýmek, agzalan döwlet edaralaryna we jemgyýetçilik guramalaryna dahylly bolan konstitusion hukuk kadalaryň ählisi hem dersimiziň gönümel öwrenýän predmetine girýär.

Adalat ministrligiň, IIM-ň we beýleki döwlet edaralaryň we guramalaryň gurluşy- has içgin ýagdaýda dolandyryş hukugy diýlip atlandyrylýan başga bir hukuk pudagynyň kadalary tarapyndan hem düzgünleşdirilýär. Diýmek, bu hukuk pudagynyň hem agzalan edaralara we gulluklara degişli kadalary biziň dersimiziň predmetine girýär.

Hukuk goraýjy edaralaryň işiniň guralyşyna dahylly bolan birentek möhüm meseleler- jenaýat iş ýörediş, raýat iş ýörediş hukugy, maliýe hukugy ýaly hukuk pudaklarynyň kadalary bilen düzgünleşdirilýär, şonuň bilen baglylykda bu kadalar dersimiziň predmetiniň esasy bölegi bolup durýar.

Şeýlelik bilen, “Türkmenistanyň hukuk goraýjy edaralary” okuw dersiniň gönümel predmeti– Konstitusion hukugyň *Kazyýet önümçiligi* hem-de *Prokuror gözegçiligi* atly pudagasty hukuk şahamçalarynyň kadalary, şeýle hem iş ýörediş, dolandyryş, maliýe hukugy ýaly, hukugyň beýleki pudaklarynyň hukuk goraýjy edaralaryň

gurluşynyň we işlemeginiň meselelerini kesgitleýän kadalary bolup durýar.

“Türkmenistanyň hukuk goraýjy edaralary” okuw dersiniň beýleki hukuk derslerini öwrenmekdäki ähmiýeti, önuň şol dersleri özleşdirilmegini düýpli aňsatlaşdyrýan giriş ýa-da gollanma bolup durmagyndadyr. Bu hem adaty bolmaýmaly zat, çüňki dürli hukuk pudaklaryň kadalaryny, dürli edaralaryň, şol sanda hukuk goraýjy edaralaryň işinde olaryň ulanylyp durmuşa geçirilişiniň ähli jähtlerini düýpli öwrenip özleşdirmek üçin, ilki bilen şol edaralaryň gurluş esaslaryny doly bilmeli.

Hukuk goraýjy edaralaryň gurluşynyň esaslaryny doly bilmeklik, şol edaralaryň hukugy ulanmakda, ýurtda kanunylygy we hukuk tertibi üpjün etmekde alyp barýan dürli görnüşli işleriniň düýp manysyna has içgin we dogry düşünmeklige mümkinçilikleri döredýär, bu hem biziň dersimiziň esasy maksady bolup durýandyr.

§ 2. Hukuk goraýjy edaralar: umumy düşünjesi we ulgamy.

Täze Galkynyş eýamynda ýurdumyzda kanunylygy we hukuk tertibi ýokary derejede üpjün etmek boýunça wajyp wezipeleri amala aşyrýan hukuk goraýjy edaralaryň alyp barýan işlerine möhüm ähmiýet berilýär. Sebäbi kanunylyk we hukuk tertibi – jemgyýetimiziň syýasy ulgamynyň aýrylmaz ýörelgeleridir. Bu kada binýatlaýyn häsiýete eýe bolup ýurdumyzyň Konstitusiýasynda hem berkidilendir.

Konstitusiýamyzyň 1-nji maddasyna laýyklykda “Döwlet Türkmenistanyň garaşsyzlygyny, çäk bütewiligini, konstitusion gurluşyny goraýar, kanunylygyň berjaý

edilmegini hem hukuk tertibini üpjün edýär.”

Şeýlelik bilen kanunylyk we hukuk tertibi- döwletimiziň umumy syýasy ulgamyň gurluşynyň we işlemeginiň iň esasy başlangyjy, döwlet we jemgyýetçilik durmuşynyň sütünleýin ýörelgeleri bolup durýandyrlar.

Kanunylyk ýörelgesi- ýurtda döwrebap kanunlaryň bolmagyndan, şol kanunlaryň hökmürowanlygynyň üpjün edilmeginden we döwlet edaralary, wezipeli adamlar, jemgyýetçilik guramalary, raýatlar tarapyndan gyşarnyksyz ýerine ýetirilmeginden ybaratdyr.

Jemgyýetçilik durmuş şertlerinde kanunylyk ýörelgesi hukuk tertibinde, ýagny jemgyýetçilik gatnaşyklaryň aşakdaky häsiýetleri bolan tertibinde ýüze çykýar:

- kanunlaryň we hukuk kadalarynyň jemgyýetçilik gatnaşyklaryň ähli agzalary tarapyndan gyşarnyksyz we birmeňzeş ýerine ýetirilmegi, hemmeleriň kanunyň öňünde deň bolmagy.

- Döwlet edaralary, jemgyýetçilik guramalary we wezipeli adamlar tarapyndan öz wezipelerini ygtyýarlyklarynyň çäginde, kanunlary we beýleki hukuk kadalary takyk we birkemsiz berjaý etmek bilen ýerine ýetirilmegi.

- Jenaýatlara garşy göreşmek, olaryň öňüni almak, sebäplerini we şertlerini ýüze çykaryp aradan aýyrmak boýunça geçirýän işlerinde ygtyýarly döwlet edaralary tarapyndan hukuk

kadalarynyň we döwlet mejbur ediş çäreleriniň dogry we netijeli ulanylmagy.

Şeýlelik bilen hukuk tertibi- bu kanunylygyň talaplarynyň iş ýüzünde doly berjaý edilmeginde dörteýän jemgyýetçilik gatnaşyklaryň ýagdaýydyr.

Döwletimiziň we jemgyýetimiziň hukuk tertibiniň beýan edilen umumy düşünjesi we mazmuny, onuň degerli demokratik görnüşlerde durmuşa geçirilmeginiň anyk kepillendirilmelerini talap edýändir. Şunlukda kanunylygyň we hukuk tertibiniň durmuşa geçirilmeginiň esasy kepillendirmesi hökmünde döwletiň birentek edaralar we guramalar ulgamynyň üsti bilen amala aşyrýan hukuk goraýjy işi bolup durýandyr.

Elbetde döwlet edaralaryň we guramalaryň ählisi hem öz işlerini, ýurdumyzda kanunylyk ýörelgeleriniň berjaý edilmegine we hukuk tertibiniň pugtalandyrylmagyna gönükdirip amala aşyrýarlar. Emma käbir döwlet edaralaryň we guramalaryň işi ýeketäk hukuk goraýjy wezipelerini amala aşyrmakdan ybarat bolup durýar. Hukuk goraýjy işi dürli ugurlara bölünýär, olaryň esasylary barada aşakda durup geçeliň:

*Kazyýet häkimiýeti*- döwlet häkimiýetiniň garaşsyz we özbaşdak şahasy bolup durýar. Häkimiýetiň bu görnüşiniň aýratynlygy onuň - adyl kazyýetligi amala aşyrýan ýeketäk häkimiýet bolup durýanlygyndadyr. Adyl kazyýetlik- bu kanunyň ähli talaplaryny doly we gyşarnyksyz berjaý etmek bilen, jemgyýetçilik gatnaşyklarynda ýüze çykan dürli hukuk bozulmalaryny  kanunlarda bellenilen kadalary we iş ýörediş tertibini berjaý etmek bilen adalatly we

esaslandyrylan çözgütleri çykarmak boýunça diňe kazyýet edaralary tarapyndan amala aşyrylýan hukuk goraýjylyk işidir.

Belleýşimiz ýaly, kazyýet jemgyýetçilik gatnaşyklarynda ýüze çykýan dürli hukuk bozmalary seljermäge we olaryň has howplulary boýunça döwletiň adyndan jeza çärelerini ulanmaga ýa-da bigünäleri aklamaga hukugy bolan ýeke-täk döwlet edarasy bolup, ýurtda hukuk tertibini berjaý etmekde döwletiň esasy serişdesi bolup durýandyr. Döwlet edaralarynyň we guramalaryň hiç birinde kazyýetiňki ýaly ygtyýarlary ýokdur.

*Prokuror gözegçiligi*- Türkmenistanyň Baş prokurory we onuň tabynlygyndaky prokurorlar tarapyndan Türkmenistanyň çäginde Konstitusiýanyň, kanunlaryň, Prezidentiň¸ Ministrler Kabinetiniň, Mejlisiniň namalarynyň döwlet dolandyryş hem-de gözegçilik, harby dolandyryş, ýerli ýerine ýetiriji we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, eýeçiligiň ähli görnüşlerine degişli kärhanalar, edaralar, guramalar, birleşikler, şeýle hem telekeçilik işi bilen meşgullanýan adamlar, jemgyýetçilik birleşmeleri, wezipeli adamlar hem-de raýatlar tarapyndan takyk we birmeňzeş berjaý edilişine gözegçilik etmek, agzalan döwlet edaralarynyň kanuna garşy gelýän namalaryna garşylyk getirmek we ýatyrmak, şeýle hem wezipeli adamlaryň bikanun hereketleriniň öňüni almak boýunça amala aşyrylýan hukuk goraýjylyk işidir.

*Türkmenistanyň Içeri işler Ministrligi*- Türkmenistanyň döwlet hukuk goraýjy edaralarynyň

ulgamyna girip, giň gerimdäki hukuk goraýjy wezipeleri amala aşyrýan döwlet edarasydyr. Içeri işler edaralary hukuk bozulmalaryň we jenaýatlaryň garşysyna gönüden-göni göreşip döwletde hukuk tertibiniň we kanunylygyň ýokary derejesini üpjün etmek boýunça jemgyýetçilik tertibini goramak; jenaýatlary we gaýry hukuk tertibiniň bözulmalaryna garşy göreşmek; jenaýatlary öz wagtynda we doly derňemek we olaryň üstüni açmak; jenaýat jezalarynyň we dolandyryş temmileriniň ýerine ýetirilmegini guramak; ýol hereketiniň howpsuzlygyny, eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan, aýratyn möhüm we beýleki desgalaryň ygtybarly goralmagyny, ýangyn howpsuzlygyny üpjün etmek; öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde halkara jenaýatçylyga garşy göreşmek; eýeçiligiň ähli görnüşlerini jenaýatçylyklardan we beýleki hyýanatçylyklardan goramak; şeýle hem pasport ulgamynyň kanunçylyk tarapyndan bellenilen kadalarynyň berjaý edilişine gözegçilik etmek ýaly ençeme möhüm wezipeleri amala aşyrýarlar.

Jemgyýetçilik tertibini, raýatlaryň janyny, saglygyny, hukuklaryny, azatlyklaryny, namysyny we mertebesini, jemgyýetiň we döwletiň bähbitlerini jenaýatçylykly we hukuga garşy gelýän gaýry hyýanatçylyklardan goramagy amala aşyrmak ýaly wajyp wezepeler içeri işler edaralarynyň ulgamyna girýän polisiýa edaralarynyň üstüne ýüklenendir.

Içeri işler edaralary (polisiýa)- öz wezipelerini beýleki döwlet edaralary, jemgyýetçilik guramalary, raýatlar bilen ysnyşykly gatnaşykda amala aşyrýarlar.

*Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk Ministrligi*- döwlet

dolandyryşynyň düzümindäki ýörite edaradyr. Milli howpsuzlyk edaralary konstitusion gurluşy kada-kanuna ters gelýän hyýanatçylyklardan goramak, Türkmenistanyň özygtyýarlylygyny we çäk bitewiligini, onuň syýasy, ylmy-tehniki hem-de goranmak kuwwatyny goramak ýaly möhüm wezipeleri ýerine ýetirýärler.

Milli howpsuzlyk edaralary öz işlerini beýleki döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralary, hem-de hukuk goraýjy edaralary bilen arkalaşykly amala aşyrýarlar.

Milli howpsuzlyk edaralry tarapyndan kanunlaryň takyk hem birmeňzeş ýerine ýetirilişine, hususanda MHM-niň derňew birlikleri tarapyndan jenaýat işleriň gozgalmagynyň we derňelmeginiň kanunylygyna Türkmenistany Baş prokuraturasy gözegçilik edýär.

*Türkmenistanyň Neşelere garşy göreşmek baradaky döwlet gullugy*- neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň bikanun dolanyşygyna garşy göreşmek babatdaky döwlet syýasatynyň durmuşa geçirilmegini, neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygyna garşy göreşmegiň meseleleri boýunça Türkmenistanyň halkara borçnamalarynyň berjaý edilmegini we ýerine ýetirilmegini üpjün edýän döwlet dolandyryş edarasy bolup durýar.

*Türkmenistanyň Adalat ministrligi*- ýurdumyzyň pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň (ministrlikleriň) ulgamynda döredilen döwlet häkimiýet edarasy bolup durýandyr, emma özüniň özboluşly wezipeleri we ygtyýarlyklary zerarly Adalat ministrligi hukuk goraýjy edaralaryň hataryna girýändir. Adalat ministrligi kanunlaryň taslamalaryny taýýarlamak; kanunçylygy

hasaba almak we ulgamlaşdyrmak ýaly ençeme wezipeleri amala aşyrýar. Şunlukda kanunçylygy düşündirmek, hukuk babatda wagyz etmek işine, şeýle hem ählumumy okuw guramaçylyk-usulyýet işi arkaly ilatyň hukuk taýdan terbiýesiniň derejesiniň ýokarlanmagyna ministrlik tarapyndan aýratyn üns berýär. Ondan başga-da ýurdumyzyň halkara gatnaşyklaryny hukuk taýdan üpjün etmek işine işjeň gatnaşýar, adwokatlar kollegiýalarynyň we RÝNÝ edaralaryň işine guramaçylyk-usulyýet taýdan ýolbaşçylyk edýär.

*Adwokatura*- döwlet häkimiyet we dolandyryş edaralarynyň ulgamyna girmeýän, adwokatlyk statusyna eýe bolan şahslaryň adwokatlyk işini amala aşyrmak maksady bilen döredilen we öz-özüňi dolandyrmak yörelgelerine eýerýän professional birleşigidir. Adwokatlyk işi adam hukuklaryny we azatlyklaryny, yuridik şahslaryn kanuny bâhbitlerini goramak, jemgyyetde kanunylygyň berjaý edilmegine we pugtalandyrylmagyna ýardam bermek maksady bilen adwokatyň kanunda bellenilen tertipde berýän professional hukuk kömegi bolup duryar. Bu kömek dürli hukuk meseleler boýunça maslahatlaryň berilmegi, dürli resmi namalaryň düzülmegi, anyk taraplaryň kanuny bähbitleriniň goragçysy hökmünde jenaýat we raýat işlerine gatnaşmaklyk görnüşinde amala aşyrylýar. Belläp geçişimiz ýaly adwokatura –jemgyýetçilik birleşigi bolup, döwlet edarasy däldir.

Hukuk goraýjy edaralar barada ýokarda beýan edilen gysgaça häsiýetnamalardan görnüşi ýaly, döwletimiziň hukuk goraýlylyk işi dürli-dürli ugurlardan, görnüşlerden ybarat bolup, köpdürli ussullar arkaly birentek döwlet edaralary we jemgyýetçilik birleşikleri tarapyndan amala aşyrylýar.

Düzgün bolşy ýaly kanunçylyk namalarynda hukuk goraýjy edaralaryň düzümine- kazyýet, prokuratura, IIM-gi, MHM-gi, Adalat ministrligi, NGGBDG-y we hukuk goraýjy wezipelerini amala aşyrýan belli-belli jemgyýetçilik birleşikleri goşulýar.

Agzalyp geçilen edaralara we guramalara mahsusu bolan umumy alamatlar hem bardyr:

- bu edaralar we guramalar demokratik ýörelgeleriň esasynda döredilip, öz işlerini aýanlyk şertlerinde amala aşyrýarlar;

- kanunlarda göni berkidilmegi, şeýle hem olaryň döwlet mehanizminde eýeleýän aýratyn orunlary zerarly, - kanunylygy we hukuk tertibini üpjün etmek, raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, döwletiň we jemgyýetiň bähbitlerini goramak ýaly hukuk goraýjylyk wezipeleri hut şol edaralar amala aşyrýarlar;
- Bu edaralar hukuk bozulmalara garşy göreşmek, öňüni almak, olar bilen baglanyşykly işlere we beýleki hukuk meselelere seretmek we hukuklary goramak boýunça degerli hukuklar we ygtyýarlyklar bilen üpjün edilendir;

- Bu edaralar we guramalar, kanunylygy we hukuk tertibini dikeltmek we pugtalandyrmak maksady bilen seredilýän hukuk meseläniň häsiýetine baglylykda, tä jenaýat jezasyna (diňe kazyýetler tarapyndan ulanylýar) çenli ýaly, dürli döwlet we jemgyýetçilik täsir ediş çärelerini ulanmaklyga ygtyýarlandyrlandyrlar.

Şeýlelik bilen, hukuk goraýjy edaralar- bu kanunyň esasynda we demokratik ýörelgelerine eýermek bilen, kanunylygy we hukuk tertibini üpjün etmek, raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, döwletiň we jemgyýetiň bähbitlerini goramak, hukuk bozulmalaryň öňüni almak we olaryň soňuna çykmak, kanunylygy we hukuk tertibi bozujylar babatda döwlet we jemgyýetçilik mejbur ediş çärelerini ulanmak ýaly wezipeleri amala aşyrýan döwlet edaralary we jemgyýetçilik birleşikleridir.

## § 3. “Türkmenistanyň hukuk goraýjy edaralary” okuw dersiniň çeşmeleri.

Hukuk goraýjy edaralarynyň şeýle hem hukuk goraýjy wezipeleri ýerine ýetirýän, ýa-da şol wezipeleri amala aşyrmakda döwletiň hukuk goraýjy edaralaryna ýardam berýän guramalaryň işleriniň guralyşy, gurluşy, wezipeleri dürli derejelerdäki we hukuk güýji boýunça tapawutlanýan köpsanly kadalaşdyryjy namalar bilen düzgünleşdirilýär.

Bu kadalaşdyryjy hukuk namalaryň ulgamynyň başynda, naýbaşysy hökmünde, beýlekiler babatda ýokary

hukuk güýji bolan - Türkmenistanyň Konstitusiýasy durýar. Belläp geçişimiz ýaly 2008-nji ýylyň 26-njy sentýabrynda täze redaksiýasynda kabul edilen Konstitusiýamyzda kazyýet häkimiýetiň we prokuratura edaralaryň gurluşynyň we işlemeginiň binýatlaýyn hukuk esaslary, şeýle hem kanunylyk, aýanlyk, şahsy eldegimesizlik, kanunyň we kazyýetiň öňünde hemmleriň deňligi; adamy tussag etmekligiň diňe kazyýetiň karary ýa-da prokuroryň idin bermegi esasynda rugsat edilmegi; bigünälik prezumpsiýasy ýaly esasy demokratik ýörelgeleri berkidilen.

Kanunylygy we hukuk tertibi üpjün edýän hukuk goraýjy edaralaryň işi we guralyşy şeýle hem dürli kanunlar we kodeksler arkaly kadalaşdyrylýar. Bu ýerde Türkmenistanyň Jenaýat kodeksini, Raýat kodeksini Jenaýat we Raýat iş ýörediş kodekslerini belläp geçmeli. Şeýle-de 2001-nji ýylyň 7-nji iýulyndaky "Türkmenistanyň içeri işler edaralary hakynda"; 2001-nji ýylyň 7-nji iýulyndaky "Türkmenistanyň polisiýasy hakynda"; 2008-nji ýylyň 23-nji oktýabryndaky "Türkmenistanyň Neşelere garşy göreşmek baradaky döwlet gullugy hakynda"; 2009-njy ýylyň 15-nji awgystyndaky "Kazyýet hakynda"; 2010-njy ýylyň 1-nji ýanwarynda güýjüne giren "Türkmenistanyň prokuraturasy hakynda" we başga-da birentek Kanunlary bu hatara girizip bolar

Dersimiz çeşmesi hökmünde *Türkmenistanyň Prezidentiniň permanlaryny, kararlaryny hem getirip bolar*. Olaryň mysaly hökmünde Türkmenistanyň adalat edaralarynyň ulgamyny kämilleşdirmek hakynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyny getirip bolar. Soňky ýyllarda ýurdumyzyň Baştutany tarapyndan hukuk

goraýjy edaralarynyň işini we gurluşyny ynsanperwerleşdirmek we demokratiýalaşdyrmak boýunça uly işleri geçirilýär we şol ugurda köpsanly kadalaşdyryjy namalar kabul edilýär.

Şeýle hem hukuk goraýjy edaralaryň çäginde kabul edilip olaryň içki gurluşyny we işiniň guralyşyny kesgitleýän kadalaşdyryjy namalary bolan – düzgünnamalary, buýruklary, görkezmeleri dersimiziň çeşmelerine goşup bolar.

Konstitusiýamyzyň 6-njy maddasynda beýan edilşi ýaly, Türkmenistan dünýä bileleşiginiň doly hukukly subýekti bolup, daşary syýasatda hemişelik bitaraplyk, beýleki ýurtlaryň içerki işlerine gatyşmazlyk, güýç ulanmazlyk we harby bileleşiklere hem birleşmelere goşulmazlyk, sebitiň ýurtlary we dünýäniň ähli döwletleri bilen parahatçylykly, dostlukly we özara bähbitli gatnaşyklaryň ösmegine ýardam bermek ýörelgelerine eýerýär. Türkmenistan halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryny ileri tutýar. Eger-de Türkmenistanyň halkara şertnamasynda Türkmenistanyň kanunyndakydan başga kadalar bellenen bolsa, onda halkara şertnamasynyň kadalary ulanylýar. Şeýlelikde, halkara şertnamalary hukuk goraýjy edaralaryň işini we wezipelerini kesgitleýän kadalaryny hem öz içine alyp bilýär. Şolar ýaly şertnamalaryň arasynda 1993-nji ýylyň 22-nji ýanwarynda Minsk şäherinde Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň (GDA) agzalarynyň arasynda baglanyşylan “Raýat, maşgala we jenaýat işleri boýunça hukuk kömegi we hukuk gatnaşyklary hakynda” Konwensiýany; 1994-nji ýylyň 17-nji fewralynda GDA-nyň agzalarynyň Içeri işler ministrlikleriniň ýolbaşçylary tarapyndan baglanyşylan

“Tussag astyna alynan adamlary tabşyrmagyň we tranzit daşamagyň tertibi hakynda” Ylalaşygyny; 1996-njy ýylyň 27-nji noýabryndaky “Türkmenistan we Özbegistan respublikasynyň arasynda Raýat, maşgala we jenaýat işleri boýunça hukuk kömegi we hukuk gatnaşyklary hakynda” Şertnamasyny; 2007-nji ýylyň iýul aýynda Türkmenistan, Azerbeýjan, Gazagystan, Gyrgyzstan, Russiýa Federasiýasy, Täjigistan we Özbegistan döwletleriniň arasynda Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalarynyň we prekursorlaryň bikanun dolanyşygyna garşy göreşmek boýunça Merkezi aziýa sebit maglumat utgaşdyryş merkezini döretmeklik barasyndaky ylalaşygy we beýlekileri agzap geçip bolar.

“Türkmenistanyň hukuk goraýjy edaralary “ okuw dersiniň çeşmeleriniň ýene-de bir görnüşi bu- ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň alymlarynyň ylmy işleri, öňe süren taglymatlary. Hemme işleri muňa goşup bolmaýar, diňe ylymda ösüşine getirip biljek, içinde hukuk goraýjy edaralaryň gurluşy, işiniň guralyşy barada öňdebaryjy taglymatlary pikirleri saklaýan işlerdir.

Beýan edilenler esasynda aşakdaky kesgitleme gelip çykjýar:

Hukuk goraýjy edaralarynyň şeýle hem hukuk goraýjy wezipeleri ýerine ýetirýän, ýa-da şol wezipeleri amala aşyrmakda döwletiň hukuk goraýjy edaralaryna ýardam berýän jemgyýetçilik guramalaryň wezipelerini, gurluşyny, işini kesgitleýän kadalary özünde jemleýän döwlet häkimiýet edaralaryň kabul eden kanunlary we beýleki kadalaşdyryjy namalary, şeýle hem ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň alymlarynyň ylmyň ösüşi gazanan ylmy işleri, öňe

süren taglymatlary - Türkmenistanyň hukuk goraýjy edaralary” okuw dersiniň çeşmeleri bolup durýar.

## 2-nji bap. Kazyýet häkimiýeti we ony amala aşyrýan edaralaryň ulgamy.

### §1. Adylkazyýetlik we onuň ýörelgeleri.

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda döwlet häkimiýeti häkimiýetleriň bölünişigi ýörelgesine esaslanyp kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji hem-de kazyýet häkimiýetlerine bölünýär we biri-biri bilen sabyr-takatly işläp, özbaşdak hereket edýärler. (Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 4-nji maddasy).

Kazyýet häkimiýeti – döwlet häkimiýetiniň bir görnüşi bolşy ýaly, kazyýet işi hem döwlet işiniň bir görnüşi bolup durýandyr, başgaça bu işe adyl kazyýetlik hem diýilýär. Emma adyl kazyýetlik, kanunçykaryjylyk, ýerine ýetirijilik we prokurur gözegçiligi ýaly döwlet işiniň beýleki görnüşlerinden düýpli tapawutlanýandyr. Kazyýet kanunylygy diňe özüne mahsus bolan aýratyn usullarda we tertipde amala aşyrýar.

Bilşimiz ýaly, jemgyýetde kanunyň kadalary jemgyýet agzalary tarapyndan meýletin, olaryň ýokary derejeli hukuk aňyýeti we medeniýeti şeýle hem hukugyň aýratyn möhümligine düşünmekleri zerarly berjaý edilýär. Emma hukugyň kadalary bozulan ýagdaýynda, döwlet hukuk bozujylar babatda mejbur ediş çärelerini ulanýar. Hukuk bozulmalar bilen baglanyşykly dürli ýagdaýlary dürli döwlet edaralary seredýär, olaryň içinde aýratyn ähmiýetli

orun kazyýetlere degişlidir. Hukuk bozulmalar özleriniň häsiýetine we jemgyýetçilik howpuna baglylykda-dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalaryna, jenaýatlara we raýat hukuk bozulmalaryna bölünýärler.

Dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmagy -bu döwlet ýa-da jemgyýetçilik tertibine, eýeçilige, raýatlaryň hukuklaryna we azatlyklaryna, bellenilen dolandyryş tertibine hukuk taýdan ters gelýän we edilendigi üçin kanun arkaly dolandyryş jogapkärçilik göz öňünde tutulan hyýanatly, ýazykly (bilkastlaýyn ýa-da seresapsyzlyk bilen edilen) hereket ýa-da hereketsizlikdir.[1]

Dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalaryna dürli döwlet edaralary seredýärler. Kanunda göni kesgitlenen halatlarda kazyýetler hem dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary bilen baglanyşykly işlere seredýärler. Bu kanun bozulmalar üçin jerime salmak, düzediş işleri ýaly temmi çäreleri ulanylýar.

Dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalagyndan tapawutlylykda jenaýatlar- bu jenaýat kanuny tarapyndan goralýan obýektlere, ýagny raýatlaryň hukuklaryna we azatlyklaryna, jemgyýetiň we döwletiň bähbitlerine, eýeçilige, jemgyýetçilik tertibine, Türkmenistanyň garaşsyzlygyna, konstitusion gurluşyna we bitaraplyk statusyna, parahatçylyga we adamzadyň howpsuzlygyna zyýan ýetirýän ýa-da zyýan ýetirmäge howp döredýän, edilen jemgyýetçilik howply hereket ýa-da hereketsizlikdir.[2]

---

[1] Türkmenistanyň Dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky kodeksiniň 9-njy maddasy.

[2] Türkmenistanyň JK-niň 10-njy maddasy.

Jenaýatlar baradaky işler diňe kazyýetler tarapyndan seredilýär we diňe kazyýet adamy jenaýat etmekde günäli bilip iş kesip bilýär. Jenaýaty amala aşyran adamlar babatda döwlet jenaýat jezalary görnüşindäki döwlet mejbur ediş çärelerini ulanýar.

Raýat hukuk bozulmalar- bu raýatlaryň, kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak bilen baglanyşykly raýat işlerdir. Raýat işlere hem kazyýetler seredýärler

Beýan edilenleriň esasynda aşakdaky kesgitleme gelip çykýar:

Adyl kazyýetlik-bu kanunyň ähli talaplaryny doly we gyşarnyksyz berjaý etmek bilen, jemgyýetçilik gatnaşyklarynda ýüze çykan dürli hukuk bozulmalaryny (jenaýat, raýat, dolandyryş we beýlekiler) kanunlarda bellenilen kadalary we iş ýörediş tertibini berjaý etmek bilen seljermek, olar boýunca adalatly we esaslandyrylan çözgütleri kabul etmek boýunça kazyýet edaralarynyň amala aşyryýan işidir.

Adyl kazyýetlik döwlet işiniň beýleki görnüşlerinden aşakdaky aýratyn häsiýetleri bilen tapawutlanýandyr:

- Türkmenistanyň Konstitusiýasynda kesgitlenilişi ýaly Türkmenistanda kazyýet häkimiýeti diňe kazyýetlere degişlidir. Kazyýet häkimiýeti Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti we kanunda göz öňünde tutulan beýleki kazyýetler tarapyndan amala aşyrylýar. Adatdan daşary kazyýetleriň we kazyýetiň ygtyýarlyklary berlen gaýry

düzümleriň döredilmegine ýol berilmeýär. Bu kada şeýle hem ýurdumyzda kazyýet işiniň binýatlaýyn ýörelgeleriniň biri bolup durýandyr we Türkmenistanyň Konstitisiýasynda berkidilendir[3].

- Adylkazyýetlik kanunda kesgitlenen usullar bilen amala aşyrylýar. Kazyýet hakynda Türkmenistanyň kanunynyň 1-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanda kazyýet häkimiýeti raýat, arbitraž, dolandyryş we jenaýat kazyýet önümçiligi arkaly amala aşyrylýar.

- Adyl kazyýetligiň kanunda kesgitlenen iş ýörediş görnüşinde (tertibinde) amala aşyrylýar. Kazyýet iş boýunça hakykaty ýüze çykaryp, kanuny we esaslandyrlan çözgüdi kabul etmek üçin subutnamalara baha bermek, dürli maglumatlary barlamak, adamlary sorag etmek ýaly ençeme iş ýörediş hereketleri amala aşyrýar. Şonuň üçin hem dürli işleri (raýat, jenaýat, dolandyryş) seljermek boýunça kazyýetiň hereketleri iş ýörediş kanunçylygyň[4] kadalary bilen düýpli kadalaşdyrylýar. Iş ýörediş kanunçylygynda kazyýetiň we iş ýöredişiň ähli gatnaşyjylarynyň hereketleri

---

[3] Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 99-100 maddalary.

[4] Jenaýat işlerine seredilende kazyýet Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksine gollanýar, raýat işleriniň seljerilişi bolsa Raýat iş ýörediş kodeksi bilen kadalaşdyrylýar.

jikme-jik kadalaşdyrylýar.

- Kazyýet adyl kazyýetligi amala aşyryp döwlet mejbur ediş çärelerini ulanýar. Şeýle hukuk diňe kazyýetlere berlendir. Jenaýatkäre iş kesip kazyýet ol babatda jenaýat kanun tarapyndan bellenen çäklerde jeza çäresini kesgitleýär. Kazyýetiň mejbur ediş häsiýeti raýat kazyýet önümçiliginde hem ýüze çykýar, ýagny kazyýet hak isleýiş arzasyny kanagatlandyryp, ýa-da kanagatlandyrman jogap berijini ýa-da hak isleýjini öz borçlaryny degerli derejede ýerine ýetirmäge mejbur edýär.

Beýan edilen häsiýetleri, adylkazyýetligiň döwletiň hukuk goraýjylyk işiniň düýp özeni bolup, hukuk goraýjy edaralaryň ulgamynda kazyýetiň aýratyn, özboluşly we wajyp orny eýeleýändigini görkezýär. Kazyýetiň ähli işi kanunylygy we hukuk tertibini üpjün etmäge, sosial adalatyň berkararlygyna, raýatlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň, namysynyň we mertebesiniň goralmagyna, hukuk düzgüniniň bozulmalaryna eltýän sebäpleriň we şertleriň ýok edilmegine gönükdirilendir[5].

Ondan başga-da Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň IV bölüminde adyl kazyýetligiň ýörelgeleri bolup durýan wajyp kadalar kesgitlenendir. Bu kadalar Konstitusiýada beýan edilip berkidilendigi sebäpli olara adyl kazyýetligiň konstitusion, binýatlaýyn ýörelgeleri diýilýär. Bu

[5] Kazyýet hakynda Türkmenistanyň kanuny, 3-nji madda.

ýörelgeler öz-özleri emele gelenokda, olar döwletimiziň alyp barýan syýasatyndan, türkmen halkyna mahsus bolan ýokary ahlaklygyndan, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryndan gelip çykýar we olaryň dowamy bolup durýar.

Ýörelgeler esasy goýujy başlangyçlar bolup, biri-biri bilen baglanyşykda durýarlar hem-de uly ähmiýet berýärler. Olar bir bitewi ulgamyň bölekleri bolup, her biri adyl kazyýetligiň dürli taraplaryny häsiýetlendirýärler. Adyl kazyýetligiň ýörelgelerinde onuň esasy alamatlary bolan demokratiýalylygy we ynsanperwerligi öz beýanyny tapýar.

**Şeýlelikde, Adyl kazyýetligiň ýörelgeleri – bu Türkmenistanyň Konstitusiýasynda we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda berkidilen, kazyýetiň we adyl kazyýetligiň düýp esasyny we demokratiýalylygyny kesgitleýän, öňünde duran meseleleriň amala aşyrmagyny üpjün edýän esasgoýujy başlangyçlardyr.**

Ondan başga-da adyl kazyýetlige mahsus bolan ýörelgeler bardyr, adyl kazyýetligiň ýörelgeleri şulardan ybaratdyr:

1. KANUNYLYK

Kanunylyk ýörelgesiniň esaslary Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 3-nji we 5-nji maddalarynda berkidilen. Umuman kanunylyk – bu Türkmenistanyň bütin çäginde Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň, kanunlarynyň we şolara laýyklykda kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk

namalaryň ähli edaralar, guramalar, kärhanalar, wezipeli şahslar we fiziki şahslar tarapyndan takyk hem birmeňzeş berjaý edilmegini göz öňünde tutýan uniwersal[6] häsiýetdäki umumy hukuk düşünjesidir. Kanunylygyň esasy talaplary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

-Kanunlaryň beýleki kanunalaýyk kadalaşdyryjy hukuknamalar babatda ýokary ýuridik güýje eýe bolmagy;

-Kanunlaryň hereket edýän bütin çäginde olara ýeke-täk birmeňzeş manyda düşünilmegi we olaryň takyk hem birmeňzeş berjaý edilmegi;

-Ähli raýatlaryň kanunyň goragyndan deň derejede peýdalanmaga hukugynyň we onuň kadalaryny hemmeleriň hökmany ýagdaýda deň berjaý etmegä borjunyň bolmagy (Hemmeleriň kanunyň we kazyýetiň öňünde deňligi ýörelgesi);

-Raýatlaryň kanunyň we kazyýetiň öňünde hukuklaryny goramaga mümkinçilikleriniň bolmagy;

-Bir adamyň öz hukuklaryny we azatlyklaryny amala aşyrmagynyň beýleki adamlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny amala aşyrmaklaryna päsgel bermezliginiň üpjün edilmegi;

-Adamlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny biri-birine garşy goýmazlyk, ýagny adamyň bir hukugynyň durmuşa geçirilmegi üçin onuň başga hukuklaryny pida bermezlik ýörelgesiniň durmuşa geçirilmegi;

-Hukuk bozulmalaryň öňüniň alynmagy we olara garşy netijeli göreş alnyp barylmagy;

Kanunylyk ýörelgesi adyl kazyýetligi amala aşyranlarynda

---

[6] Uniwersal-«universalis-umumy, ählumumy” diỳen latyn sözünden gelip çykyp, nämedir bir zadyň hemmetaraplaỳyn bolmagyny aňladỳar;

kazy we kazyýet tarapyndan kanunlaryň (maddy we iş ýörediş) talaplaryny gyşarnyksyz berjaý etmeklerinde ýüze çykýandyr. Kazyýet tarapyndan raýat, jenaýat, arbitra ž we dolandyryş işleri boýunça önümçilik ýöredilende kanunyň bozulmagy ýolberilmesizdir we ol kanunda bellenen tertipde jogapkärçilige, bikanun namalaryň hakyky däl diýlip ykrar edilmegine we olaryň sökülmegine getirýär.

## 2. ADYL KAZYÝETLIGIŇ DIŇE KAZYÝET TARAPYNDAN AMALA AŞYRYLMAGY

Bu ýörelge Konstitusiýanyň 99, 100-nji maddalarynda berkidilendir: “Türkmenistanda kazyýet häkimiýeti diňe kazyýetlere degişlidir. Kazyýet häkimiýeti raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, kanun arkaly goralýan döwlet hem jemgyýetçilik bähbitlerini goramaga niýetlenendir. Kazyýet häkimiýeti Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti we kanunda göz öňünde tutulan beýleki kazyýetler tarapyndan amala aşyrylýar. Adatdan daşary kazyýetleriň we kazyýetiň ygtyýarlyklary berlen gaýry düzümleriň döredilmegine ýol berilmeýär.”

JIÝK-niň 10-njy mad. bolsa bu ýörelgäni şeýle kesgitleýär: “Türkmenistanda jenaýat işleri boýunça adyl kazyýetlik diňe kazyýet tarapyndan amala aşyrylýar. Kazyýetiň hökümi bolmasa we kanuna takyk laýyk bolmasa, hiç kim jenaýat etmekde günäkär hasap edilip, şeýle hem jenaýat jezasyna sezewar edilip bilinmez.”

Türkmenistanda kazyýet häkimiýeti şu aşakdaky *kazyýetler* tarapyndan amala aşyrylýar[7]:

- Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti we Türkmenistanyň Arbitraž kazyýeti;
- welaýat we welaýat hukukly şäher kazyýetleri;
- etrap we etrap hukukly şäher kazyýetleri.

Belli bir adamy jenaýat etmekde günäli diýip ykrar etmek hem-de oňa jenaýat jezasyny bellemek baradaky meseleleri çözmek diňe kazyýete berlen ygtyýarlykdyr. Bu möhüm meseleler kazyýet tarapyndan Türkmenistanyň adyndan çykarylýan hökümde çözülýär.

## 3. ADYL KAZYÝETLIK AMALA AŞYRYLANDA IŞLERINIŇ KOLLEGIAL SEREDILMEGI HEM-DE KAZYLARYŇ WE KAZYÝET OTURDAŞLARYNYŇ DEŇ HUKUKLYLYGY

Kazyýetlerde işlerine kollegial (bileleşip) seredilmegi baradaky ýörelgesi Konstitusiýanyň 104-nji mad. göz öňünde tutulan.

“Kazyýet hakyndaky” Kanunyň 8-nji mad. görkezilşi ýaly, kazynyň ýekelikde seretmegine rugsat berilýän mahalyndan başga halatlarda, raýat we jenaýat işlerine ähli kazyýetler tarapyndan we ähli basgançakdaky kazyýetlerde kollegial seredilýär. Birinji basgançakly kazyýetlerde arbitraž işlerine, düzgün boýunça, kazynyň bir özi tarapyndan, kanunda bellenen halatlarda bolsa, kollegial

[7] **Kazyýet hakyndaky Kanunyň 14-nji maddasy.**

seredilýär. Ýokarky kazyýet basgançaklarynda bu işlere kollegial seredilýär.

Türkmenistanyň JIÝK-niň 53-nji maddasynda görkezilşi ýaly, jenaýat işleri kollegial tertipde şu aşakdaky kazyýetiň düzüminde seredilýär:

- birinji instansiýaly kazyýetde *kazydan* we *iki sany kazyýet oturdaşyndan* ybarat bolan düzümde;
- kassasion, gözegçilik we täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça işlere täzeden seretmek tertibinde *üç kazydan az bolmadyk* düzümde;
- Ýokary kazyýetiň Plenumynda onuň *düzüminiň azyndan 2/3 böleginiň* gatnaşmagynda.

Şu umumy düzgüniň ýeke bir aýratyn ýagdaýy bar. Ýagny, birinji instansiýaly etrap we etrap hukukly şäher kazyýetlerinde uly bolmadyk agyrlykdaky we orta agyrlykdaky jenaýatlar hakyndaky işler (kämillik ýaşyna etmedikleriň eden jenaýatlaryndan başgasy) kazynyň ýekeliginde seredilýär (JIÝK-niň 53-nji mad. 2-nji böl.).

Adyl kazyýetlik amala aşyrylanda halk oturdaşlary kazynyň ähli hukuklaryndan peýdalanýarlar. Aýratyn-da, kazyýet mejlisinde işler seredilende we hökümler çykarylanda ýüze çykýan ähli soraglary çözmekde kazyýet oturdaşlarynyň başlyklyk ediji bilen hukuklary deňdir.

Kazyýetiň maslahat etmegi onuň düzümine girýän agzalaryň ses bermegi bilen amala aşyrylýar. Belli bir çözgüt kazylaryň sesleriniň köplügi esasynda kabul edilýär.

## 4. KAZYLARYŇ WE KAZYÝET OTURDAŞLARYNYŇ GARAŞSYZLYGY HEM-DE OLARYŇ KANUNA TABYNLYGY

Konstitusiýanyň 101-nji, 102-nji maddalaryna laýyklykda kazylar garaşsyzdyr we olar diňe kanuna hem-de özleriniň içki ynam-ygtykadyna tabyndyr.

Şu ýörelgäniň düýp esasy adyl kazyýetlik amala aşyrylanda kazylaryň we kazyýet oturdaşlarynyň hakyky garaşsyzlygynyň üpjün edilmeginden, olaryň jenaýat işlerini diňe kanun esasynda we özleriniň hukuk düşünjeliligine laýyklykda çözmek mümkinçiliginiň döredilmeginden ybaratdyr.

"Kazyýet hakyndaky" Kanunyň 4, 51-nji maddalarynda kazylaryň we kazyýet oturdaşlarynyň garaşsyzlygyny üpjün etmegiň esasy *kepillendirmeleri* görkezilen. Olaryň garaşsyzlygy şu aşakdakylar bilen üpjün edilýär:

1) kazylary bellemegiň, kazyýet oturdaşlaryny saýlamagyň we bellemegiň, olary boşatmagyň kanunda bellenen tertibi bilen;
2) kazylaryň we kazyýet oturdaşlarynyň eldegrilmesizligi bilen;
3) adyl kazyýetligi amala aşyrmagyň berk ýuridiki tertibi bilen;
4) kazyýet çözgütleri çykarylanda kazylaryň maslahatynyň gizlinligi hem-de ony jar etmegiň gadaganlygy bilen;
5) kazyýete hormat goýmazlyk ýa-da anyk işleriň çözülmegine gatyşylmagy üçin jogapkärçilik bilen;
6) kazyýetleriň işlemegi üçin zerur bolan guramaçylyk-tehniki şertleriň döredilmegi bilen;

7) kazylaryň maddy we durmuş taýdan üpjün edilmegi bilen.

*Kazylary bellemegiň, kazyýet oturdaşlaryny saýlamagyň we bellemegiň, olary boşatmagyň kanunda bellenen tertibi.* “Kazyýet hakyndaky” Kanunyň 59-njy mad. laýyklykda kazylyga we kazyýet oturdaşlygyna teklip edilýän dalaşgärlere birnäçe talaplar bildirilýär (mysal üçin, Türkmenistanyň raýaty, 25 ýaşy dolan we ş.m.)

Kazylar 5 ýyl möhlet bilen Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan bellenilýär. Eger kazynyň ygtyýarlyk möhleti onuň işe seredýän döwründe gutarýan bolsa, onda onuň ygtyýarlygy şol işe seredilip gutarylýança saklanýar (şol kanunyň 54-nji maddasy.).

Etrap we etrap hukukly şäher kazyýetleriň oturdaşlary işleýän ýa-da ýaşaýan ýeriniň jemgyýetçiligi tarapyndan saýlanýar, welaýat we welaýat hukukly şäher kazyýetleriň oturdaşlary degişli häkimler tarapyndan, Ýokary kazyýetiň oturdaşlary bolsa Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan 5 ýyl möhlet bilen bellenilýär (şol kanunyň 62-nji maddasy.).

“Kazyýet hakyndaky” Kanunyň 73-nji mad. bellenilşi ýaly, kazylary we kazyýet oturdaşlaryny ygtyýarlyklaryndan mahrum etmek hem-de möhletinden öň boşatmak diňe kanunda görkezilen esaslarda mümkin bolýar (mysal üçin, kanunylygy bozanlygy, öz belent ady bilen bir ýere sygyşmaýan biabraýçylykly etmişi edenligi üçin we ş.m.).

Kazylar diňe Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan ygtyýarlyklaryndan mahrum edilip ýa-da möhletinden öň boşadylyp bilner.

Etrap we etrap hukukly şäher kazyýetleriň oturdaşlary olaryň saýlanan ýerindäki raýatlaryň ýygnaklary tarapyndan, welaýat we welaýat hukukly şäher kazyýetleriň oturdaşlary olary bellän häkimler tarapyndan, Ýokary kazyýetiň oturdaşlary bolsa Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan ygtyýarlyklaryndan mahrum edilip ýa-da möhletinden öň boşadylyp bilner.

*Kazylaryň we kazyýet oturdaşlarynyň eldegrilmesizligi.* "Kazyýet hakyndaky" Kanunyň 57, 58, 74-nji mad. kazylaryň we kazyýet oturdaşlarynyň eldegrilmesizliginiň şu aşakdaky kepillendirmeleri kesgitlenen:

- Türkmenistanyň Prezidentiniň razylygy bolmasa, kazynyň garşysyna hem-de kazyýetde özüniň oturdaşlyk borçlaryny ýerine ýetirýän mahalynda kazyýet oturdaşynyň garşysyna jenaýat işi gozgalyp bilinmez hem-de ol tussag edilip bilinmez;
- kazynyň ýa-da kazyýet oturdaşynyň garşysyna jenaýat işi diňe Baş prokuror tarapyndan gozgalyp bilner. Şonuň bilen bir wagtda kazynyň ygtyýarlyklaryny togtatmak meselesi çözülýär;
- kazylar we kazyýet oturdaşlary barasyndaky jenaýat işi Ýokary kazyýetiň seljermegine degişlidir;
- kazynyň hem-de kazyýetde özüniň oturdaşlyk borçlaryny ýerine ýetirýän mahalynda kazyýet oturdaşynyň tutulyp saklanylmagyna, mejbury getirilmegine ýa-da olar barada administratiw temmi çäreleriniň ulanylmagyna ýol berilmeýär;
- kazylary düzgün-nyzam jogapkärçiligine çekmek diňe kanunda görkezilen esaslarda (mysal üçin, işlere seredende kanunylygy bozandygy, beýleki gulluk

etmişini edendigi üçin we ş.m.) we tertipde (mysal üçin, kazy babatda barlagyň geçirilmegi, temmi çäresiniň kwalifikasion kollegiýasy tarapyndan berilmegi we ş.m.) mümkin bolýar;

- kazyýet oturdaşlarynyň ygtyýarlylyk döwründe olaryň iş ýeriniň ýolbaşçylary tarapyndan işden çykarylmagyna ýa-da düzgün-nyzam temmisi tertibinde pes hak tölenýän işe geçirilmegine, umumy tertibiniň berjaý edilmeginden başga-da, diňe kazyýet oturdaşyny saýlan degişli zähmetkeşler kollektiwiniň ýa-da kazyýet oturdaşyny bellän edaranyň razylygy bilen ýol berilýär.

*Adyl kazyýetligi amala aşyrmagyň berk ýuridiki tertibi.* Kazyýetler jenaýat işlerine seredenlerinde doly ygtyýarly we özbaşdak bolsalar-da, olar ähli edýän işlerini jenaýat iş ýörediş we raýat iş ýörediş we beýleki kanunlaryň talaplaryny berk berjaý etmek bilen ýerine ýetirýärler.

Şu ýerde ýokardaky duran kazyýetler aşakdaky duran kazyýetleriň çykaran hökümlerini, kesgitnamalaryny we kararlaryny kanunda kesgitlenen tertipde barlap, bikanun ýa-da esaslandyrylmadyk bolan halatlarda, olary söküp bilýändiklerini belläp geçmelidiris. Emma olaryň aşakdaky duran kazyýetlere işe täzeden seredenlerinde ony nädip çözmelidigi hakynda görkezme bermäge haky ýokdur.

*Kazyýet çözgütleri çykarylanda kazylaryň maslahatynyň gizlinligi hem-de ony jar etmegiň gadaganlygy.* Kazyýet seljerişinde çözülýän ähli meseleler boýunça kazyýetiň düzümine girýän agzalary özara maslahatlaşyp, delillendirilen kesgitnama çykarýarlar. Şeýle kesgitnamalar kazyýet mejlisiniň zalynda ýa-da

maslahat otagynda çykarylýar. Birinji ýagdaýda kabul edilýän kesgitnamalar kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda beýan edilýär, ikinji ýagdaýda çykarylýan kesgitnamalar aýratyn resminama hökmünde kabul edilýär.

Höküm diňe maslahat otagynda çykarylýar. Maslahat edilýän wagtynda şol otagda diňe kazyýetiň düzümine girýän kazylaryň bolmagyna rugsat berilýär, başga adamlaryň gatnaşmagyna ýol berilmeýär. Höküm çykarylan wagtynda aýdylan pikirleri aýan etmäge kazylaryň haky ýokdur (JIÝK-niň 413-nji mad.).

*Kazyýete hormat goýmazlyk ýa-da anyk işleriň çözülmegine gatyşylmagy üçin jogapkärçilik.* Konstitusiýanyň 101-nji maddasynda hem-de JIÝK-niň 21-nji maddasynda göz öňünde tutulan kepillendirmeler kazylaryň we halk oturdaşlarynyň öz hukuklaryny we borçlaryny päsgelçiliksiz, netijeli amala aşyrmaklygyny üpjün edýär. Olaryň işlerine kimdir biri tarapyndan gatyşylmagy ýa-da olara hormat goýmazlyk gadagandyr. Bu düzgüniň bozulmagy kanun boýunça jogapkärçilige eltýär.

*Kazyýetleriň işlemegi üçin zerur guramaçylyk-tehniki şertleriň döredilmegi.* Türkmenistanyň ähli kazyýetleriniň işini guramaçylyk taýdan üpjün edilmegi Ýokary kazyýet tarapyndan amala aşyrylýar, ýagny kazylyga teklip edilýän dalaşgärleri seçip almak we taýýarlamak, kazyýet işgärleriniň hünär derejelerini ýokarlandyrmak, kazyýetleri maddy-tehniki taýdan üpjün etmek we olaryň işi üçin zerur bolan şertleri döretmek boýunça çäreleri geçirýär.

*Kazylaryň maddy we durmuş taýdan üpjün edilmegi.* Kazylaryň maddy taýdan garaşsyz bolmaklary olaryň öz

borçlaryny üstünlikli ýerine ýetirmeginiň zerur şertleriniň biri bolup durýar. Ýagny, kazylara iş haky bellenilýär, hünär derejeleri berilýär, olar ýaşaýyş jaýy bilen üpjün edilýär, kazyýet oturdaşlarynyň kazyýetde öz borçlaryny ýerine ýetirýän döwründe iş ýeriniň ortaça iş haky ýöredilýär we ş.m.

Adyl kazyýetlik amala aşyrylanda *kazylaryň işine hiç kimiň gatyşmazlygy* diýlende, döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň, syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik guramalaryň, wezipeli adamlaryň we raýatlaryň kazylaryň hem-de halk oturdaşlarynyň işine gatyşylmagynyň gadagan edilmegine düşünilýär. Anyk bir işiň hemme taraplaýyn, doly we obýektiw garalmagyna päsgel bermek ýa-da bikanun kazyýet çözgüdiniň çykarylmagyny gazanmak maksady bilen haýsydyr bir görnüşde kazylara ýa-da halk oturdaşlaryna täsir edilmegi Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilige getirýär (Mysal üçin, Türkmenistanyň Jenaýat kanunynyň 189-njy maddasy “Adyl kazyýetligiň amala aşyrylmagyna we deslapky derňewiň önümçiligine päsgel bermek” ýa-da 190-njy maddasy “Adyl kazyýetligi ýa-da deslapky derňewi amala aşyrýan adam babatynda haýbat atmak ýa-da zorlukly hereketler” we ş.m.).

## 5. HEMMELERIŇ KANUNYŇ WE KAZYÝETIŇ ÖŇÜNDE DEŇLIGI

Konstitusiýanyň 19-njy mad. hem-de “Kazyýet hakyndaky” Kanunyň 5-nji mad. bellenilşi ýaly, raýatlaryň gelip çykyşyna, jemgyýetçilik, wezipe we emläk ýagdaýyna, reňkine we milletine, jynsyna, bilimine, diline, dine garaýşyna, syýasy ygtykadyna, haýsy partiýa degişlidigine, käriniň görnüşine we häsiýetine, ýaşaýan ýerine hem-de beýleki ýagdaýlara garamazdan, adyl kazyýetlik olaryň kanunyň we kazyýetiň öňünde *deňligi* esasynda amala aşyrylýar.

Hemme raýatlar eden jenaýatlary üçin hereket edýän şol bir jenaýat kanuny boýunça jogapkärçilige çekilýärler, jenaýat işleriniň gozgalmagy, olaryň derňelmegi, seredilmegi we çözülmegi jenaýat-prosessual kanuny tarapyndan bellenilen ýeke-täk we hemmeler üçin hökmany bolan tertipde hem-de şol bir kazyýet ulgamy tarapyndan amala aşyrylýar.

Raýatlaryň kanunyň we kazyýetiň öňünde deň bolmagy bilen birlikde, olar hem öz gezeginde, Türkmenistanyň Konstitusiýasyny, kanunlaryny berjaý etmäge we milli däp-dessurlaryny hormatlamaga borçludyr. Raýatlara berlen deň hukuklylygy hiç kim bozup ýa-da çäklendirip bilmez.

Şu ýörelgäniň bozulandygy üçin JK-niň 145-nji mad. (“Raýatlaryň deň hukuklylygynyň bozulmagy”) jenaýat jogapkärçiligi bellenilen.

# 6. KAZYÝET SELJERIŞININ AÇYKLYGY

Bu ýörelge Konstitusiýanyň 105-nji maddasyndan we “Kazyýet hakyndaky” Kanunyň 10-njy maddasyndan gelip çykýar. Şoňa laýyklykda ähli kazyýetlerde işler açyk seljerilýär. Işleriň kazyýetiň ýapyk mejlisinde seljerilmegine diňe kanunda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda kazyýet önümçiliginiň ähli düzgünlerini berjaý etmek bilen ýol berilýär.

Kazyýet seljerişiniň *açyklygy* – bu işleriň seredilýän kazyýet zalyna 16 ýaşa ýeten islendik raýatlaryň, şol sanda köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleriniň, erkin girip gatnaşmaklaryny aňladýar. Eger belli bir adam iş boýunça aýyplanýan, jebir çeken ýa-da şaýat bolup durýan bolsa, onda ol 16 ýaşa ýetmedik bolsa-da, kazyýet mejlisiniň jaýyna goýberilmäge degişlidir (JIÝK-niň 369-njy mad.).

Belleýşimiz ýaly, şu umumy ýagdaýyň aýratyn halatlary hem bar. Ýagny, mysal üçin JIÝK-niň 27-nji mad. sanalyp geçilen halatlarda iş *ýapyk kazyýet mejlisinde* seljerilýär:

1) döwletiň syryny goramak bähbitlerine ters gelýän işler boýunça;
2) kämillik ýaşyna ýetmedik adamlaryň jenaýatlary hakyndaky işler boýunça;
3) jyns bilen baglanşykly jenaýatlar hakyndaky işler boýunça;
4) işe gatnaşýan adamlaryň durmuşynyň pynhan taraplary hakyndaky maglumatlaryň aýan bolmagynyň öňüni almak maksady bilen beýleki işler boýunça.

Ýokardaky görkezilen 1-nji halatda iş *hökmany ýagdaýda* ýapyk kazyýet mejlisinde seredilýär, 2, 3, 4-nji halatlarda bolsa iş kazyýetiň delillendirilen *kesgitnamasy* boýunça ýapyk ýagdaýda seredilip bilner.

Ýapyk kazyýet mejlisi kazyýet önümçiliginiň ähli kadalaryny berjaý etmek bilen geçirilýär.

Kazyýet mejlisiniň açyk ýa-da ýapyk geçirilendigine garamazdan, Kazyýetiň kabul eden karary ähli ýagdaýlarda aç-açanlykda yglan edilýär.

## 7. KAZYÝET ÖNÜMÇILIGINIŇ ALNYP BARYLÝAN DILI

Konstitusiýanyň 106-njy maddasynda, hem-de Kazyýet hakyndaky kanunyň 9-njy madasynda kazyýet önümçiligi we iş dolandyryşy Türkmenistanyň ähli kazyýetlerinde döwlet dilinde alnyp barylýar, kazyýet önümçiliginiň dilini bilmeýän işe gatnaşýan adamlara öz ene dilinde ýa-da islendik erkin saýlan gepleşik dilinde kazyýetiň mejlislerinde çykyş etmäge, düşündiriş bermäge we kazyýet resminamalaryny almaga, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde terjimeçiniň hyzmatyndan peýdalanmaga bolan hukugy üpjün edilýär diýip görkezilen.

Bu ýörelge ähli kazyýet hereketleriniň, iş ýörediş resminamalaryň Türkmenistanyň *döwlet dilinde* alnyp barylýandygyny aňladýar. Eger-de işe gatnaşýan adamlar kazyýet işiniň alnyp barylýan dilini bilmeýän bolsalar, onda olar terjimeçiniň kömeginden peýdalanmaga hem-de öz ene dilinde (ýa-da başga bilýän dilinde) görkezme we düşündiriş bermäge, arzalary we haýyşnamalary aýtmaga,

kazyýet edaralarynyň hereketlerini şikaýat etmäge, işiň ähli materiallary bilen tanyşmaga, kazyýetde çykyş etmäge haklydyr.

Kazyýet resminamalary aýyplanýana onuň ene diline ýa-da bilýän başga diline terjime edilen görnüşinde gowşurylmalydyr.

## 8. KAZYÝETDE GORALMAGA WE ÝURIDIK KÖMEGIN ALMAGA BOLAN HUKUGYŇ ÜPJÜN EDILMEGI

Bu ýörelgäniň düýp mazmuny Konstitusiýanyň 43-45, 107, 108-nji maddalarynda berkidilendir, ýagny raýatlara adamyň we raýatyň at-abraýynyň hem mertebesiniň, Konstitusiýada hem-de kanunlarda göz öňünde tutulan şahsy we syýasy hukuklarynyň hem azatlyklarynyň kazyýet goragy kepillendirilýär. Döwlet edaralarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň we wezipeli adamlaryň çözgütleri we hereketleri barada raýatlaryň kazyýete şikaýat etmäge hukugy bardyr. Raýatlaryň döwlet edaralarynyň, gaýry guramalaryň, olaryň işgärleriniň, şeýle hem aýry-aýry adamlaryň bikanun hereketleri zerarly özlerine maddy ýa-da ahlak taýdan zyýan ýetirilen mahalynda, kazyýet tertibinde onuň öweziniň dolunmagyny talap etmäge hukugy bardyr.

Adyl kazyýetlik taraplaryň deňligi we bäsleşigi esasynda amala aşyrylýar, taraplaryň Türkmenistanyň kazyýetleriniň çykaran çözgütleri, hökümleri we beýleki kararlary barada şikaýat etmäge hukugy bardyr.

Professional ýuridik kömegi almak hukugy kazyýet önümçiliginiň islendik tapgyrynda ykrar edilýär.

Kazyýetler tarapyndan raýat, arbitraž işleri, dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky işler we jenaýat işleri seredilýän mahalynda raýatlara we guramalara ýuridik kömegi adwokatlar, şeýle hem raýatlara we guramalara ýuridik kömegini berýän beýleki adamlar we guramalar berýärler. Adwokatlar diýlip, maslahat bermek ýa-da kazyýetde fiziki ýa-da ýuridik şahslaryň kanuny bähbitlerini goramak bilen olara hukuk kömegini berýän adama-hukukça (ýuriste[8]) düşünilýär. Mysal üçin, kazyýet seljerişinde aýplanýanyň bähbitlerini goraýan hukukçy hünärmen. Adwokatlar diýlip, ýokary hukuk bilimi we hukuk kärinde ýeterlik iş tejribesi bolan hem-de Türkmenistanyň Adalat ministrliginde hünär synagyndan geçen ýa-da adwokatlar bileleşiginiň agzalygyna kabul edilen adamlar hasaplanýar. Adwokatlaryň wezipeleri, olaryň ygtyýarlyklary hem-de olary döretmegiň we işiniň tertibi 14.05.1981 ýylda kabul edilen "Türkmenistanyň Adwokaturasy hakynda" Düzgünnama bilen kesgitlenilýär. *Beýleki adamlar* we *guramalar* – 02.09.2003 ýyldaky Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen tassyklanylan "Hukuk kömegini bermek işine döwlet tarapyndan ygtyýarlandyrmak hakyndaky" Düzgünnama esasynda hukuk kömegini bermek işini amala aşyrýan ýuridik guramalar we aýry-aýry adamlar bolup durýar. Hukuk kömegini bermäge ygtyýarlygy bolan aýry-aýry adamlaryň we guramalaryň ygtyýarlyklary görkezilen Düzgünnamada we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda kesgitlenilýär.

[8]Ýurist – "jūs (jūris) – hukuk, kanun" diýen latyn sözlerinden gelip çykyp, hukuk bilimi bolan adam, hukukçy, hukuk öwreniji şeýle hem hukuk çygrynda işleýän tejribe işgäri;

# 9. BIGÜNÄLIK PREZUMPSIÝASY

Bu ýörelge öz gözbaşyny Konstitusiýanyň 18, 23-nji mad. alyp gaýdýar. Şol maddalarda aýdylşy ýaly, raýatyň hukuklaryny çäklendirmek, ony hukuklaryndan mahrum etmek, oňa iş kesmek ýa-da jeza bermek bolmaz, beýle ýagdaýlara diňe kanunda göz öňünde tutulan halatlarda ýol berilýär.

*"Prezumpsiýa"* diýen sözi latyn dilinden gelip çykyp, "çaklama" diýmekligi aňladýar.

*Bigünälikň prezumpsiýasynyň* düýp esasy raýatyň günäsi kanunda göz öňünde tutulan tertipde subut edilýänçä we kazyýetiň kanuny güýje giren hökümi bilen belli edilýänçä, ol günäsiz diýip hasap edilýändiginden ybaratdyr ( JIÝK-niň 18-nji mad., "Kazyýet hakyndaky" Kanunyň 11-nji mad.).

Aýyplanýan (güman edilýän, kazyýetde işi seredilýän) günäsiz diýlip jenaýat işini alyp barýan wezipeli adam tarapyndan däl-de, kanun tarapyndan hasap edilýändir.

Deslapky derňew işi we kazyýet seljerişi döwründe aýyplanýana günä bildirilse-de, ol entek doly günäli diýlip hasap edilmän, onuň hereketlerine diňe deslapdan baha berilýär. Aýyplanýan günäli diýlip diňe kazyýetiň hökümi kanuny güýje girenden soň hasap edilýändir.

# 10. KAZYÝET SELJERIŞINE GATNAŞÝANLARYŇ DEŇ HUKUKLYLYGY

Konstitusiýanyň 107-nji maddasynda adyl kazyýetlik taraplaryň deň hukuklylygy we bäsleşigi esasynda amala aşyrylýar diýip görkezilen. Kazyýet seljerişiniň gatnaşyjylary aýyplaýyş hem-de aklaýyş taraplara (toparlara) bölünýär (*jenaýat iş ýöredişinde, garalaýan hem-de aklaýan, raýat iş ýöredişinde talapçy hem jogapçy we ş.m.*). Şol sebäpli-de, kazyýet seljerişinde işleriň taraplaryň bäsleşigi esasynda alnyp barylmagy ýörelgesi berkidilýär. *Bäsleşik* – bu kazyýet önümçiliginiň konstitusion ýörelgesi bolup, ol kazyýet seljerişinde işlere seredilende seljerişiň taraplaryň çekeleşmekligi görnüşünde alnyp barylmagyny aňladýar. Şonuň üçin kazyýet önümçiliginde bu ýörelge ýaryşmak ýa-da jedelleşmek ýörelgesi diýlip atlandyrylman, kazyýet seljerişine gatnaşyjylarynyň iş ýörediş taýdan deň hukuklylygy diýilip atlandyrylýar. Çünki kazyýet önümçiliginde onuň gatnaşyjylary ýaryşmak diýen sözüň göni manysynda ýaryşmaýarlar-da, özleriniň kanuny bähbitleriniň goralmagyna gönükdirilen öz tassyklamalarynyň dogrulygyny kazyýetiň öňünde subut edýärler we esaslandyrýarlar.

Türkmenistanyň “Kazyýet hakyndaky” Kanunyň 5-nji maddasyna, Türkmenistanyň JIÝK-nyň 351-nji maddasyna, Türkmenistanyň RIÝK-nyň 5-nji maddasyna laýyklykda garalawjy, kazyýetde işi seljerilýän, aklawçy hem-de jebir çeken, raýat hak isleýjisi, raýat jogap berijisi we olaryň wekilleri kazyýet seljerişinde subutnamalary getirip görkezmek, subutnamalary barlamaga gatnaşmak we

haýyşnamalaryny aýtmak babatda deňhukuklydyrlar. Sanalyp geçilen iş ýörediş hukuklarynyň kazyýetiň ähli gatnaşyjylaryna berilmegi, başga bir gatnaşyjynyň tassyklamalary bilen olaryň kanuny bähbitlerini bozýan bolsa, şolara garşy çykmagynyň, tassyklamalarynyň dogrulygyny kazyýetiň öňünde subut edip hem-de gorap bilýändigini aňladýar. Şeýlelik bilen, *gatnaşyjylaryň deň hukuklylygy* ýörelgesiniň düýp manysy kazyýet prosesiniň gatnaşyjylarynyň her biri öz kanuny bähbitlerini gorap biler ýaly, olara deň iş ýörediş hukuklarynyň berilmegi hem-de şol hukuklar bilen üpjün edilmegi bolup durýar.

## §2. Türkmenistanyň kazyýet ulgamy.

Kazyýet ulgamy – bu Türkmenistanyň Konstitusiýasynda berkidilen demokratik ýörelgeleriň esdasynda we ýurdumyzyň dolandyryş-çäk gurluşyna laýyklykda guralyp Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň ýolbaşçylygynda hereket edýän özarabagly kazyýet edaralaryň toplumydyr.

Beýan edilen kesgitlemeden ugur alyp kazyýet ulgamynyň aýratyn häsiýetlerini belläp geçip bolýar.

Döwletimizde hereket edýän kazyýetler öz aralarynda guramaçylyk we wezipeleýin gatnaşyklar bilen özarabaglanyşyp – ýeketäk ulgamy emele getirýärler. Şunlukda kazyýetleriň guramaçylyk gatnaşyklary kazyýetleriň gurluşyny kesgitleýän Kazyýet hakynda kanun tarapyndan kadalaşdyrylýar, wezipeleýin gatnaşyklar bolsa, kazyýet önümçiligi hakyndaky kanunçylyk- ýagny Jenaýat we Raýat iş ýörediş Kodeksleriň kadalary bilen kadalaşdyrylýar.

Guramaçylyk nukdaýnazaryndan kazyýetler öz aralarynda kazyýet ulgamynyň aýry-aýry düzüm böleklerine degişli bolup durýarlar. Kazyýet ulgamynyň düzüm bölegi diýip, birmeňzeş derejeli dolandyryş çäginde döredilen, birmeňzeş ygtyýarlyklary bolan kazyýet edaralaryň jemine düşünmelidir. Mysal üçin, etrap we etrap hukukly şäher kazyýetleriň ählisi birmeňzeş derejeli dolandyryş çäginde döredilip, birmeňzeş ygtyýarlyklary amala aşyryp hereket edýändikleri sebäpli kazyýet ulgamynyň bir düzüm bölegine degişli bolup durýarlar, emma welaýat we welaýat hukukly şäher kazyýetleri olaryň düzüm hataryna girmän, özleriniň özbaşdak düzüm bölegini emele getirýärler. (Seret çyzgy № 1)

***Çyzgy № 1 Türkmenistanyň kazyýet ulgamy***



*Düzüm bölegi* - bu kazyýet gurluşyna degişli düşünje bolup, ol anyk kazyýetiň belli bir çäkde hereket etmegi bilen baglylykda kazyýet ulgamynda eýeleýän ornuny aňladýandyr.

*Basgançak (instansiýa)* bolsa kazyýet önümçilige degişli düşünje bolup, amala aşyrýan ygtyýarlyklaryna baglylykda, kazyýet wezipesiniň görnüşini aňladýandyr.

Hereket edýän iş ýörediş kanunçylyga laýyklykda kazyýetler adyl kazyýetligi amala aşyranda dört görtnüşdäki wezipäni amala aşyrýarlar:

1. Işleri düýp manysy boýunça seljerip çözýärler;

2. Kanuny güýje girmedik hökümleri we kesgitnamalary hem-de kazylaryň kararlary baradaky şikaýatnamalar we teklipnamalar boýunça işlere nägilelik tertibinde seredýärler;

3. Kanuny güýje giren hökümler, kesgitnamalar we kararlar barada getirilen teklipnamalar, netijenamalar, garşylyknamalar boýunça işlere gözegçilik tertibinde seredýärler;

4. Täze ýuze çykan ýagdaýlar boýunça işlere seredýärler;

Şu nukdaýnazardan Türkmenistanyň kazyýet ulgamy iki basgançakly häsiýete eýedir.

Birinji basgançakly kazyýetde adyl kazyýetligiň amala aşyrylmagy- bu jenaýat işleri boýunça- kazyýetde seredilýäniň günäkärligini anyklap iş kesip ony

jezalandyrmak ýa-da bigünäligini anyklap ony aklamak we raýat işler boýunça- talap arzany kanagatlandyrmak ýa-da kanagatlandyrmakdan ýüz döndermek maksady bilen işleri düýp manysy boýunça çözmekdir. Birinji basgançakdaky kazyýetler tarapyndan seredilmäge degişli jenaýat we raýat işleriň aglabasy etrap we etrap hukukly şäher kazyýetleri tarapyndan seredilýärler. Işiň seljerilmeginiň dowamynda subutnamalara baha berilýär, iş üçin ähmiýeti bolan ähli ýagdaýlar doly aýdyňlaşdyrylýar we netijesinde kazyýet jenaýat işi boýunça- höküm, raýat işi boýunça- çözgüt çykarýar. Ähli kazyýetler işlere birinji basgançakly kazyýet hökmünde seredip bilýändirler.

Çözgüdi ýa-da hökümi çykaran kazyýetiň özi, şol çözgüdi we hökümi ýatyrmaga ýa-da üýtgetmäge haky ýokdur. Iş ýörediş kanunçylyga laýyklykda kazyýetleriň çözgütleri we hökümleri kanunda kesgitlenen möhletiň[9] dowamynda kanuny güýjüne girmän, olar barada ýokarda durýan kazyýete, ýagny ikinji basgançakly kazyýete, işi kazyýetde seredilýän, hak isleýji, jogapçy, adwokat tarapyndan- şikaýat we prokuror tarapyndan bolsa - teklipnama berilip bilinýär. Şeýle şikaýatyň ýa-da teklipnamanyň gowşan ýagdaýynda iş ikinji basgançakly kazyýetde seredilip başlanýar. Kazyýetiň kanuny güýje girmedik çözgütleri we hökümleri barada şikaýat we teklipnama a)etrap, etrap hukukly şäher kazyýetleriniň çözgütleri hökümleri barada - welaýat we welaýat hukukly şäher kazyýetine; b) welaýat we welaýat hukukly şäher

[9] Türkmenistnanyň kazyýet iş ýörediş kanunçylygyna laýyklykda birinji basgançakly kazyýetiň çözgüdi ýa-da hökümi baradaky şikaýat we teklipnama hökümiň yglan edilen gününden başlap, on gije-gündiziň dowamynda berlip bilner. TRÝK-nyň 285-nji maddasy; TJIÝK-nyň 439-njy maddasy.

kazyýetleriniň çykaran çözgütlerine we hökümlerine - Türkmenistanyň Ýokary kazyýetine; c) Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň çykaran çözgütlerine we hökümlerine - Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumyna berilip bilner. Ikinji basgançakly kazyýet şeýle işlere seretmekligi diňe şikaýatyň ýa-da teklipnamanyň gowşan ýagdaýynda amala aşyrýar, onuň dowamynda ol birinji basgançakly kazyýetiň kanuna güjüne girmedik çözgütleriniň, hökümleriniň we kesgitnamalaryň[10] kanunylygyny we esaslylygyny barlaýar. Eger-de ikinji basgançakly kazyýet hökümi ýa-da çözgüdi kanunalaýyk we dogry hasap etse, hökümi ýa-da şikaýat edilýän beýleki kazyýet çözgüdini üýtgetmän galdyrýar, şikaýaty ýa-da teklipnamany bolsa kanagatlandyrmaýar. Emma ikinji basgançakly kazyýet çözgütde ýa-da hökümde beýan eden netijeleriniň işiň hakykat ýüzündäki ýagdaýlaryna laýyk gelmeýänligini ýa-da kanunynyň düýpli bozulmagy bilen çykarylandygyny anyklasa şikaýat edilýän hökümi ýa-da kazyýet çözgüdini üýtgedýär ýa-da sökýär we işi täzeden seretmek üçin birinji basgançakly kazyýete ýa-da degişliligi boýunça başga kazyýete iberýär. Ikinji basgançakly kazyýet hökümi (çözgüdi) söküp ýa-da üýtgedip, öz kesgitnamasynda aşaky kazyýet tarapyndan göýberilen ýalňyşlyklaryny we kemçiliklerini düşündirýär. Täzeden seretmeli bolan işler boýunça dürli görkezmeleri berip bilýär, şol görkezmeler aşaky kazyýet üçin hökmany bolup durýar.

Eger-de hüküme we çözgüde şikaýat ýa-da teklipnama berilmedik bolsa şikaýat möhleti geçenden soň,

[10] Birinji basgançakly kazyýet işe seretmegiň dowamynda ýüze çykýan dürli iş ýörediş meseleleri boýunça, şeýle hem işe seretmekligi togtatmak, önümçilikden ýatyrmak ýaly kararlara gelende kesgitnamalary kabul edýär .

ýa-da ikinji basgançakly kazyýet hökümi(çözgüdi) üýtgetmän galdyran bolsa, olar kanuny güýjüne girip hökmany bolup, takyk we gyşarnyksyz ýerine ýetirilmäge degişli bolup durýarlar. Emma şol çözgüdiň ýa-da hökümiň bikanun, esaslandyrylmadyk bolup durýandygy ýüze çykarylsa, onda şolar ýaly hököm (çözgüt) gaýtadan seredilmäge, sökülmäge ýa üýtgedilmäge degişlidir. Şeýle gaýtadan garamak kazyýet gözegçiligi tertibinde amala aşyrylýar, gaýtadan garamak baradaky önümçilik bolsa gözegçilik tertibindäki önümçilik diýilip atlandyrylýar. Kazyýetiň kanuny güýje giren hökümi(çözgüdi) barada gözegçilik tertibinde garşylyknama getirmäge kanunda anyk bellenen wezipeli adamlaryň hukuklary bardyr.

Täze ýuze çykan ýagdaýlar boýunça işleri täzeden gozgamak tapgyrynyň düýp manysy bolsa ozal derňew işi ýa-da kazyýet seljerişi döwründe mälim bolmadyk ýagdaýlaryň ýüze çykmagy hem-de olaryň iş üçin ähmiýetiniň bardygy sebäpli iş ýöretmegi täzeden başlamakdan ybarat bolup durýar.

Şeýlelik bilen, *birinji basgançakly kazyýet* – işi düýp manysy boýunça çözmäge hukukly kazyýet bolup durýar, *ikinji basgançakly kazyýet* – birinji basgançakly kazyýetiň kanuny güýje girmedik hökümleri we kesgitnamalary hem-de kazylaryň kararlary baradaky şikaýatnamalar we teklipnamalar boýunça işlere nägilelik tertibinde ýa-da gözegçilik tertibinde seredýän kazyýet bolup durýandyr.

## §3. Etrap we etrap hukukly şäher kazyýetleri.

Etrap kazyýetleri we etrap hukukly şäher kazyýetleri birinji basgançakly kazyýetler bolup, kazyýet ulgamynyň birinji we esasy düzüm bölegi bolup durýandyrlar. Sebabi etrap kazyýeti we etrap hukukly şäher kazyýeti etrapda we etrap hukukly şäherde döredilip, olaryň çäginde ýüze çykýan işleriň aglabasyna seredýändirler. Ondan başga-da etrap we şäher üçin bir etrap, şäher kazyýeti we etrabara kazyýeti hem döredilip bilinýändir. Etrap we etrap hukukly şäher kazyýetiniň düzümine -kazyýetiň başlygy, kazylar we kazyýet oturdaşlary girýändir.

Bu kazyýetler jenaýat we raýat işlerine düýp manysy boýunça seredip olar boýunça kazyýet çözgüdini çykarýarlar. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň, welaýat, welaýat hukukly şäher kazyýetleriniň seretmegine degişli işlerden[11] (mysal üçin döwlete garşy amala aşyrlan jenaýatlar, döwletiň wezipeli adamlary baradaky jenaýat işleri, agyrlaşdyrýan ýagdaýlara bilkastlaýyn adam öldürmek baradaky işler) başga jenaýat işleriniň ählisi etrap, etrap hukukly şäher kazyýetinde seredilmäge degişlidir[12].

Raýat we jenaýat işler boýunca adyl kazyýetligi amala aşyrmagyň daşyndan, etrap we etrap hukukly şäher kazyýetler dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky işlere hem seredýärler.

Jenaýat işler boýunça çykarylan hökümleriň ýerine ýetirilmeginiň dowamynda etrap we etrap hukukly şäher kazyýetler jezanyň häsiýetiniň we ulanyş tertibiniň üýtgedilmegi hem-de lukmançylyk häsiýetli mejbury

---

[11] Bu işleriň sanawy TJIÝK-ň 61-62-nji maddalarynda görkezilýär.
[12] TJIÝK-ň 60-njy maddasy.

çäreleri ulanmak bilen baglanyşykly dürli materiallara seredýärler. Hususan-da, görkezilen kazyýetler jezadan şertleýin-möhletinden öň boşatmaklyk hakyndaky; jezanyň has ýeňil görnüşli jeza bilen çalşyrmak; iş kesilenleriň jeza çekmeginiň düzgüniniň görnüşini üýtgetmek; 18-ýaşy dolan iş kesileni terbiýeleýiş edarasyndan, ulylar üçin niýetlenen düzediş edarasyna geçirmeklik ýaly meselelere garaýarlar.

Kazyýet hakynda Türkmenistanyň kanunynyň 18-nji maddasynda etrap we etrap hukukly şäher kazyýetiň ygtyýarlyklary doly sanalyp geçilýär, ýagny:

-Etrap kazyýeti we etrap hukukly şäher kazyýeti, kanun tarapyndan beýleki kazyýetleriň ygtyýarlygyna degişli edilen işlerden başga ähli raýat, jenaýat işlerine seredýär.

-Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda etrap kazyýetiniň we etrap hukukly şäher kazyýetiniň kazylary, şeýle hem dolandyryş we ýerine ýetiriş önümçiligi boýunça kazylar dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky işlere seredýärler.

-Etrap kazyýeti we etrap hukukly şäher kazyýeti kazyýet iş tejribesini öwrenýär we umumylaşdyrýar, kazyýet çözgütleriniň ýerine ýetirilmegini guraýar, kanunçylygy wagyz etmek we düşündirmek bilen meşgullanýar, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygynda özüne berlen beýleki ygtyýarlyklary amala aşyrýar. (Seret çyzgy № 2)

Çyzgy № 2 Etrap we etrap hukukly şäher kazyýetleri



## §4. Welaýat kazyýeti we welaýat hukukly şäher kazyýetleri.

Welaýat kazyýetleri we welaýat hukukly şäher kazyýetleri Türkmenistanyň kazyýet ulgamynyň ikinji düzüm bölegini düzýändirler. Bu kazyýetler degişli welaýatlaryň ýa-da welaýat hukukly şäheriň (Aşgabat şäheri) çäginde hereket edýärler.

Welaýat kazyýeti we welaýat hukukly şäher kazyýeti başlykdan, başlygyň orunbasarlaryndan, kazylardan we kazyýetiň oturdaşlaryndan ybaratdyr we kanunda işlere kazynyň ýekelikde seretmäge rugsat berilýän mahalyndan başga halatlarda, şu aşakdaky düzümde hereket edýärler:

1) kazyýetiň Prezidiumy;

2) raýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy;

3) jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy.

**Çyzgy № 3 Welaýat we welaýat hukuklay şäher kazyýetiniň gurluşy**



Welaýat kazyýetleri we welaýat hukukly şäher kazyýetleri kazyýet wezipeleriniň üçüsini hem amala aşyrýarlar, ýagny:

1.Işleri düýp manysy boýunça seljerip çözýärler;

2. Kanuny güýje girmedik hökümleri we kesgitnamalary hem-de kazylaryň kararlary baradaky şikaýatnamalar we teklipnamalar boýunça işlere nägilelik tertibinde seredýärler;

3. Kanuny güýje giren hökümler, kesgitnamalar we kararlar barada getirilen teklipnamalar, netijenamalar, garşylyknamalar boýunça işlere gözegçilik tertibinde seredýärler, şeýle hem täze ýuze çykan ýagdaýlar boýunça işleri täzeden gozgaýarlar.

4.Täze ýuze çykan ýagdaýlar boýunça işlere seredýärler;

Welaýat we welaýat hukukly şäher kazyýetleriň seredilmegine degişli işleriň sanawy kanun tarapyndan takyk kesgitlenýär, hususan-da Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 61-nji maddasynda şeýle diýilýär- “Welaýat, welaýat hukukly şäher kazyýeti birinji, ikinji we gözegçilik basgançakly kazyýet hökmünde hereket edýärler. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 101-nji maddasynyň ikinji böleginde, 134-nji maddasynyň üçünji böleginde, 167,168, 170-180, 189-192-nji maddalarynda, 211-nji maddasynyň ikinji böleginde, 213, 252-nji maddalarynda, 254-nji maddasynyň üçünji we dördünji böleklerinde, 271, 274, 276,277-nji maddalarynda, 292-nji maddasynyň üçünji böleginde, 294-nji maddasynyň dördünji böleginde, 325-nji maddasynyň ikinji, üçünji we dördünji böleklerinde, 328, 332-nji maddalarynda göz

öňünde tutulan jenaýat işleri, şeýle hem döwletiň wezipeli adamlary baradaky jenaýat işleri welaýat, welaýat hukukly şäher kazyýetiniň birinji basgançakly kazyýet hökmünde seretmegine degişlidir.”

Kazyýet hakynda Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda welaýat kazyýetiniň we welaýat hukukly şäher kazyýetiniň ygtyýarlyklary aşakdakylardan ybaratdyr:

-öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde birinji basgançakly kazyýet hökmünde, nägilelik tertibinde, gözegçilik tertibinde, şeýle hem täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça işlere seredýär;

-etrap kazyýetleriniň we etrap hukukly şäher kazyýetleriniň kazyýet işine gözegçiligi amala aşyrýar, kazyýet iş tejribesini öwrenýär we umumylaşdyrýar, kazyýet statistikasyny seljerýär;

-kazylyga dalaşgärleri seçip almaga we olary taýýarlamaga, öz kazyýetiniň, şeýle hem etrap kazyýetleriniň we etrap hukukly şäher kazyýetleriniň işgärleriniň hünärlerini ýokarlandyrmaga gatnaşýar;

-raýatlaryň tekliplerine, arzalaryna we şikaýatlaryna seretmek we olary kazyýetlerde kabul etmek boýunça işi, şeýle hem kazyýet çözgütleriniň ýerine ýetirilmegini guraýar;

-kazyýet statistikasyny ýöredýär, etrap kazyýetlerinde we etrap hukukly şäher kazyýetlerinde ony ýöretmek boýunça işi guraýar;

-Türkmenistanyň kanunçylygynda özlerine berlen beýleki ygtyýarlyklary amala aşyrýar. *(Seret çyzgy №4)*

**Çyzgy№4**




Welaýat kazyýetiniň we welaýat hukukly şäher kazyýetiniň esasy düzüm birligi onuň Prezidiumydyr. Bu kazyýetiň Prezidiumynyň düzümine kazyýetiň başlygy, başlygyň orunbasarlary we kazylar girýändir. Welaýat kazyýetiniň we welaýat hukukly şäher kazyýetiniň Prezidiumyna girýän kazylaryň düzümi Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygynyň teklipnamasy boýunça

Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanylýar.

Welaýat kazyýetiniň we welaýat hukukly şäher kazyýetiniň Prezidiumy: öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde gözegçilik tertibinde we täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça işlere seredýär; kazyýetiň başlygynyň teklipnamasy boýunça kazylaryň hataryndan raýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasynyň we jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasynyň düzümlerini tassyklaýar; kazyýet iş tejribesini öwrenmegiň we umumylaşdyrmagyň hem-de kazyýet statistikasynyň seljermesiniň materiallaryna seredýär; kazyýet kollegiýalarynyň başlyklarynyň kollegiýalaryň işi hakyndaky hasabatlaryny diňleýär; etrap kazyýetlerine we etrap hukukly şäher kazyýetlerine Türkmenistanyň kanunçylygyny dogry ulanmakda kömek berýär we kanun boýunça özüne berlen beýleki ygtyýarlyklaryny amala aşyrýar.[13] *(Seret çyzgy № 5 )*

**Çyzgy № 5**

[13] Kazyýet hakynda Kanunyň 26-njy maddasy.

## Welaýat we welaýat hukukly şäher kazyýetleriň Prezidiumy

(Welaýat kazyýetiniň we welaýat hukukly şäher kazyýetiniň Prezidiumy başlykdan, başlygyň orunbasarlaryndan we Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kesgitlenýän sandaky kazylardan ybarat düzümde döredilýär. Prezidiumynyň mejlisleri azyndan aýda bir gezek geçirilýär we karalary ses bermäge gatnaşýan agzalarynyň sesleriniň köplügi bilen açyk ses bermek arkaly kabul edilýär we olara başlyklyk ediji tarapyndan gol çekilýär).

Gözegçilik tertibinde we täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça etrap we etrap hukukly şäher kazyýetlerde seredilen işlere ýaňadandan seredýär

etrap we etrap hukukly şäher kazyýetleriňiň hökümlerine, çözgütlerine we kesgitnamalaryna berlen nägilelik şikaýatlaryna we teklipnamalara seredýär

kazyýet iş tejribesini öwrenmegiň we umumylaşdyrmagyň, kazyýet statistikasyny seljermegiň materiallaryna seredýär

kazylaryň hataryndan raýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasynyň we jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasynyň düzümlerini tassyklaýar

kazyýet kollegiýalarynyň başlyklarynyň kollegiýalaryň işi hakyndaky hasabatlaryny diňleýär;

etrap kazyýetlerine we etrap hukukly şäher kazyýetlerine Türkmenistanyň kanunçylygyny dogry ulanmakda kömek berýär;

kanunçylykda özüne berlen başga ygtyýarlyklary amala aşyrýar.

Welaýat kazyýetiniň we welaýat hukukly şäher kazyýetiniň Prezidiumlarynda kazyýet işleri seljerilen mahalynda welaýat prokurorynyň we welaýat hukukly şäher prokurorynyň gatnaşmagy hökmanydyr.

Ondan başga-da welaýat kazyýetiniň we welaýat hukukly şäher kazyýetleriň düzüminde raýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy we jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy hereket edýär. Bu kollegiýalaryň düzümleri degişli kazyýetiň kazylarynyň hataryndan welaýat kazyýetiniň we welaýat hukukly şäher kazyýetiniň Prezidiumy tarapyndan tassyklanylýar. Kazyýet kollegiýalaryna kazyýetiň başlygynyň orunbasarlary baştutanlyk edýärler.

Welaýat kazyýetiniň we welaýat hukukly şäher kazyýetiniň başlygy zerur bolan halatlarda işlere seretmegi üçin bir kollegiýanyň kazysyny beýleki kollegiýanyň düzümine çekip bilýär.

Welaýat kazyýetiniň we welaýat hukukly şäher kazyýetiniň raýat işleri boýunça we jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýalaryň ygtyýarlyklary aşakdakylardan ybaratdyr: 1)öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde birinji basgançakly kazyýet hökmünde we nägilelik tertibinde işlere seretmek. 2)Kazyýet iş tejribesini öwrenmek we umumylaşdyrmak, kazyýet statistikasyny seljermek we Türkmenistanyň kanunçylygynda özlerine berlen başga ygtyýarlyklary amala aşyrmakdyr. *(Seret çyzgy № 4)*

## §5. Türkmenistanyň Arbitraž kazyýeti

Türkmenistanyň Arbitraž kazyýeti- birinji basgançakly kazyýet hökmünde ykdysady hukuk gatnaşyklaryndan ýa-da dolandyryşyň we başga kanunlarda onuň ygtyýarlygyna degişli edilen başga işleriň çygryndaky hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan jedelleri çözmek wezipesini berjaý edýän kazyýet edarasy bolup durýandyr.

Arbitraž kazyýetiniň düzümine Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetiniň Başlygy we kazylar girýärler.

Türkmenistanyň Arbitraž kazyýeti hem beýleki kazyýetler ýaly, öz çygryna degişli ygtyýarlyklary amala aşyrýar, hususan-da ykdysady hukuk gatnaşyklarynda ýa-da dolandyryşyň we başga kanunlarda onuň ygtyýarlygyna degişli edilen başga işleriň çygryndaky hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan jedellere seredýär we olary çözýär; ýuridik şahslaryň we hususy telekeçiniň batyp galmagy (bankrot bolmagy) hakyndaky işlere seredýär; telekeçiligiň we gaýry ykdysady işiň çygryndaky gatnaşyklary düzgünleşdirýän kanunlaryň we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ulanylyş tejribesini öwrenýär we umumylaşdyrýar; telekeçiligiň we gaýry ykdysady işiň çygryndaky gatnaşyklary düzgünleşdirýän kanunlary we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kämilleşdirmek boýunça teklipleri işläp düzýär; raýatlaryň tekliplerine, arzalaryna we şikaýatlaryna seretmek we olary kazyýetlerde kabul etmek boýunça işi, şeýle hem kazyýet çözgütleriniň ýerine ýetirilmegini guraýar; arbitraž işleri boýunça kazyýet statistikasyny ýöredýär we seljerýär; öz ygtyýarlygynyň çäklerinde Türkmenistanyň halkara şertnamalaryndan gelip çykýan meseleleri çözýär; şeýle

hem Türkmenistanyň kanunçylygynda özüne berlen başga ygtyýarlyklary amala aşyrýar. *(Seret çyzgy № 6)*

**Çyzgy № 6**



## §7. Türkmenistanyň Ýokary Kazyýeti

Türkmenistanyň Ýokary Kazyýeti ýokary kazyýet edarasy bolup durýar we kazyýetlerde ähli işleriň seredilmegine kazyýet gözegçiligini we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda başga ygtyýarlyklaryny amala aşyrýar.

*Ýokary Kazyýetiň* düzümi, Ýokary Kazyýetiň başlygyndan, başlygyň birinji orunbasaryndan we orunbasarlaryndan, şeýle hem kazylardan we halk oturdaşlaryndan ybarat bolup, kanunda işlere kazynyň ýekelikde seretmäge rugsat berilýän mahalyndan başga halatlarda, şu aşakdaky düzümde hereket edýär:

1) Ýokary kazyýetiň Giňişleýin mejlisi;
2) Ýokary kazyýetiň Prezidiumy;
3) Raýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy;
4) Jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy;
5) Arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasy.

**Çyzgy №7 Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň gurluşy**




Kazyýet ulgamynda ýokary kazyýet edarasy hökmünde Ýokary Kazyýetiň eýeleýän orny, onuň giň we köpdürli ygtyýarlyklarynda ýüze çykýandyr. Ýokary Kazyýetiň ygtyýarlyklaryna aşakdakylar degişlidir:

-birinji basgançakly kazyýet hökmünde, nägilelik tertibinde, gözegçilik tertibinde, şeýle hem täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça işlere seretmek.

-öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde nägilelik we gözegçilik tertibinde arbitraž işlerine seretmek.

-kazyýet we arbitraž iş tejribesini öwrenýär we umumylaşdyrýar, kazyýet statistikasyny ýöretmek we kazyýetiň çözgütlerini ýerine ýetirmek boýunça işi

guramak, statistika maglumatlaryny seljermek we umumylaşdyrmak, kazyýetlere kazyýet işlerine seredilende ýüze çykýan Türkmenistanyň kanunçylygyny ulanmagyň meseleleri boýunça ugrukdyryjy düşündirişleri bermek;

-Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň ugrukdyryjy düşündirişleriniň kazyýetler tarapyndan ýerine ýetirilişine gözegçiligi amala aşyrmak;

-öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde Türkmenistanyň halkara şertnamalaryndan gelip çykýan meseleleri çözmek;

-Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygy tarapyndan Türkmenistanyň Prezidentiniň garamagyna girizmek üçin kazyýetleriň guralyşynyň meseleleri boýunça teklipleri işläp düzmek;

-kazylyga dalaşgärleri seçip almak we taýýarlamak, kazyýetleriň işgärleriniň hünärini ýokarlandyrmagyny amala aşyrmak;

-kazyýetleriň maddy-tehniki taýdan üpjün edilmegi we olaryň işlemegi üçin zerur şertleriň döredilmegi boýunça işi guramak;

-raýatlaryň tekliplerine, arzalaryna we şikaýatlaryna seretmek we olary kazyýetlerde kabul etmek boýunça işine gözegçiligi amala aşyrmak;

-kazylaryň garaşsyzlygyny üpjün etmäge gönükdirilen çäreleri işläp düzmek we amala aşyrmak;

-kazyýetleriň işiniň guramaçylyk taýdan üpjün edilmegini amala aşyrmak;

- Türkmenistanyň kanunçylygynda özüne berlen başga ygtyýarlyklary amala aşyrmak ýaly ygtyýarlyklar degişlidirler. (Seret çyzgy №8)

**Çyzgy № 8**




**Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisi.**

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisi Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygyndan, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygynyň birinji orunbasaryndan, orunbasarlaryndan we Türkmenistanyň

Ýokary kazyýetiniň kazylaryndan ybarat düzümde hereket edýär. **Çyzgy № 9**

**Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisi**
**(**zerurlyga görä, emma dört aýda bir gezekden az bolmadyk ýygylykda çagyrylýar, mejlisiniň kararlary Giňişleýin mejlisiň ses bermäge gatnaşýan agzalarynyň sesleriniň köplügi bilen açyk ses bermek arkaly kabul edilýär)

gözegçilik tertibinde we täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça, şol sanda Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň kararlaryna garşylyknamalar boýunça işlere seredýär

kazyýet iş tejribesiniň umumylaşdyrylan materiallaryna we kazyýet statistikasyna, şeýle hem Türkmenistanyň Baş prokurorynyň teklipnamalaryna, kazylaryň maslahatlarynyň tekliplerine seredýär

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň kazylarynyň hataryndan kazyýet kollegiýalarynyň düzümini we Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň kätibini tassyklaýar

kazyýetlere kanunçylygy ulanmak boýunça ugrukdyryjy düşündirişleri berýär, kanunçylygy ulanmak boýunça kazyýet iş tejribesi hakyndaky habarlaryny diňleýär

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygynyň teklipnamasy boýunça Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň ýanyndaky ylmy-maslahat geňeşiniň düzümini tassyklaýar

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Kazylarynyň kwalifikasion kollegiýasyny, şol sanda onuň başlygyny we başlygynyň orunbasaryny saýlaýar

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumynyň işi hakyndaky habarlary diňleýär

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň kazyýet kollegiýalarynyň başlyklarynyň öz işi hakyndaky hasabatlaryny diňleýär

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygynyň Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň ugrukdyryjy düşündirişleriniň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyk gelmeýändigi hakyndaky teklipnamalaryna seredýär

Türkmenistanyň kanunçylygynda özüne berlen beýleki ygtyýarlyklary amala aşyrýar

Giňişleýin mejlisiň mejlislerine Türkmenistanyň Baş prokurorynyň gatnaşmagy hökmandyr

Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň işleýiş tertibi “Kazyýet hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 42-nji maddasy bilen kadalaşdyrylýar. Görkezilen hukuk kadasyna laýyklykda Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisi zerurlyga görä, emma dört aýda bir gezekden az bolmadyk ýygylykda çagyrylýar. Giňişleýin mejlisiň agzalaryna, Türkmenistanyň Baş prokuroryna mejlise azyndan on bäş gün galanda onuň çagyrylýan wagty we garamagyna girizilýän meseleler hakynda habar berilýär. Giňişleýin mejlisiň kararlarynyň taslamalary we kazyýet işleri boýunça garşylyknamalaryň ýa-da netijenamalaryň göçürilen nusgalary Giňişleýin mejlisiň agzalaryna, Türkmenistanyň Baş prokuroryna mejlise azyndan on gün galanda iberilýär. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň kararlary Giňişleýin mejlisiň ses bermäge gatnaşýan agzalarynyň sesleriniň köplügi bilen açyk ses bermek arkaly kabul edilýär. Giňişleýin mejlisiň kararlaryna Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygy we Giňişleýin mejlisiň kätibi tarapyndan gol çekilýär. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň kätibi Giňişleýin mejlisiň mejlislerini taýýarlamak boýunça işi ýerine ýetirýär, teswirnamanyň ýöredilmegini üpjün edýär we Giňişleýin mejlis tarapyndan kabul edilen kararlaryň ýerine ýetirilmegi üçin zerur bolan hereketleri amala aşyrýar.

## Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumy.

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumy Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygyndan,

Başlygyň birinji orunbasaryndan we orunbasarlaryndan hem-de Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kesgitlenen sandaky kazylaryndan ybarat düzümde döredilýär. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumyna girýän kazylaryň düzümi Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygynyň teklipnamasy boýunça Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanylýar. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumynyň mejlislerinde kazyýet işlerine seredilen mahalynda Türkmenistanyň Baş prokurorynyň ýa-da onuň orunbasarynyň gatnaşmagy hökmanydyr. Prezidiumyň kararlary Prezidiumyň ses bermäge gatnaşýan agzalarynyň sesleriniň köplügi bilen kabul edilýär we başlyklyk ediji tarapyndan gol çekilýär. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumy öz ygtyýarlyklarynyň çäginde: 1) Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň hökümlerine, çözgütlerine we kesgitnamalaryna berlen nägilelik şikaýatlaryna we teklipnamalara seredýär;2) öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde gözegçilik tertibinde we täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça jenaýat, raýat we arbitraž işlerine seredýär;
3) kazyýet iş tejribesini öwrenmegiň we umumylaşdyrmagyň, kazyýet statistikasyny seljermegiň materiallaryna seredýär; 4) Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň kazyýet kollegiýalarynyň we diwanynyň işiniň guramaçylyk meselelerine seredýär; 5) kazyýetleriň işiniň guramaçylyk taýdan üpjünçiliginiň meselelerine seredýär; 6) aşaky kazyýetlere Türkmenistanyň kanunçylygyny dogry ulanmaklarynda kömek bermek hakyndaky meselelere seredýär we olary çözýär; 7) Türkmenistanyň kanunçylygynda özüne berlen başga ygtyýarlyklary amala aşyrýar.

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň raýat işleri boýunça, arbitraž işleri boýunça we jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýalary Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisi tarapyndan Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň kazylaryndan tassyklanylýar. Kazyýet kollegiýalaryna Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygynyň birinji orunbasary we orunbasarlary tarapyndan ýolbaşçylyk edilýär. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň kazyýet kollegiýalarynyň ygtyýarlyklary hökmünde aşakdakylary getirip bolar: 1) birinji basgançakly kazyýet hökmünde raýat we jenaýat işlerine seredýärler; 2) nägilelik, hususy şikaýatlar, teklipnamalar we garşylyknamalar boýunça raýat, arbitraž we jenaýat işlerine nägilelik tertibinde seredýärler; 3) gözegçilik tertibinde garşylyknamalar boýunça raýat, arbitraž we jenaýat işlerine seredýärler; 4) täze ýüze çykan ýagdaýlara görä, birinji basgançak boýunça öz çykaran çözgütlerine, Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetiniň çözgütlerine, şeýle hem birinji basgançakly kazyýetiň çözgüdini üýtgeden ýa-da täze çözgüt çykaran welaýat kazyýetleriniň we welaýat hukukly şäher kazyýetleriniň nägilelik ýa-da gözegçilik basgançakly raýat işleri baradaky kesgitnamalaryna täzeden seretmek hakyndaky işe gatnaşan adamlaryň arzalaryna seredýärler; 5) Türkmenistanyň Arbitraž kazyýeti, welaýat kazyýetleri we welaýat hukukly şäher kazyýetleri tarapyndan çykarylan, degişlilikde, kararlar, hökümler, çözgütler ýa-da kesgitnamalar barada täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça prokuroryň netijenamalary esasynda jenaýat, raýat we arbitraž işlerine seredýärler; 6) kazyýetleriň Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyklykda başga döwletleriň kazyýetleriniň aýry-aýry iş

ýörediş hereketlerini amala aşyrmak hakyndaky tabşyryklaryny ýerine ýetirenlerinde beýleki döwletleriň iş ýörediş kanunçylygynyň ulanylmak mümkinçiligi hakyndaky meseläni çözýärler; 7) kanunda öz ygtyýarlyklaryna degişli edilen başga meseleleri çözýärler.

**Çyzgy №10**

**Ýokary kazyýetiň Prezidiumy**

(Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumy Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygyndan, Başlygyň birinji orunbasaryndan we orunbasarlaryndan hem-de Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kesgitlenen sandaky kazylaryndan ybarat düzümde döredilýär. Prezidiumyň kararlary Prezidiumyň ses bermäge gatnaşýan agzalarynyň sesleriniň köplügi bilen kabul edilýär we başlyklyk ediji tarapyndan gol çekilýär)

- Gözegçilik tertibinde we täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça Ýokary kazyýetiň kollegiýalarynda seredilen jenaýat, raýat we arbitraž işlerine ýaňadandan seredýär
- Ýokary kazyýetiň hökümlerine, çözgütlerine we kesgitnamalaryna berlen nägilelik şikaýatlaryna we teklipnamalara seredýär
- kazyýet iş tejribesini öwrenmegiň we umumylaşdyrmagyň, kazyýet statistikasyny seljermegiň materiallaryna seredýär
- Ýokary kazyýetiň kazyýet kollegiýalarynyň we diwanynyň işiniň guramaçylyk meselelerine seredýär
- kazyýetleriň işiniň guramaçylyk taýdan üpjünçiliginiň meselelerine seredýär
- aşaky kazyýetlere Türkmenistanyň kanunçylygyny dogry ulanmaklarynda kömek bermek hakyndaky meselelere seredýär we olary çözýär
- kanunçylykda özüne berlen başga ygtyýarlyklary amala aşyrýar.

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumynyň mejlislerinde kazyýet işlerine seredilen mahalynda Türkmenistanyň Baş prokurorynyň ýa-da onuň orunbasarynyň gatnaşmagy hökmanydyr

## Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň kazyýet kollegiýalary.

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisi tarapyndan Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň kazylaryndan Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň raýat işleri boýunça, arbitraž işleri boýunça we jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýalary tassyklanylýar. Kazyýet kollegiýalaryna Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygynyň birinji orunbasary we orunbasarlary tarapyndan ýolbaşçylyk edilýär.

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň kazyýet kollegiýalary öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde birinji basgançakly kazyýet hökmünde, nägilelik tertibinde, gözegçilik tertibinde we täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça işlere seredýärler. Kazyýet kollegiýalary kazyýet iş tejribesini öwrenýärler we umumylaşdyrýarlar, kazyýet statistikasyny seljerýärler hem-de Türkmenistanyň kanunçylygynda özlerine berlen beýleki ygtyýarlyklary amala aşyrýarlar. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygy zerur bolan halatlarda bir kazyýet kollegiýanyň kazylaryny başga bir kazyýet kollegiýanyň düzüminde işlere seretmek üçin çekmäge haklydyr.[14]

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň raýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasy we jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy -birinji basgançakly kazyýet hökmünde raýat we jenaýat işlerine seredýärler; nägilelik, hususy şikaýatlar, teklipnamalar we garşylyknamalar boýunça raýat, arbitraž

[14] Kazyýet hakynda Türkmenistanyň Kanunynyň 45-nji maddasy

we jenaýat işlerine nägilelik tertibinde seredýärler; gözegçilik tertibinde garşylyknamalar boýunça raýat, arbitraž we jenaýat işlerine seredýärler; täze ýüze çykan ýagdaýlara görä, birinji basgançak boýunça öz çykaran çözgütlerine, Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetiniň çözgütlerine, şeýle hem birinji basgançakly kazyýetiň çözgüdini üýtgeden ýa-da täze çözgüt çykaran welaýat kazyýetleriniň we welaýat hukukly şäher kazyýetleriniň nägilelik ýa-da gözegçilik basgançakly raýat işleri baradaky kesgitnamalaryna täzeden seretmek hakyndaky işe gatnaşan adamlaryň arzalaryna seredýärler; Türkmenistanyň Arbitraž kazyýeti, welaýat kazyýetleri we welaýat hukukly şäher kazyýetleri tarapyndan çykarylan, degişlilikde, kararlar, hökümler, çözgütler ýa-da kesgitnamalar barada täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça prokuroryň netijenamalary esasynda jenaýat, raýat we arbitraž işlerine seredýärler; kazyýetleriň Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyklykda başga döwletleriň kazyýetleriniň aýry-aýry iş ýörediş hereketlerini amala aşyrmak hakyndaky tabşyryklaryny ýerine ýetirenlerinde beýleki döwletleriň iş ýörediş kanunçylygynyň ulanylmak mümkinçiligi hakyndaky meseläni çözýärler; kanunda öz ygtyýarlyklaryna degişli edilen başga meseleleri çözýärler.

## §8. Kazylaryň we kazyýet oturdaşlarynyň hukuk statusy.

Kazylary bellemegiň olary wezipeden boşatmagyň tertibi we olaryň ygtyýarlyklarynyň möhletleri Türkmenistanyň Kazyýet hakynda Türkmenistanyň kanunynyna laýyklykda amala aşyrylýar. Salgylanylýan Kanunyň 61-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygy Türkmenistanyň Mejlisiniň razylygy bilen Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan bellenilýär. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygynyň birinji orunbasary, orunbasarlary we kazylary, Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetiniň Başlygy we kazylary, welaýat kazyýetleriniň we welaýat hukukly şäher kazyýetleriniň, şeýle hem etrap kazyýetleriniň we etrap hukukly şäher kazyýetleriniň başlyklary, olaryň orunbasarlary we şol kazyýetleriň kazylary Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygynyň teklipnamasy boýunça Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan bellenilýär. Eger kazynyň ygtyýarlylyk möhleti onuň kazyýet işine seredýän döwründe gutarýan bolsa, onuň ygtyýarlyklary şol iş seljerilip gutarylýança saklanýar. Kazylaryň ygtyýarlylyk möhleti gutarandan soň, olar salgylanýan kanunymyzyň 73-nji maddasynda görkezilen ýagdaýlar bolmadyk mahalynda hem-de kazylaryň kwalifikasion kollegiýalarynyň geçirýän hünär synagynyň netijelerine laýyklykda ol täzeden kazylyga bellenmäge hödürlenýär.

Kazyýet hakynda Türkmenistanyň kanunynyň 59-njy maddasyna laýyklykda etrap kazyýetiniň we etrap hukukly şäher kazyýetiniň kazylygyna:

- 25 ýaşy dolan;
- ýokary ýuridik bilimi bolan;
- ýuridik hünäri boýunça azyndan iki ýyl iş döwri bolan;
- hünär dereje synagyndan geçen;
- Türkmenistanyň raýaty bellenip bilinýär.

Ýokarky kazyýetleriň we Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetiniň kazylygyna:

- 25 ýaşy dolan;
- ýokary ýuridik bilimi bolan;
- ýuridik hünäri boýunça azyndan üç ýyl, şol sanda, düzgün boýunça, kazy hökmünde azyndan iki ýyl iş döwri bolan;
- hünär dereje synagyndan geçen;
- Türkmenistanyň raýaty bellenip bilinýär.

Kanuna laýyklykda, dolandyryş we ýerine ýetiriş önümçiligi boýunça kazylyga 22 ýaşyny dolduran, ýokary ýuridik bilimi bolan we hünär dereje synagyny tabşyran Türkmenistanyň raýaty bellenip bilnýär.

Bu kazylar hem Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygynyň teklipnamasy boýunça Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan bäş ýyl möhlete bellenýärler.

Türkmenistanyň kazyýet ulgamlarynda adyl kazyýetligi amala aşyrmakda birinji basgançakly kazyýet seljerişinde kazyýet mejlisine başlyklyk ediji kazy bilen deň hukukly halk oturdaşy hökmünde bolsa ýaşy 25-den pes bolmadyk islendik Türkmenistanyň raýaty saýlanyp ýa-da bellenip bilinýär.

Etrap kazyýetleriniň we etrap hukukly şäher kazyýetleriniň kazyýet oturdaşlary raýatlaryň işleýän ýa-da ýaşaýan ýerlerinde ýygnaklarda açyk ses bermek arkaly saýlanýarlar. Etrap kazyýetleriniň we etrap hukukly şäher kazyýetleriniň kazyýet oturdaşlarynyň saýlawlaryny geçirmekligi etraplaryň we etrap hukukly şäherleriň häkimleri guraýarlar.

Welaýat kazyýetleriniň we welaýat hukukly şäher kazyýetleriniň kazyýet oturdaşlary welaýatlaryň we welaýat hukukly şäherleriň häkimleri tarapyndan bellenýärler. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiň kazyýet oturdaşlary Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan bellenýär.

Kazyýet oturdaşlarynyň ygtyýarlyklarynyň möhleti – bäş ýyl. Eger bu möhlet kazyýet işine seredilýän döwürde tamamlansa, olaryň ygtyýarlyklary iş seljerilip gutarylýança saklanyp galýar.

Kazyýet oturdaşlary ýylda iki hepdeden köp bolmadyk nobatlylyk tertibinde kazyýetde borçlaryny ýerine ýetirmäge çagyrylýar, bu möhletiň olaryň gatnaşmagynda başlanan kazyýet işine seredilip gutarylmagynyň zerurlygy bilen uzaldylan halatlary muňa girmeýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda ähli kazyýetleriň kazylary Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan bäş ýyl möhlet bilen bellenilýär. Emma kazylar kanunylygyň bozulmagy ýa-da öz ýokary adyna sygyşmaýan abraýdan düşürýän etmişi edendigi üçin, şeýle hem kazyýetiň olar babatda çykaran we kanuny güýje giren aýyplaw hökümi esasynda möhletinden öň ygtyýarlyklaryndan mahrum edilip bilnýändir. Şonuň ýaly-da kazylar işini dowam etmäge päsgel berýän saglyk

ýagdaýy boýunça, başga işe geçmegi bilen baglanyşykly ýa-da öz islegi boýunça hem öz wezipelerini ýerine ýetirmekden möhletinden öň boşadylyp bilinýärler. Kazynyň ygtyýarlyklaryndan mahrum edilmegi Kazylaryň kwalifikasion kollegiýasynyň netijenamasyny hasaba almak bilen Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan amala aşyrylýar. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygy Türkmenistanyň Mejlisiniň razylygy bilen Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan eýeleýän wezipesinden boşadylýar. Türkmenistanyň ähli kazylarynyň möhletinden öň boşadylmagy Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan amala aşyrylýar.

Etrap kazyýetleriniň we etrap hukukly şäher kazyýetleriniň kazyýet oturdaşlarynyň ygtyýarlyklaryndan mahrum edilmegi we möhletinden öň boşadylmagy kazyýet oturdaşynyň saýlanan ýeri boýunça raýatlaryň ýygnaklary tarapyndan, ýokarky kazyýetleriň kazyýet oturdaşlary bolsa, degişlilikde olary wezipä bellän häkimler we Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan amala aşyrylýar.

Kazy we kazyýet oturdaşlary adyl kazyýetligi amala aşyrmak üçin zerur bolan häkimiýet ygtyýarlyklaryna we hukuklaryna eýelik edýärler. Bu ygtyýarlyklar Kazyýet hakyndaky Türkmenistanyň kanunynyň 63-nji maddasynda kesgitlenýär, olar şulardyr:

-wezipeli adamlardan we raýatlardan kazyýetiň kanun tarapyndan üstlerine ýüklenen borçlary bilen baglanyşykly kararlaryny ýerine ýetirmeklerini talap etmäge;

-kärhananyň, edaranyň, guramanyň wezipeli adamlaryna kanunyň bozulmalaryna, hukuk bozulmalaryna getirýän sebäpleri we şertleri ýok etmek hakynda teklipnamalar girizmäge;

-eýeçiliginiň görnüşlerine garamazdan kärhanalardan, guramalardan we edaralardan we jemgyýetçilik birleşiklerinden maglumat soramaga.

-Kärhanalar, guramalar, edaralar we wezipeli adamlar kazynyň kazyýet işini amala aşyrmagy bilen baglanyşykly talaplaryny we görkezmelerini ýerine ýetirmäge, olaryň teklipnamalaryna we talapnamalaryna öz wagtynda jogap bermäge borçludyrlar.

-Kazy kazylaryň maslahatyna, şeýle hem gös-göni Türkmenistanyň Ýokary kazyýetine ara alnyp maslahatlaşylmagy üçin Türkmenistanyň kanunçylygyny ulanmak meseleleri boýunça ugrukdyryjy düşündirişleriň berilmegi barada resmi talap girizip biler.

Kanun tarapyndan Kazy we kazyýet oturdaşlarynyň borçlary hem kesgitlenýär, Kazyýet hakyndaky Türkmenistanyň kanunynyň 64-nji maddasynda
şeýle diýilýär:

-Kazy we kazyýet oturdaşlary degişlilikde raýat, arbitraž, jenaýat işleri we dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky işlere seredilen mahalynda kanunlaryň talaplaryny takyk ýerine ýetirmäge, raýatlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň, olaryň namysynyň we mertebesiniň, kanun tarapyndan goralýan döwlet we jemgyýetçilik bähbitleriniň goralmagyny, ýokary medeniýetliligi we kazyýet işiniň terbiýeleýjilik täsirini üpjün etmäge, adalatly we ynsanperwer bolmaga borçludyrlar.

-Kazy öz ygtyýarlyklaryny ýerine ýetiren mahalynda, şeýle hem gullukdan daşarky gatnaşyklarynda kazyýet häkimiýetiniň abraýyny, kazynyň mertebesini ýa-da onuň obýektiwligine, adalatlylygyna we tarapgöý dälligine şübhe

döredip biljek ähli zatlardan gaça durmalydyr.

-Kazy kazyýet oturdaşlaryny seredilmäge degişli işler bilen, Türkmenistanyň kanunçylygy we onuň ulanylyş tejribesi bilen deslapdan tanyşdyrmaga, olara öz ygtyýarlyklaryny amala aşyrmaklarynda başga kömegi bermäge borçludyr.

-Kazylaryň we kazyýet oturdaşlarynyň kazylaryň maslahatynyň syryny we ýapyk kazyýet mejlisleri geçirilende alnan maglumatlary ýaýratmaga haklary ýokdur.

-Kazyýet oturdaşlary adyl kazyýetligi amala aşyrmak boýunça wezipelerini ýerine ýetirmek üçin kazyýete öz wagtynda gelmäge borçludyrlar. Kazyýete çagyrmak kazyýet oturdaşynyň işleýän ýa-da okaýan edarasynyň, guramasynyň, kärhanasynyň administrasiýasy üçin hökmanydyr.

# 3-nji bap. Prokuror gözegçiligi we prokuratura edaralary.

## §1. Prokuror gözegciligiň düşünjesi, wezipeleri we esasy ugurlary.

Prokuraturanyň işiniň binýatlaýyn hukuk esaslary Türkmenistanyň Konstitusiýasynda berkidilip, anyk wezipeleri, maksatlary we ugurlary, guralyşynyň we işiniň ýörelgeleri Türkmenistanyň prokuraturasy hakynda Türkmenistanyň kanunynda doly beýan edilen. Türkmenistanyň çäginde Konstitusiýanyň, kanunlaryň, Prezidentiň¸ Ministrler Kabinetiniň, Mejlisiniň namalarynyň döwlet dolandyryş hem-de gözegçilik, harby dolandyryş, ýerli ýerine ýetiriji we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, eýeçiligiň ähli görnüşlerine degişli kärhanalar, edaralar, guramalar, birleşikler, şeýle hem telekeçilik işi bilen meşgullanýan adamlar, jemgyýetçilik birleşmeleri, wezipeli adamlar hem-de raýatlar tarapyndan takyk we birmeňzeş berjaý edilişine gözegçiligi (prokuror gözegçiligi) Türkmenistanyň Baş prokurory hem-de oňa tabyn prokurorlar amala aşyrýarlar. Gözegçilik wezipelerini ýerine ýetirip, prokurorlar agzalan döwlet edaralary, wezipeli adamlary we jemgyýetçilik guramalary tarapyndan öz işlerini amala aşyranlaryda kanunylyga esaslanmaklaryny şeýle hem özlerine berlen hukuklaryna we ýüklenen borçlaryna laýyklykda hukuk tertibiniň, raýatlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň, döwletiň we jemgyýetiň bähbitleriniň goragyny degişli derejede üpjün etmeklerini gazanýarlar. Prokuror gözegçiligi –

ministrlikleriň, beýleki döwlet edaralaryň dolandyryş gözegçilik işinden tapawutlykda haýsy bolsa-da anyk bir dolandyryş pudagy bilen çäklendirilmän- umumydöwlet häsiýete eýe bolup, döwletiň tutuş çäginde amala aşyrylýandyr. Döwlet dolandyryş ulgamynyň çäginde ýokarda durýan edaralaryň öz tabynlygyndaky edaralaryň işiniň kanunylygyna amala aşyrylýan gözegçilik tabynlylyk gatnaşyklary bilen aýrylmaz baglanyşykly bolup durýandyr. Ýagny dolandyryş ulgamynda gözegçilik amala aşyrýan ýolbaşçy edara tabynlygyndaky edaranyň içki önümçilik, hojalyk işine gatyşmaga gatyşyp bilýärler, şeýle hem ýokarda durýan edara öz tabynlygyndaky edaralaryň, guramalaryň we wezipeli adamlaryň kanuna laýyk gelmeýän namalaryny sökýärler.

Prokuratura edaralar we guramalar bilen hiç-hili tabynlylyk gatnaşyklary bilen bagly däldir, şol sebäpli hem prokuror gözegçiligini amala aşyranda prokuratura beýleki edaralaryň, guramalaryň dolandyryş meselelerine, içki-hojalyk işine gatyşmaýar. Prokuroryň hut özi edaralaryň, guramalaryň işine rewiziýa barlagyny geçirmeýär, bikanun namalary ýatyrmaýar[15], ol diňe kanuna garşy gelýän hereketlere dürli täsir ediş namalary getirmegiň üsti bilen täsir edip bilýär. Emma kanunylygy pugtalandyrmak boýunça uly ygtyýarlyklary bolan häkimiýet edarasy hökmünde, prokuror jenaýaty eden islendik adamyň garşysyna jenaýat işini gozgap bilýär.

Döwletimizde kanunylygy we hukuk tertibini berkitmek, kanunyň bozulmagyny ýüze çykarmak, olaryň

---

[15] Operatiw-agtaryş işini, anyklaýşy we deslapky derňewi amala aşyrýan edaralaryň, wezipeleri adamlaryň namalary muňa girmeýär.

sebäplerini we şertlerini aradan aýyrmak maksady bilen tutuş ýurt möçberinde amala aşyrylýan prokuror gözegçiligi, ähli edaralar, guramalar, wezipeli adamlar we raýatlar tarapyndan kanunlaryň takyk we birmeňzeş berjaý edilmegini üpjün edýär.

Prokuraturanyň wezipeleri Prokuratura hakyndaky Türkmenistanyň kanunynyň 3-nji maddasynda anyk kesgitlenýär, ýagny prokuratura öz işini amala aşyryp aşakdakylary wezipe edinýär:

-Kanunyň ähli zatdan ýokary tutulmagyna üpjün etmegi we kanunylygy pugtalandyrmagy;

-raýatlaryň durmuş-ykdysady, syýasy we gaýry hukuklaryny hem-de azatlyklaryny goramaklygy;

-döwlet häkimiýet, Ýaragly Güýçleriň we beýleki goşunlaryň, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň, kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň, jemgyýetçilik birleşikleriniň hukuklaryny goramaklygy;

-önümçilik-hojalyk we täjirçilik işine gatnaşýanlaryň hukuklaryny goramaklygy.

Ýokardakylardan görnüşi ýaly prokuror gözegçiliginiň wezipeleri dürli-dürli jemgyýetçilik we şahsy gymmatlyklary hem-de eşretlikleri goramak bolup durýar. Prokuror bu wezipeleri amala aşyryp, diňe bir raýatlaryň, guramalaryň we edaralaryň hukuklaryny we bähbitlerini goraman, eýsem, tutuş jemgyýetimiziň we döwletimiziň esaslaryny pugtalandyrýar.

Kanunçylyga laýyklykda (Prokuratura hakyndaky kanunyň 3-nji maddasy) prokuratura öz işini aşakdaky ugurlar boýunça amala aşyrýar:

- Türkmenistanyň raýatlarynyň, daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy ýok adamlaryň hukuklarynyň we

azatlyklarynyň berjaý edilişine gözegçiligi;

- döwlet häkimiýet, harby dolandyryş, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, kärhanalary, edaralary, guramalary, jemgyýetçilik birleşikleri, önümçilik-hojalyk we täjirçilik işine gatnaşýanlar we raýatlar tarapyndan kanunlaryň we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ýerine ýetirilişine umumy gözegçiligi;

-operatiw-agtaryş işini, anyklaýyş we deslapky derňewi amala aşyrýan edaralar tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygynyň ýerine ýetirilişine gözegçiligi;

-tutulyp saklananlaryň, tussag edilenleriň saklanylýan we azatlykdan mahrum ediş jezalarynyň ýerine ýetirilýän ýerlerinde, kazyýetiň bellän beýleki jezalarynyň, mejbur ediş häsiýetli çäreleriň ýerine ýetirilýän edaralarynda Türkmenistanyň kanunlarynyň ýerine ýetirilişine gözegçiligi;

-kanunlarda göz öňünde tutulan halatlarda jenaýaty derňemegi, jenaýat edenleri jenaýat jogapkärçiligine çekmegi.

-kazyýetde işleriň seljerilmegine gatnaşmagy;

(Seret çyzgy № 1)

**Çyzgy №1**

# Prokuraturanyň işiniň

## WEZIPELERI

- Kanunyň ähli zatdan ýokary tutulmagyny üpjün etmek we kanunçylygy pugtalandyrmak
- raýatlaryň durmuş-ykdysady, syýasy we gaýry hukuklaryny hem-de azatlyklaryny goramak
- döwlet häkimiýet, Ýaragly Güýçleriň we beýleki goşunlaryň, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň, kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň, jemgyýetçilik birleşikleriniň hukuklaryny goramak
- önümçilik-hojalyk we täjirçilik işine gatnaşýanlaryň hukuklaryny goramak

## UGURLARY

- Türkmenistanyň raýatlarynyň, daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy ýok adamlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň berjaý edilişine gözegçilik
- döwlet häkimiýet, Ýaragly Güýçler we beýleki goşunlar, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, kärhanalar, edaralar, guramalar, jemgyýetçilik birleşikler, önümçilik-hojalyk we täjirçilik işine gatnaşýanlar we raýatlar tarapyndan kanunlaryň we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ýerine ýetirilişine umumy gözegçilik
- operatiw-agtaryş işini, anyklaýyş we deslapky derňewi amala aşyrýan edaralar tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik
- tutulyp saklananlaryň, tussag edilenleriň saklanylýan we azatlykdan mahrum ediş jezalarynyň ýerine ýetirilýän ýerlerinde, kazyýetiň bellän beýleki jezalarynyň, mejbur ediş häsiýetli çäreleriň ýerine ýetirilýän edaralarynda Türkmenistanyň kanunlarynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik
- jenaýatlary derňemek, jenaýat edenleri jenaýat jogapkärçiligine çekmek
- kazyýetde işleriň seljerilmegine gatnaşmak

Prokuratura şeýle hem öz ygtyýarlyklarynyň çygryna girýän ugurlar boýunça kanunlary we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalarynyň taýýarlanylmagyna gatnaşýandyr.

Prokuratura işiniň sanalyp geçilen ugurlarynyň içinden ilkinji üçüsi kanunlaryň berjaý edilşine prokuror gözegçiliginiň esasy pudaklaryny emele getriýärler. Bu prokuror gözegçilik pudaklary öz aralarynda mazmunlary we häsiýetleri boýunça tapawutlanyp, olaryň amala aşyrylmagy Prokuratura hakyndaky Türkmenistanyň kanuny, konstitusion, dolandyryş, jenaýat, raýat, iş ýörediş, ýerine ýetiriş hukuk pudaklarynyň kadalary bilen kadalaşdyrylýar.

Geliň olaryň üstünde has düýpli durup geçeliň.

## Umumy gözegçilik

1)Döwlet häkimiýet, harby dolandyryş, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, kärhanalary, edaralary, guramalary, jemgyýetçilik birleşikleri, önümçilik-hojalyk we täjirçilik işine gatnaşýanlar we raýatlar tarapyndan kanunlaryň we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ýerine ýetirilişine prokuror gözegçiligi prokuror gözegçiliginiň özbaşdak pudagy bolup, kanunalaýyklykda "umumy gözegçilik" diýen adalga bilen aňladylýar. Prokuror gözegçiliginiň bu pudagynyň ýokarda görkezilen adalga bilen aňladylmagy, ony prokuror gözegçiliginiň beýleki pudaklaryndan tapawutlandyrmaga mümkinçilik döredýär.

Umumy gözegçiligiň wezipeleri şu aşakdakylary üpjün etmek bolup durýar:

- ýokarda görekezilen ýuridiki we fiziki şahslar tarapyndan Türkmenistanyň kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň namalarynyň, Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlarynyň takyk we birmeňzeş berjaý edilmegini;
- ýokarda görkezilen edaralar we wezipeli adamlar tarapyndan çykarylýan hukuk namalarynyň Türkmenistanyň kanunlaryna we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyk gelmegini;
- raýatlaryň kanunda bellenilen hukuklarynyň we azatlyklarynyň berjaý edilmegini;
- kanun bozulmalarynyň amala aşyrylmagyna ýardam edýän ýagdaýlary düzetmek, bozulan hukuklary dikeltmek üçin çäreleriň görülmegini.

Umumy gözegçiligiň öňünde duran agzalan wezipeleri amala aşyrmak üçin prokuroryň kanun tarapyndan anyk kesgitlenýän ygtyýarlyklary bar. Prokuratura hakyndaky kanunyň 38-nji maddasyna laýyklykda prokurorlar gözegçilik işini amala aşyrmak bilen baglanyşykda kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň çägine we jaýyna gulluk şahsyýetnamasyny görkezmek bilen girip bilýärler, olaryň döwlet syry hasaplanmaýan resminamalary we maglumatlary bilen tanyşyp, kanun bozulmalarynyň maglumatlary hakynda prokuratura edaralaryna gelip gowşan habar bilen baglanyşykly kanunlaryň ýerine ýetirilişini barlap bilýärler.

Ondan başga-da prokurorlar öz ygtyýarlyklarynyň çäginde ýolbaşçylardan we beýleki wezipeli adamlardan kanunylygyň ýagdaýy we ony üpjün etmek boýunça kabul edilýän çäreler hakynda zerur resminamalaryň,

maglumatlaryň, hasabat we beýleki maglumatlaryň berilmegini talap edip builýär. . Prokuror tarapyndan talap edilýän maglumat oňa Türkmenistanyň kanunlarynda bellenen tertipde prokuror tarapyndan görkezilen möçberlerde we möhletlerde tölegsiz berilmelidir. Şunlukda prokuror Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen halatlarda talap edilen maglumatda bar bolan döwlet we beýleki syryň aýan edilmezligini üpjün etmäge borçludyr.

Prokurorlar gözegçiligindäki we tabynlygyndaky kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň we tabynlygyndaky wezipeli adamlaryň işine barlaglaryň we derňewleriň geçirilmegini, hünärmenleriň berilmegini we seljermeleriň geçirilmegini, öz ygtyýarlyklaryna laýyklykda prokuratura gelip gowşan maglumatlaryň, ýüztutmalaryň barlaglarynyň geçirilmegini ýolbaşçylardan we beýleki wezipeli adamlardan talap edip bilýärler. Wezipeli adamlar barlaglary we derňewleri geçirmek hakynda prokuroryň talaplaryny ýerine ýetirmäge haýal etmän girişmäge borçludyrlar.

Zerur halatlarda prokurorlaryň wezipeli adamlary we raýatlary çagyryp, kanun bozulmalary barada olardan dilden we ýazmaça düşündirişler talap etmäge hukuklary hem bardyr

Prokuror barlaglaryň netijesinde wezipeli adamlaryň Türkmenistanyň kanunçylygyna garşy gelýän hukuk namalaryny ýa-da hereketlerini ýüze çykarsa olar barada -garşylyknama getirýär.

Türkmenistanyň kanunçylygynyň göz-görtele bozulmalaryny düzetmek hakynda -tabşyryknama çykarýar.

Türkmenistanyň kanunçylygynyň bozulmagyna ýol

beren döwlet dolandyryş edaralaryna we edaralaryň, kärhanalaryň we guramalaryň ýolbaşçylaryna ýa-da kanun bozulmalaryny we olary amala aşyrmaga ýardam eden sebäpleri we şertleri düzetmek hakynda ýokarda durýan edara -teklipnama berýär.

Bulardan başga-da prokuror öz ygtyýarlyklarynyň çäginde jenaýat işini gozgamak, düzgün-nyzam önümçiligini we dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalarynyň önümçiligini gozgamak hakynda kanunda bellenilen tertipde karar çykarýar. Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan esaslar boýunça we tertipde raýatlaryň we döwletiň, kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň hukuklaryny hem-de kanuny bähbitlerini goramak üçin kazyýete ýüz tutýar.

Umumy gözegçiliginiň beýleki ugurlaryndan tapawutlylykda umumy gözegçilik kanunlaryň ägirt uly köpçüliginiň amal edilmegini öz içine alýan köptaraplaýyn we giň ugurdyr. Umumy gözegçilik diňe anyklaýyş we deslapky derňew edaralarynyň, kazyýetleriň we araçy kazyýetleriň, şeýle-de kazyýetiň bellän jeza çärelerini ýerine ýetirýän edaralaryň işini düzgünleşdirýän kanunlaryň berjaý edilişine gözegçilik etmegi öz içine almaýar.

## Operatiw-agtaryş işini, anyklaýşy we deslapky derňewi amala aşyrýan edaralaryň kanunlary ýerine ýetirişine prokuror gözegçiligi

Prokuraturanyň işiniň esasy ugurlarynyň biri-de, Türkmenistanda jenaýatçylyga garşy göreş alyp barýan operatiw-agtaryş işini, anyklaýşy we deslapky derňewi amala aşyrýan edaralaryň kanunlary ýerine ýetirişine prokuror gözegçilik etmeklikdir. Türkmenistanyň çäklerinde operatiw-agtaryş işlerini amala aşyrmaga hukukly edaralaryň sanawy Operatiw-agtaryş işleri hakynda Türkmenistanyň Kanunynda takyk kesgitlenenýär. Anyklaýyşy içeri işler edaralary, milli howpsuzlyk edaralary, Türkmenistanyň neşelere garşy göreşmek baradaky döwlet gullugy, Döwlet serhet gullugynyň bölümleriniň we birikmeleriniň serkerdeleri, şeýle hem kanun tarapyndan anyklaýyş geçirmek borçlary üstüne ýüklenen beýleki edaralar we wezipeli adamlar geçirip bilýärler. Anyklaýyş edaralaryň takyk sanawy Türkmenistanyň JIỲK-niň 76-njy maddasynda kesgitlenilýär.

Türkmenistanyň JIỲK-niň 222-nji maddasynda jenaýat işleri boýunça deslapky derňew prokuraturanyň, içeri işler, milli howpsuzlyk we neşelere garşy göreşmek baradaky döwlet gullugynyň edaralarynyň sülçileri tarapyndan geçirilýändigi kesgitlenýär.

Bu ugur boýunça prokuror gözegçiligi amala aşyrmagyň baş maksady operatiw-agtaryş işini, anyklaýşy we deslapky derňewi amala aşyrýan ähli edaralar tarapyndan kanunçylygyň talaplarynyň ýerine ýetirilmegini

üpjün etmek bolup durýar. Şol maksada laýyklykda prokuror gözegçiligiň öňünde -şahsyýeti, döwleti we ýuridik şahslary jenaýatçylykly kast etmelerden goramagy üpjün etmek;

-jenaýatlar hakyndaky arzalaryň we habarlaryň çözülmeginiň, operatiw-agtaryş çärelerini ýerine ýetirmegiň, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde jenaýat işlerini gozgamagyň we ýatyrmagyň ýa-da jenaýat işleri boýunça önümçiligi togtatmagyň kanunda göz öňünde tutulan tertibini berjaý etmek,

-derňewi geçirmegiň we tussaglykda saklamagyň möhletlerini berjaý etmek;

-raýatlaryň jenaýat jogapkärçiligine bikanun

çekilmegine ýol bermezlik;

-aýyplanýany paş edýän, onuň jogapkärçiligini ýeňilleşdirýän we agyrlaşdyrýan ähli ýagdaýlary hemmetaraplaýyn, doly we dogry barlamak hakynda Türkmenistanyň kanunlarynyň talaplaryny gyşarnyksyz ýerine ýetirmek, iş ýöredişe gatnaşyjylaryň we beýleki raýatlaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini pugta berjaý etmek;

-jenaýatlaryň öňüni almak, olaryň amala aşakdaky wezipeleri goýýar: aşyrylmagyna ýardam edýän sebäpleri we şertleri ýok etmek boýunça çäreleri görmek ýaly wezipeler durandyr.

Prokuror operatiw-agtaryş işini, anyklaýşy we deslapky derňewi amala aşyrýan edaralaryň hereketleriniň kanunylygyna gözegçilik edende: 1)amala aşyrylan ýa-da taýýarlanýan jenaýatlar hakynda arzalary we habarlary kabul etmek, bellige almak we çözmek hakynda Türkmenistanyň kanunçylygynyň talaplarynyň ýerine

ýetirilişini barlaýar; 2) şol edaralardan barlamak üçin jenaýat işlerini, amala aşyrylan ýa-da taýýarlanylýan jenaýatlar baradaky, operatiw-agtaryş işiniň, anyklaýşyň, deslapky derňewiň barşy hakyndaky resminamalary, maglumatlary we beýleki maglumatlary talap edýär;3) bu işi amala aşyrýan edaralar tarapyndan operatiw-agtaryş çärelerini geçirmegiň kanunylygyny barlaýar, operatiw-agtaryş çäreleri amala aşyrylanda kanunylygyň bozulmalaryny ýok etmek üçin çäreler görýär;4) anyklaýşy we deslapky derňewi geçirýän adamlaryň hereketlerine we çözgütlerine bolan şikaýatlara seredýär we çözýär;5) anyklaýşy, deslapky derňewi geçirýän we operatiw-agtaryş işini amala aşyrýan adamlar tarapyndan kanunylygyň bozulmalarynyň ýüze çykarylan maglumatlary boýunça prokuror, prokuror täsir ediş namalarynyň Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan çärelerini görýär;6) sülçüleriň we anyklaýşy geçirýän adamlaryň bikanun we esaslandyrylmadyk kararlaryny, şeýle hem derňew we anyklaýyş edaralarynyň ýolbaşçylarynyň kanuna laýyk gelmeýän görkezmelerini we kararlaryny ýatyrýar;7) jenaýaty derňemek hakynda, ätiýaçlyk çäresini saýlamak, üýtgetmek ýa-da ýatyrmak hakynda, jenaýatlary maddalaşdyrmak, aýry-aýry derňew hereketlerini geçirmek we jenaýatlary amala aşyran adamlary agtarmak hakynda ýazmaça görkezmeler berýär;8) prokuroryň ýa-da prokuraturanyň sülçüsiniň önümçiliginde bar bolan işler boýunça aýry-aýry derňew hereketlerini amala aşyrmagy anyklaýyş edaralaryna tabşyrýar;9) adamyň tussag edilmegine, öý dökülmegine, poçta-telegraf hat-habarlaryň gozgamasyz edilmegine we onuň alynmagyna, telefon we beýleki gepleşikleriň, telegraf habarlarynyň

diňlenilmegine, aýyplanýanyň wezipesinden çetleşdirilmegine Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde sanksiýa berýär;10) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen halatlarda we tertipde derňewiň, ätiýaçlyk çäresi hökmünde tussaglykda saklamagyň möhletini uzaldýar we belleýär;11) Türkmenistanyň jenaýat iş ýörediş kodeksine laýyklykda goşmaça derňew geçirmek hakynda ýazmaça görkezmeler bermek bilen anyklaýyş we deslapky derňew edaralaryna jenaýat işlerini gaýtarýar;12) Türkmenistanyň jenaýat iş ýörediş kodeksine laýyklykda anyklaýyş we deslapky derňew önümçiligine gatnaşmaga, şeýle hem özi islendik iş boýunça aýry-aýry derňew hereketlerini ýa-da doly möçberde derňew geçirmäge hukuklydyr;13) işi bir edara we bir sülçi tarapyndan derňemek ýörelgesiniň durmuşa geçirilmegini Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde üpjün edýär, kanunda göz öňünde tutulan halatlarda bolsa derňewiň has doly we dogry geçirilmegini üpjün etmek maksady bilen işi başga edara ýa-da başga wezipeli adama bermek hakyndaky meseleleri çözýär;14) eger jenaýat işi derňelende Türkmenistanyň kanunçylygynyň bozulmagyna ýol berilse, onda anyklaýyş geçirýän adamy ýa-da sülçini anyklaýşy ýa-da deslapky derňewi mundan beýläk alyp barmakdan çetleşdirýär;5) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde jenaýat işlerini gozgaýar, jenaýat işleri boýunça önümçiligi togtadýar, aýyplaw netijenamalaryny tassyklaýar, jenaýat işlerini kazyýete iberýär ýa-da jenaýat işlerini gozgamakdan ýüz dönderýär, jenaýat işlerini önümçilikden ýatyrýar;16) zerur halatlarda derňew we anyklaýyş edaralarynyň ýolbaşçylaryndan kanunçylygyň bozulmalaryny düzetmek maksady bilen

özüne tabyn bolan edaralarda barlaglaryň geçirilmegini talap edýär[16].

## Tutulyp saklanan adamlaryň saklanylýan ýerlerinde, deslapky tussag ýerlerinde jeza çäreleri hem-de kazyýetiň mejbur ediş häsiýetli bellän beýleki çäreleri ýerine ýetirilende Türkmenistanyň kanunçylygynyň berjaý edilişine prokuror gözegçiligi

*Tutulyp saklanan adamlaryň saklanylýan ýerlerinde, deslapky tussag ýerlerinde jeza çäreleri hem-de kazyýetiň mejbur ediş häsiýetli bellän beýleki çäreleri ýerine ýetirilende Türkmenistanyň kanunçylygynyň berjaý edilişine prokuror gözegçiligi* bu prokuror gözegçiliginiň dört pudagynyň biridir.

Türkmenistanyň prokuraturasy hakynda kanunyň 49-njy maddasyna we Türkmenistanyň Düzediş-zähmet kodeksiniň 11-nji maddasyna laýyklykda, bu gözegçilik, tutulyp saklanan adamlaryň saklanylýan ýerlerinde, deslapky tussag ýerlerinde, düzediş edaralarynda we jeza çärelerini ýerine ýetirýän beýleki edaralarda saklanylmagynyň we kazyýet tarapyndan bellenilýän mejbur ediş häsiýetli beýleki çäreleriň ýerine ýetirilmeginiň kanunylygyna, tutulyp saklanan, tussag edilen, azatlykdan mahrum edilen we mejbur ediş häsiýetli çäreler ulanylan adamlaryň Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen hukuklarynyň hem-de borçlarynyň, olary saklamagyň tertibiniň we şertleriniň berjaý edilmegine, şeýle hem zatlykdan mahrum etmek bilen baglanyşykly

[16] "Türkmenistanyň prokuraturasy hakynda" Türkmenistanyň kanunynyň 40-nji maddasy;

bolmadyk jeza çäresiniň ýerine ýetirilmeginiň kanunylygyna gözegçilik etmegi öz içine alýar.

Prokuror gözegçiliginiň bu görnüşi beýlekilerden özüniň aýratynlygy bilen tapawutlanýarlar, bu aýratynlyk prokuroryň ygtyýarlyklary bilen bagly bolup durýar. Tutulyp saklanan adamlaryň saklanylýan ýerlerinde, deslapky tussag ýerlerinde, kazyýetde işi seredilenleriň hem-de kazyýetiň mejbur ediş häsiýetli bellän beýleki çäreleriniň ýerine ýetirilişiniň kanunylygyna gözegçiligi amala aşyranda prokuror:

-agzalan ýerlere yzygiderli islendik wagtda baryp bilýär, olaryň islendik jaýlaryna päsgelçiliksiz girip bilýär;

-tutulyp saklananlardan, tussag edilenlerden, iş kesilenlerden ýa-da beýleki mejbur ediş häsiýetli çäreler ulanylanlardan düşündiriş alýar;

-adamyň tutulyp saklanylmagyna, dolandyryş taýdan tussag edilmegine, tussag edilmegine, şeýle hem azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jeza çäresini çekmegine we jezanyň beýleki çärelerine ýa-da mejbur ediş häsiýetli çäreleriň ulanylmagyna  esas bolan resminamalar bilen tanyşýar;

-azatlykdan mahrum ediliş ýerlerinde ýa-da beýleki jeza çäreleriniň we mejbur ediş häsiýetli çäreleriň ýerine ýetirilýän edaralarynda bikanun saklanylýan, ýa-da kanunlaryň bozulmagy esasynda tutulyp saklanylan, deslapky tussag edilen her bir adamy öz karary bilen boşadýar, şeýle çäreleriň kazyýet edaralary tarapyndan ulanylýan halatlary muňa girmeýär;

-tutulyp saklanan adamlaryň saklanylýan, deslapky tussag we düzediş edaralarynyň şeýle hem jeza çärelerini ýerine ýetirýän beýleki edaralaryň ýolbaşçylarynyň

buýruklarynyň we kararlarynyň şol edaralarda adamlary saklamagyň tertibini we şertlerini düzgünleşdirýän Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyk gelýändigini barlaýar, olar kanunlara laýyk gelmedik ýagdaýynda şeýle namalaryň ýerine ýetirilmegini togtadýar, olara garşylyknama getirýär, administrasiýa wekillerinden düşündiriş talap edýär;

-tutulyp saklanylan, dolandyryş taýdan tussag edilen, tussag edilen, azatlykdan mahrum ediş jeza çäresi ulanylan adamlaryň, şeýle hem beýleki jeza çäreleri ýa-da mejbur ediş häsiýetli çäreler ulanylan adamlaryň döwlet edaralaryna, jemgyýetçilik birleşiklerine, döwlet wezipeli adamlara şikaýat we arzalar bilen ýüz tutmak barada kanunda göz öňünde tutulan hukuklarynyň hem-de administrasiýanyň şikaýatlary we arzalary degişli ýerlerine bellenilen tertipde ibermek boýunça kanunyň talaplarynyň ýerine ýetirilişini barlaýar we administrasiýa tarapyndan kanunlaryň şu talaplary bozulan halatynda Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan çäreleri görýär;

-kanunyň talaplaryna laýyk gelmedik halatynda, tussag edilen, azatlykdan mahrum edilen adamlara berlen düzgün-nyzam temmisini ýatyrýar, öz karary bilen olary gabawhanadan haýal etmän boşadýar[17].

Bu ugurda gözegçilik edilýän edaralaryň aýratynlygyny hasaba almak bilen prokuror, tutulyp saklanan, tussag edilen, azatlykdan mahrum edilen we mejbur ediş häsiýetli çäreler ulanylan adamlaryň prokuroryň özüne we beýleki döwlet edaralaryna we

[17]“Türkmenistanyň prokuraturasy hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 40-nji maddasy;

wezipeli adamlara arza-şikaýat bilen ýüz tutmaga bolan hukuklarynyň berjaý edilişine has pugta gözegçilik edýär.

Tutulyp saklananlary, tussag edilenleri, azatlykdan mahrum edilenleri, mejbur ediş häsiýetli çärelere sezewar edilen adamlary ýa-da psihiatrik edaralara ýerleşdirilenleri saklamagyň Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen tertibini we şertlerini ýerine ýetirmek hakynda prokuroryň karary we talaby administrasiýa tarapyndan, şeýle hem azatlykdan mahrum etmek bilen baglanyşykly bolmadyk jeza çäresi bellenilen adamlar barada kazyýetiň çykaran hökümlerini ýerine ýetirýän edaralar tarapyndan ýerine ýetirilmegi hökmanydyr.

Prokuratura işiniň esasy ugurlarynyň biri-de kazyýetlerde işlere seredilende prokuroryň gatnaşmagy bolup durýandyr. Prokuror öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde raýat, arbitraž, jenaýat işlerine birinji basgançakly kazyýetde, şeýle-de dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary baradaky işlere seredilende Türkmenistanyň kanunlarynda göz öňünde tutulan halatlarda gatnaşýar. Kazyýetde işlere seredilende gatnaşýan prokuroryň ygtyýarlyklary Türkmenistanyň iş ýörediş kanunçylygy[18] bilen kesgitlenilýändir.

Mysal üçin prokuror kazyýetde döwlet aýyplaýjysy hökmünde çykyş edýär we döwlet aýyplawyny goldamak arkaly kanunçylygyň talaplaryna we işiň ähli ýagdaýlarynyň hemme taraplaýyn, doly we dogry derňelmegine esaslanan öz içki ynam-ygtykadyna goldanýar. Eger prokuror kazyýetiň seljerişi netijesinde

[18] Türkmenistanyň iş ỳörediş kanunçylygy diỳlende, esasan, Jenaỳat we Raỳat iş ỳörediş, Arbitraž iş ỳörediş kodekslerine we beỳleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna düşünilỳär;

kazyýetde işi seredilýäne bildirilýän aýyp tassyklanmady diýen netijä gelse, onda ol ony aýyplamakdan ýüz dönderýär.[19] Derňew geçiren adam döwlet aýyplaýjysy hökmünde bu işiň kazyýetde seljerilmegine gatnaşyp bilmez.

Prokuror kazyýetiň mejlisinde işler seredilende: 1) kazyýetiň jenaýat işler boýunça serenjam mejlisine, kazyýetde birinji basgançak boýunça raýat, arbitraž we jenaýat işleri seljerilende gatnaşýar; 2) raýat, arbitraž we jenaýat işlerine nägilelik we gözegçilik tertibinde garalanda öz pikirini aýdýar; 3) kazyýetiň Türkmenistanyň kanunçylygyna garşy gelýän kararlaryna hususy, nägilelik we gözegçilik tertibindäki teklipnamalary we garşylyknamalary getirýär we olary kazyýetde seredilýänçä yzyna almaga hukuklydyr.

Kanuna laýyklykda, degişli etrap, etrap hukukly şäher, welaýat we welaýat hukukly şäher, harby prokurory kazyýetiň kanuny güýje girmedik hökümleri, çözgütleri, kesgitnamalary we kararlary barada degişlilikde ýokardaky kazyýete hususy ýa-da nägilelik tertibindäki teklipnama ýa-da garşylyknama bermäge haklydyrlar. Prokuroryň kömekçileri, müdirligiň prokurorlary, bölümiň prokurorlary bolsa diňe özleriniň gatnaşan işleri boýunça kazyýet namalaryna  hususy ýa-da nägilelik tertibindäki teklipnama getrip bilýärler.

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumynyň we Giňişleýin mejlisiniň kararlaryna, Türkmenistanyň islendik kazysynyň ýa-da kazyýetiniň hökümlerine,

[19] Türkmenistanyň JIÝK-nyň 356-njy maddasy; “Türkmenistanyň prokuraturasy hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 44-nji maddasy;

çözgütlerine, kesgitnamalaryna we kararlaryna garşylyknama kanuny güýjine girmedik hökümleriň we kesgitnamalaryň üstünden bolsa nägilelik tertibinde teklipnama ýa-da hususy teklipnama getirmek hukugy Türkmenistanyň Baş prokuroryna degişlidir. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumynyň, Giňişleýin mejlisiniň kararlaryndan başga, Türkmenistanyň islendik kazysynyň ýa-da kazyýetiniň hökümlerine, çözgütlerine, kesgitnamalaryna we kararlaryna garşylyknama, kanuny güýjine girmedik hökümleriň we kesgitnamalaryň üstünden bolsa nägilelik tertibinde teklipnama ýa-da hususy teklipnama getirmek hukugy Türkmenistanyň Baş prokurorynyň orunbasarlaryna degişlidir[20].

Türkmenistanyň Baş prokurory Türkmenistanyň islendik kazysynyň ýa-da kazyýetiniň garşylyknama getirilen höküminiň, çözgüdiniň, kesgitnamasynyň we kararynyň, onuň orunbasarlary bolsa Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumynyň we Giňişleýin mejlisiniň kararlaryndan başga, Türkmenistanyň islendik kazysynyň ýa-da kazyýetiniň garşylyknama getirilen höküminiň, çözgüdiniň, kesgitnamasynyň we kararynyň ýerine ýetirilmegini iş gözegçilik tertibinde çözülýänçä togtatmaga hukuklydyr.

Türkmenistanyň Baş prokurorynyň raýat, arbitraž we jenaýat işlerine, dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky işleriň seredilmegi bilen baglanyşykly kanunlary ulanmak meseleleri barada kazyýetlere

---

[20] "Türkmenistanyň prokuraturasy hakynda" Türkmenistanyň kanunynyň 46-njy maddasy;

ugrukdyryjy düşündirişler bermek hakynda Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň seretmegine teklipnama girizmäge hukugy bardyr.

## §2. Prokuratura edaralaryň ulgamy we gurluşy.

Türkmenistanyň prokuratura edaralarynyň ulgamy- bu Türkmenistanyň Konstitusiýasynda berkidilen demokratik ýörelgeleriň esasynda, hem-de ýurdumyzyň dolandyryş-çäk gurluşyna we döwlet dolandyryşynyň möhüm pudaklaryna laýyklykda guralyp, Türkmenistanyň Baş prokurorynyň ýolbaşçylygynda hereket edýän prokuratura edaralarynyň ýeke-täk merkezleşdirilen toplumydyr.

Türkmenistanyň prokuraturasy hakynda Türkmenistanyň kanunynyň 14-nji maddasyna laýyklykda Prokuratura edaralarynyň ulgamy şulardan ybaratdyr: 1) Türkmenistanyň Baş prokuraturasy; 2) welaýatlaryň, welaýat hukukly şäherleriň prokuraturalary; 3) etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň prokuraturalary; 4) harby prokuraturalar; 5) ýöriteleşdirilen prokuraturalar. (Seret çyzgy №1).

Prokuraturanyň ýerlerdäki edaralaryny döretmeklik, üýtgedip guramaklyk we ýatyrmaklyk bilen bagly meseleler Türkmenistanyň Baş prokurorynyň teklipnamasy boýunça Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan çözülýändir.

Türkmenistanyň prokuratura edaralarynyň ulgamyna prokuratura edaralaryna ýolbaşçylyk edýän, olaryň işini guraýan we gözegçilik edýän Türkmenistanyň Baş prokurory ýolbaşçylyk edýändir.

**Çyzgy №2 Prokuraturanyň işiniň maksatlary we ugurlary**




Ýurdumyzyň dolandyryş-çäk gurluşyna laýyklykda prokuratura edaralaryň ulgamy üç düzüm bölekden ybarat bolup durýar.

Prokuratura edaralarynyň ulgamynyň birinji we esasy düzüm bölegi bu etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň prokuraturalary bolup durýarlar. Mysal üçin: *Baharly etrap prokuraturasy; Magtymguly etrap prokuraturasy; Atamyrat etrap prokuraturasy; Türkmenbaşy şäher prokuraturasy;*

*Magdanly şäher prokuraturasy.* Bu prokuratura edaralary welaýatlaryň we welaýat hukukly şäherleriň düzüminde döredilýär we degişlilikde olara tabyn bolýarlar.

Prokuratura edaralarynyň ulgamynyň ikinji düzüm bölegini welaýatlaryň, welaýat hukukly şäherleriň prokuraturalary düzýärler. Mysal üçin: *Balkan welaýat prokuraturasy; Daşoguz welaýat prokuraturasy; Aşgabat şäher prokuraturasy.*

Üçünji düzüm bölegini Türkmenistanyň Baş prokuraturasy emele getirýär. Türkmenistanyň Baş prokuraturasyna aşakda durýan prokuraturalaryň ählisi: welaýatlaryň, welaýat hukukly şäherleriň prokuraturalary; etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň prokuraturalary; harby prokuraturalar; ýöriteleşdirilen prokuraturalar tabyn bolup durýandyrlar.

Ýokarda belleýşimiz ýaly **Türkmenistanyň Baş prokuraturasyna** Türkmenistanyň Baş prokurory ýolbaşçylyk edýär, onuň birinji orunbasary, orunbasarlary, uly kömekçileri we kömekçileri hem bolýar. Orunbasarlaryň arasynda wezipe borçlaryny bölmek Baş prokuror tarapyndan amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda Türkmenistanyň Baş prokurorynyň wezipä bellenilmegi we wezipeden boşadylmagy Türkmenistanyň Mejlisiniň razylygy bilen Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan amala aşyrylýar. Türkmenistanyň Baş prokurory aşakdaky ýagdaýlarda wezipesinden boşadylyp bilinýär:

-ygtyýarlyk möhleti tamamlananda;

-prokuroryň ygtyýarlyklaryny ýerine ýetirmek bilen bir ýere sygyşmaýan etmiş eden halatynda;

-saglyk ýagdaýy boýunça gulluk borçlaryny ýerine

ýetirmäge mümkinçiliginiň bolmazlygy bilen baglanyşykly;

- başga işe geçmegi sebäpli ýa-da öz islegi boýunça.

Baş prokuraturanyň düzümi dürli ugurlar boýunça işleýän baş müdirliklerden, müdirliklerden we bölümlerden ybaratdyr. Mysal üçin: Türkmenistanyň Baş prokuraturasynyň Baş derňew müdirligi; Baş harby müdirligi.

Baş müdirlikleriň, müdirlikleriň, bölümleriň başlyklary Baş prokuroryň uly kömekçileridir, olaryň orunbasarlary we müdirlikleriň bölümleriniň başlyklary bolsa Baş prokuroryň kömekçileridir. Türkmenistanyň Baş prokurorynyň gözegçiligiň käbir ugurlary we aýratyn tabşyryklar boýunça uly kömekçileri we kömekçileri bolup, olaryň hukuk derejesi degişlilikde baş müdirlikleriň we müdirlikleriň başlyklarynyň we olaryň orunbasarlarynyň, bölüm başlyklarynyň hukuk derejesine laýyk gelýär. Baş prokuraturada prokuratura edaralarynyň guralyşy we işi, kanunlary kämilleşdirmek işi bilen baglanyşykly meselelere seretmek üçin ylmy-usulyýet maslahaty hereket edýär. Ylmy-usulyýet maslahaty hakyndaky düzgünnama we onuň düzümi Türkmenistanyň Baş prokurory tarapyndan tassyklanylýar.[21] Geňeşli çözgütleri talap edýän hem-de prokuratura edaralarynyň işiniň has möhüm meselelerine seretmek üçin Türkmenistanyň Baş prokuraturasynda hem-de welaýat, welaýat hukuklay şäher prokuraturalarynda kollegiýalar döredilýär.

**Welaýatlaryň we welaýat hukukly şäher**

[21] "Türkmenistanyň prokuraturasy hakynda" Türkmenistanyň kanunynyň 18-nji maddasy;

**prokuraturalaryna** degişli prokurorlar ýolbaşçylyk edip, olaryň orunbasarlary, uly kömekçileri we kömekçileri bolýar. Welaýatlaryň we welaýat hukukly şäherleriň prokuraturalarynda baş bölümler we bölümler döredilýär. Baş bölümleriň we bölümleriň başlyklary degişli welaýat we welaýat hukukly şäherleriň prokurorlarynyň uly kömekçileri, olaryň orunbasarlary we bölüm prokurorlary bolsa olaryň kömekçileri bolup durýar.[22] Welaýatlaryň we welaýat hukukly şäherleriň prokurorlary Türkmenistanyň kanunlary we Türkmenistanyň Baş prokurorynyň namalary esasynda, öz tabynlygyndaky ähli işgärler üçin hökmany bolan buýruklary we görkezmeleri çykarmak arkaly etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň prokuraturalarynyň, ýöriteleşdirilen prokuraturalaryň işine ýolbaşçylyk edýärler.

**Etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň prokuraturalaryna**, **harby we ýöriteleşdirilen prokuraturalara** degişli prokurorlar tarapyndan ýolbaşçylyk edilýär. Görkezilen prokuraturalarda prokurorlaryň orunbasarlarynyň, prokurorlaryň uly kömekçileriniň, kömekçileriniň, uly sülçüleriň we sülçüleriň wezipeleri bellenilýär. Etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň, harby we ýöriteleşdirilen prokuraturalaryň prokurorlary degişli prokuraturalaryň işine ýolbaşçylyk edýärler we öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde tabynlygyndaky işgärleriň ýerine ýetirmegi üçin hökmany bolan buýruklary we görkezmeleri çykarýarlar, prokuraturanyň wezipe sanawyny üýtgetmek hakynda, öz

[22] "Türkmenistanyň prokuraturasy hakynda" Türkmenistanyň kanunynyň 19-njy maddasy;

tabynlygyndaky prokuratura işgärlerini wezipä bellemek we wezipeden boşatmak hakynda ýokardaky prokurora teklipleri berýärler.

**Ýöriteleşdirilen prokuraturalar-** kanuna laýyyklykda zerurlyk ýüze çykan mahalynda tutulyp saklanan adamlaryň saklanylýan ýerlerinde, deslapky tussag ýerlerinde, jeza çäreleriniň hem-de kazyýetiň mejbur ediş häsiýetli bellän beýleki çäreleriniň ýerine ýetirilýän ýerlerinde döredilýärler. Bu prokuraturalar özleriniň ýerleşýän ýerleri boýunça degişli welaýat, welaýat hukukly şäher prokuroryna tabyndyrlar. Ýöriteleşdirilen prokuraturalarda prokurorlaryň orunbasarlarynyň, prokurorlaryň uly kömekçileriniň, kömekçileriniň, uly sülçüleriň we sülçüleriň wezipeleri bellenilýär. Olar prokuror gözegçiliginiň esasy ugurlarynyň birini, ýagny polisiýa edaralarynyň wagtlaýyn saklaýyş gabawhanalarynda, Derňew gabawhanalarynda, zähmet-bejeriş profilaktoriýalarynda kanunlaryň, agzalan ýerlerde saklanýanlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň berjaý edilşine gözegçiligi amala aşyrýarlar.

**Harby prokuratura edaralarynyň gurluşy** Türkmenistanyň Baş prokuraturasy we harby prokuraturalaryndan ybaratdyr. (Seret çyzgy №1).

Harby prokuratura edaralary kanuna laýyklykda öz ygtyýarlyklaryny Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde hem-de beýleki goşunlarynda, harby birikmelerinde we harby düzümi bolan edaralarynda amala aşyryp:

-Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň we beýleki goşunlarynyň harby dolandyryş edaralary, serkerdeler (başlyklar) we beýleki wezipeli adamlar tarapyndan çykarylýan buýruklaryň, gözükdirmeleriň,

düzgünnamalaryň, gollanmalaryň, görkezmeleriň we beýleki namalaryň Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, kanunlaryna we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň harby düzgünnamalaryna, harby kanunçylygyň beýleki namalaryna laýyk gelýändigini barlamak üçin talap etmäge;

-Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň we beýleki goşunlarynyň harby dolandyryş edaralaryndan, serkerdelerden (başlyklardan) we beýleki wezipeli adamlardan zerur resminamalaryň, materiallaryň, statistiki we başga maglumatlaryň berilmegini, tabynlygyndaky harby bölümleriň, edaralaryň, kärhanalaryň, guramalaryň, harby okuw jaýlaryň, gulluklaryň we wezipeli adamlaryň işlerine kanun bozmalar baradaky bar bolan maglumatlar bilen baglanyşykly barlaglaryň geçirilmegini, gözegçiligiň dowamynda ýüze çykan meseleleri çözmek üçin hünärmenleri bermekligi talap etmäge;

-arzalar, şikaýatlar we hukuk bozulmalar barada beýleki maglumatlar esasynda Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde we beýleki goşunlarynda kanunlaryň ýerine ýetirilişini barlamaga;

- wezipeli adamlary, harby gullukçylary we beýleki raýatlary çagyrmaga we kanun bozulmalar babatynda dilden ýa-da ýazmaça düşündirişleri almaga;

- harby dolandyryş edaralary tarapyndan çykarylan kanuna garşy gelýän buýruklara we beýleki namalara, şeýle hem Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň we beýleki goşunlarynyň serkerdeleriniň (başlyklarynyň) we beýleki wezipeli adamlarynyň bikanun namalaryna garşylyknama getirmäge;

-kanunda kesgitlenen tertibe laýyklykda hukuk

bozujylary jenaýat jogapkärçiligine çekmäge, düzgün-nyzam önümçiligini ýa-da dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary babatynda önümçiligi gozgamaga, kanunda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda olar barada maglumatlary jemgyýetçilik täsiriniň çärelerini ulanmak hakynda meseläni çözmek üçin harby köpçülige, ofiser mertebesiniň kazyýetlerine, jemgyýetçilik guramalaryna geçirmäge, kanuny bozmaklyga ýol berilmezligi hakynda öňünden duýdurmaga;

-bellenen tertipde kanuny bozmagyň netijesinde ýetirilen maddy zyýanyň öweziniň dolunmagyny üpjün etmek hakynda çäreler görmäge;

- harby dolandyryş edaralaryna, serkerdelere (başlyklara), beýleki wezipeli adamlara we jemgyýetçilik birleşiklerine kanuny bozmalary, olara ýardam eden sebäpleri we şertleri aradan aýyrmak hakynda prokuror täsir ediş namalaryny getirmäge hukuklydyrlar.

## §3. Prokuratura edaralaryň işgärleri.

Prokuratura edaralaryndaky gulluk döwlet gullugynyň bir görnüşidir. Prokuratura işgärleri Türkmenistanyň Konstitusiýasy, Türkmenistanyň prokuraturasy hakynda Türkmenistanyň Kanuny we Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk namalary tarapyndan bellenilen talaplara laýyklykda gulluk wezipelerini ýerine ýetirýän döwlet gullukçylary bolup durýandyrlar.

**Prokuratura edaralarynyň prokuror we sülçi wezipelerine bellenilýän adamlaryna bildirilýän talaplar:** Türkmenistanyň prokuraturasy hakyndaky Kanunyň 62-nji maddasyna laýyklykda Prokuratura

edaralarynyň prokurory we sülçüsi wezipesine ýokary ýuridik bilimi, hünärleýin ussatlygy, ahlak sypatlary we öz üstüne ýüklenilen borçlaryny ýerine ýetirmäge saglyk ýagdaýy bolan Türkmenistanyň raýatlary bellenilýär. Türkmenistanyň Baş prokurory wezipesine, welaýatlaryň, welaýat hukukly şäherleriň prokuraturalaryna, şeýle hem etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň prokuraturalaryna, harby we ýöriteleşdirilen prokuraturalara ýolbaşçylyk edýän prokurorlaryň wezipelerine ýaşy 25-den pes bolmadyk, prokuratura edaralarynda işlän döwri bäş ýyldan az bolmadyk adamlar bellenilýär. Ýokary hukuk okuw mekdebini tamamlan we öz hünäri boýunça amaly iş tejribesi bolmadyk adamlar prokuratura edaralarynda bir ýyla çenli möhletde hünär tälimini alýarlar. Hünär tälimini almagyň tertibi Türkmenistanyň  Baş prokurory tarapyndan kesgitlenilýär. Wezipä ilkinji bellenen prokurorlar (sülçüler) bellenen gününden başlap 10 günüň dowamynda kasam kabul edýärler.

**Prokuratura işgäriniň höweslendirilmegi we düzgün-nyzam jogapkärçiligine çekmegiň tertibi:** Prokuratura edaralarynda işgärlere gulluk borçlaryny göreldeli ýerine ýetirýändigi, uzak wagtlap we birkemsiz gulluk edýändigi, aýratyn möhüm we çylşyrymly tabşyryklary ýerine ýetirendigi üçin dürli höweslendirmeler ulanylýar.[23] Işgärleriň öz gulluk borçlaryny ýerine ýetirmändigi ýa-da harsal ýerine ýetirendigi we prokuratura işgäriniň abraýyny masgaralaýan gabahat iş edendigi üçin prokuratura

[23]“Türkmenistanyň prokuraturasy hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 71-nji maddasy;

edaralarynyň ýolbaşçylary tarapyndan Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna laýyklykda olara duýduryş; käýinç; berk käýinç; gulluk derejesini peseltmek; prokuratura edaralaryndan işden boşatmak ýaly düzgün-nyzam temmileri berlip bilinýär.

Prokuratura edaralarynyň prokurorlary ýa-da sülçüleri tarapyndan ýol berlen kanun bozulmalar hakyndaky habarlary we şeýle halatlar barada beýleki hukuk goraýjy edaralardan gelip gowşan maglumatlary barlamak işi prokuratura edaralary tarapyndan geçirilýär. Prokuraturanyň prokurorlary we sülçüleri barada jenaýat işini gozgamak we derňemek gös-göni prokuraturanyň ygtyýaryndaky iş bolup durýar we ol Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipä bellenilýänler babatynda Türkmenistanyň Baş prokurorynyň razylygy bilen, beýlekiler babatynda bolsa ýokardaky prokuroryň razylygy bilen Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde geçirilýär.

**Prokuratura işgärlerini wezipä bellemek we wezipeden boşatmak boýunça prokurorlaryň ygtyýarlyklary:** Türkmenistanyň Baş prokurory:

-Türkmenistanyň Baş prokuraturasynda baş müdirlikleriň we müdirlikleriň başlyklaryny we olaryň orunbasarlaryny, bölüm müdirlerini, gözegçiligiň käbir ugurlary we aýratyn tabşyryklar boýunça uly kömekçisini we kömekçisini, aýratyn möhüm işler boýunça uly sülçülerini hem-de aýratyn möhüm işler boýunça sülçülerini, şeýle hem uly sülçülerini we beýleki işgärlerini; welaýatlaryň we welaýat hukukly şäherleriň

prokuraturalarynyň baş bölümleriniň, bölümleriniň başlyklaryny we olaryň orunbasarlaryny, prokuroryň uly kömekçilerini, aýratyn möhüm işler boýunça sülçülerini we baş hasapçylaryny; etrap we etrap hukukly şäher, ýörüteleşdirilen prokuraturalarda prokurorlaryň orunbasarlaryny; harby prokuraturalarda harby prokurlaryň orunbasarlaryny, uly kömekçilerini, kömekçilerini, uly sülçilerini we sülçilerini wezipelere belleýär we wezipelerden boşadýar.

Welaýatlaryň we welaýat hukukly şäherleriň prokuraturalaryna ýolbaşçylyk edýän prokurorlar:

-welaýatlaryň we welaýat hukukly şäherleriň prokuraturalarynda prokuroryň kömekçilerini, uly sülçülerini we beýleki işgärlerini; etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň prokuraturalarynda we ýöriteleşdirilen prokuraturalarda prokuroryň uly kömekçilerini we kömekçilerini, uly sülçülerini we sülçülerini wezipelere belleýärler we wezipelerden boşadýarlar.

## 4-nji bap. Türkmenistanyň Içeri işler edaralary.

§1. Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi, wezipeleri we ulgamy.

Türkmenistanyň Içeri işler Ministrligi-Türkmenistanyň döwlet hukuk goraýjy edaralarynyň ulgamyna girip, giň gerimdäki hukuk goraýjy wezipeleri amala aşyrýan döwlet edarasydyr. Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi içeri işler edaralarynyň ýeketäk merkezlişdirlen ulgamyny düzýän- welaýat, welaýat hukukly şäher polisiýa müdirliklerine, etrap, etrap hukukly säher polisiýa bölümlerine, Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň içerki goşunlaryna, okuw jaýlaryna, beýleki gulluklara, düzüm birliklere, kärhanalara, edaralara we guramalara ýolbaşçylyk edýär. (Seret çyzgy №1).

**Çyzgy №1 Türkmenistanyň Içeri işler edaralaryň ulgamy**



Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň işi jemgyýetçilik tertibini goramagy, raýatlaryň janyny, saglygyny, hukuklaryny we azallyklaryny jemgyýetiň we döwletiň bähbitlerini jenaýatçylykly we hukuga garşy gelýän gaýry hyýanatçylyklardan goramagy üpjün etmelkige gönükdirlendir we öňünde aşakdaky wezipeler durandyr:

- döwletde hukuk tertibiniň we kanunylygyň ýokary derejesini üpjün etmek;
- Jemgyýetçilik tertibiniň goragyny guramak;
- jenaýatlary we gaýry hukuk tertibiniň bözulmalaryny duýdurmak, ýüze çykarmak we olaryň öňüni almak;
-jenaýatlary öz wagtynda we doly derňemek we olaryň üstüni açmak;
-şahsyýetiň howpsuzlygyny üpjün etmek, onuň janyny, saglygyny, namysyny we mertebesini, raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny hukuga garşy gelýän hyýanatçylyklardan goramak;
-ähli görnüşdäki eýeçiligi hukuga garşy gelýän hyýanatçylyklardan goramak;
-jenaýat jezalarynyň we dolandyryş temmileriniň ýerine ýetirilmegini guramak;
- içeri işler edaralarynyň şahsy düzüminiň gulluk, süweşjeň we watançylyk taýýarlygynyň we düzgün nyzamynyň ýokary derejesini üpjün etmek;
-ýol gözegçiligi amala aşyrmak we ýol hereketiniň howpsuzlygyny, eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan, aýratyn möhüm we beýleki desgalaryň ähtibarly goralmagyny, ýangyn howpsuzlygyny üpjün etmek hem-de döwlet ýangyn gözegçiligini we awariýa-halas ediş işlerini amala aşyrmak;

- öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde halkara jenaýatçylyga garşy göreş ugry boýunça "INTERPOL" halkara guramasynyň Baş müdirligi, "INTERPOL-yň" agzalygyna girýän ýurtlaryň degişli hukuk goraýjy edaralary bilen degişli çäreleri we işleri amala aşyrmak.

Kanuna laýyklykda[24] içeri işler edaralarynyň üstüne ýüklenen wezipeleri berjaý etmek maksady bilen Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi Türkmenistanyň Prezidenti bilen ylalasyp, halkara hukuk kadalary, degişli şertnamalar we ylalaşyklar esasynda beýleki döwletleriň Içeri işler edaralary we halkara hukuk goraýjy guramalary bilen gatnaşyklary ýola goýýarlar we özara arkalaşýarlar.

Içeri işler edaralary öz işlerinde kanunylyk, hemmeleriň kanunyň öňündäki deňligi, şahsyýeti, onuň hukuklaryny we azatlyklaryny, milli adatlary we däp-dessurlary hormatlamak, ynsanperwerlik, aýanlyk, kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň toparlary, jemgyýetçilik birleşikleri we ilat bilen ykjam aragatnaşyk ýaly ýörelgelerinden ugur alýarlar.

Türkmenistanyň Içeri işler ministrligine Türkmenistanyň Mejlisiniň razylygy bilen Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan bellenilýän ministr ýolbaşçylyk edýär. Içeri işler ministri garamagyndaky ministrligiň üstüne ýüklenen wezipeleriň üstünlikli berjaý edilmegine jogapkärdir. Ol öz ygtyýarlyklarynyň çäginde tabynlygyndaky edaralar we düzüm birlikler üçin hökmany bolan buýruklary, görkezmeleri çykarýar.

[24] Türkmenistanyň içeri işler edaralry hakynda Türkmenistanyň kanunyň 7-nji maddasy.

## §2. Türkmenistanyň Polisiýasy. Gurluşy, wezipeleri, hukuklary we borçlary.

Polisiýa Türkmenistanyň içeri işler edaralarynyň ulgamyna girýär. Polisiýanyň düzümine jenaýat agtaryş, emläk we ykdysady jenaýatlara, guramaçylykly jenaýatçylyga garşy göreş baradaky düzüm birlikleri, ulaglardaky polisiýa, düzgünli çäkleriň we desgalaryň polisiýasy, tehniki-kriminalistik düzüm birlikleri, nobatçy bölümler, garawul-gözegçilik, pasport gulluklarynyň düzüm birlikleri, anyklaýyş, polisiýanyň ýerli wekilleriniň gulluklary, polisiýanyň ýol gözegçilik, gorag, ýangyn howpsuzlyk gulluklary, tutulyp saklanylanlaryň wagtlaýyn saklanylýan gabawhanalary, ýörite kabul edýän edaralar, kabul ediş-paýlaýyş gulluklary, okuw jaýlary, ylmy-barlag edaralary, polisiýanyň üstüne ýüklenen wezipeleri ýerine ýetirmäge niýetlenilen beýleki gulluklar we düzüm birlikleri girýär. (Seret çyzgy №2).

Polisiýanyň işine ýolbaşçylygy Türkmenistanyň içeri işler ministri amala aşyrýar. Welaýatlarda, welaýat hukukly şäherlerde polisiýanyň işine degişli polisiýa müdirlikleriň başlyklary ýolbaşçylyk edýärler, olar Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipä bellenilýär we wezipeden boşadylýar.

Etraplarda, etrap hukukly şäherlerde polisiýanyň işine degişli polisiýa bölümleriň başlyklary ýolbaşçylyk edýärler. Etraplaryň we şäherleriň polisiýa bölümleriniň başlyklary Türkmenistanyň Ministrler kabineti bilen ylalaşylyp, Içeri işler ministri tarapyndan wezipä bellenilýär we wezipeden boşadylýar.

## Çyzgy №2 Türkmenistanyň Polisiýasynyň düzümi



**Polisiýanyň öňünde şu aşakdaky esasy wezipeleri durandyr:**

-şahsyýetiň howpşuzlygyny üpjün etmek; jemgyýetçilik teitibini we jemgyýetçilik howpşuzlygyny goramak;

-jenaýatlary we hukuk tertibiniň beýleki bozulmalaryny duýdurmak we olaryň öňüni almak;

-jenaýatlary ýüze çykarmak we açmak, olary eden adamlary agtaryp tapmak; raýatlara jemgyýetçilik we hukuk taýdan kömegiň berilmegine gatnaşmak;

-ýol hereketiniň howpsuzlygyny üpjün etmek; öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde halkara jenaýatçylyga garşy göreşmek; eýeçiligiň ähli görnüşlerini jenaýatçylyklardan we beýleki hyýanatçylyklardan goramak;

-pasport ulgamynyň kanunçylyk tarapyndan bellenilen kadalarynyň raýatlar we wezipeli adamlar tarapyndan berjaý edilişine gözegçilik etmek;

-öz ygtyýarlygynyň çäklerinde jenaýat jezalaryny we dolandyryş temmi çärelerini ýerine ýetirmek;

Ýokarda görkezilen wezipelerini ýerine ýetirenlerinde polisiýa edaralary: raýatlaryň janyny, saglygyny, namysyny, mertebesini, hukuklaryny, azatlyklaryny we kanuny bähbitlerini hukuk tertibine garşy gelýän hyýanatçylyklardan goramak boýunça zerur çäreleri görmäge; eýeçiligiň ähli görnüşlerini hukuk tertibine garşy gelýän hyýanatçylyklardan goramak boýunça zerur çäreleri görmäge; jemgyýetçilik tertibini üpjün etmäge; jenaýatlaryň we beýleki hukuk tertibiniň bozulmalaryny duýdurmaga, olary ýüze çykarmaga, olaryň öňüni almaga, olara ýol bermezlige, jenaýatlaryň we beýleki hukuk tertibiniň bozulmalarynyň amala aşyrylmagyna itergi

berýän sebäpleri we şertleri ýüze çykarmaga, olary aradan aýyrmak boýunça çäreleri görmäge, raýatlara hukuk terbiýesini bermäge gatnaşmaga; jenaýatlar we hukuk tertibiniň bozulmalary hakynda gelip gowuşýan arzalary we gaýry maglumatlary kabul etmäge we bellige almaga, şolar hakyndaky arzalara we habarlara haýal etmän seslenmäge; kanuny esaslar bolanda Türkmenistanda kanunlar bilen bellenen tertipde jenaýat işlerini gozgamaga ýa-da gozgamakdan boýun gaçyrmaga, anyklaýyş geçirmäge; derňew hereketlerinde, jenaýat işleri boýunça seljermeler geçirilende, dessine-agtaryş işiniň maglumatlary we dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky işler boýunça barlaglary geçirmäge kriminalistik gullugynyň hünärmenleriniň bellenilen tertipde gatnaşmagyny üpjün etmäge; kanunda göz öňüne tutulan halatlarda we tertipde jenaýat-iş ýörediş hereketlerini geçirmäge we başga-da kanunda kesgitlenen[25] ençeme wezipeleri amala aşyrmaga borçludyrlar.

Polisiýa öz üstüne ýüklenen borçlary ýerine ýetirmek üçin aşakdakylary: ýagny, raýatlardan we wezipeli adamlardan jemgyýetçilik tertibiniň berjaý edilmegini talap etmek; Türkmenistanyň Dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky kodeksinde göz öňüne tutulan halatlarda dolandyryş temmi çärelerini görmek ýa-da dolandyryş hukuk bozulmalary hakyndaky maglumatlary beýleki döwlet edaralarynyň garamagyna bermek; kanunda bellenen halatlarda we tertipde raýatlary polisiýanyň düzüm birliklerine getirmek, seýle hem olary saglygy goraýyş edaralaryna eltmek; jenaýatlaryň gös-göni öňi

[25] Türkmenistanyň Polisiýasy hakynda Türkmenistanyň kanunynyň 9-njy maddasy.

alnanda, jenaýat etmekde güman edilýän adamlar yzarlanylanda we jemgyýetçilik howpşuzlygyna howp salýan adatdan daşary ýagdaýlarda kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň, hususy taraplaryň çägine we jaýlaryna (Türkmenistanda ýerleşen diplomatik wekilhanalardan, konşullyk edaralaryndan we halkara guramalarynyň wekilhanalaryndan başgasyna) girmek we kanunda bellenilen tertipde prokurora habar bermek bilen dessine-derňew çärelerini amala aşyrmak we başga-da birentek hereketleri amala aşyrmaga hukuklary bardyr. Polisiýanyň hukuklary Türkmenistanyň Polisiýasy hakynda Türkmenistanyň kanunynyň 10-njy maddasynda doly kesgitlenýär.

### §3. Içeri işler edaralary derňew we anyklaýyş edarasy hökmünde.

Jenaýatlaryň edilmegi we ygtyýarly edaralaryň jenaýat işiniň gozgalmagy bilen baglylykda, jenaýatlaryň üstüni tiz we doly açmak, günäkärleri paş etmek we olary kazyýete bermek maksady bilen deslapky derňew işi geçirilýär.

*Deslapky derňew işi – bu döwletiň ýörite ygtyýarlyklary bolan edaralarynyň (hukuk goraýjy edaralarynyň) derňew hereketlerini geçirmek arkaly jenaýatyň üstüni doly açmak, iş boýunça maddy subutnamalary ýygnamak, obýektiw hakykat ýagdaýlary hemme taraplaýyn kesgitlemek, günäkäri paş etmek, jenaýatçyny jenaýat jogapkärçiligine çekmek, jenaýatyň netijesinde ýetirilen zyýanyň öwezini tölemek hem*-de

*jenaýatyň edilmegine ýol açan sebäpleri we şertleri ýüze çykarmak boýunça alyp barýan işidir.*

Kanun boýunça jemgyýet üçin uly howp döretmeýän sanlyja jenaýatlardan başga*(emma olar boýunça hem deslapky derňewiň geçirilmegi zerur bolýan halatlary bardyr)*, ähli jenaýatlar boýunça deslapky derňewi amala aşyrmagy hökmanydyr.

Jenaýatlar boýunça derňewi amala aşyrýan degişli döwlet edaralarynyň işi jenaýat iş ýörediş hukugynyň kadalary bilen düzgünleşdirilýär we jenaýat iş ýöredişiň esasy tapgyrlarynyň biri bolup durýar. Derňewiň deslapky diýilmeginiň sebäbi, onuň kazyýet seljerişine çenli, onuň öňünden geçirilýänligidir.

Türkmenistanyň jenaýat iş ýöredişinde deslapky derňew işiniň 2 sany görnüşi göz öňünde tutulýar: 1. Deslapky derňew; 2. Anyklaýyş.

*Anyklaýyş diýilip –jenaýatyň üstüni açmak, jenaýatyň yzlaryny berkitmek we jenaýatçyny ýüze çykarmak hem-de jenaýatyň edilmegine ýol açan sebäpleri we şertleri ýüze çykarmak boýunça ygtyýarly döwlet edaralary we wezipeli adamlary tarapyndan geçirilýän operatiw-agtaryş we iş ýörediş (derňew) işine düşünilýär.*

Kanun boýunça içeri işler edaralaryň düzüm birlikleri deslapky derňewi hem-de anyklaýyşy amala aşyrýarlar.

Öňki geçen temalarda belleýşimiz ýaly, jenaýat işleri boýunça deslapky derňew prokuraturanyň, içeri işler, milli howpsuzlyk we neşelere garşy göreşmek baradaky döwlet gullugynyň edaralarynyň sülçileri tarapyndan geçirilýär.

Içeri işler edaralary tarapyndan derňew geçirilýän jenaýatlaryň sanawy Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş Kodeksiniň 224-nji maddasynda takyk kesgitlenýändir.

Içeri işler edaralaryň derňew birlikleri Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginde, welaýat, welaýat hukukly şäher polisiýa müdirliklerinde, etrap, etrap hukukly şäher polisiýa bölümlerinde döredilip hereket edýär. Bu birliklerde derňewi işini – aýratyn möhüm işler boýunça uly sülçiler, uly sülçiler we sülçiler amala aşyrýarlar. Türkmenistanyň içeri işler edaralarynyň sülçileri hem öz ygtyýarlarynyň çäklerinde jenaýatlary derňeýärler, jenaýat edenleri jenaýat jogapkärçiligine çekýärler.

Jenaýat iş ýörediş kanunçylyk anyklaýyşy amala aşyrmaga ygtyýary bolan döwlet edaralarynyň we wezipeli adamlaryň sanawyny hem takyk kesgitleýär.
Olara şu aşakdakylardan ybaratdyr: 1) içeri işler edaralary; 2) harby bölümleriň, birikmeleriň serkerdeleri we harby edaralaryň ýolbaşçylary; 3) milli howpsuzlyk edaralary ; 4) Türkmenistanyň neşelere garşy göreşmek baradaky döwlet gullugy; 5) Döwlet serhet gullugynyň bölümleriniň we birikmeleriniň serkerdeleri; 6) Türkmenistanyň çäklerinden daşarda hereket edýän deňiz, derýa ýa-da howa ulaglarynyň ýolbaşçylary - şol ulaglarda edilen jenaýatlar hakyndaky işler boýunça; 7) düzediş edaralarynyň, derňew gabawhanalarynyň, terbiýeleýiş ýa-da bejeriş-terbiýeleýiş edaralarynyň ýolbaşçylary ; 8) ýangyn howpsuzlygy gullugy; 9) ýol gözegçiligi gullugy; 10) gümrük edaralary; 11) Türkmenistanyň Migrasiýa gullugy; 12) Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalarynyň, konsullyk edaralarynyň we beýleki resmi wekilhanalarynyň ýolbaşçylary - görkezilen wekilhanalaryň we edaralaryň ýerleşýän ýerinde edilen jenaýatlar hakyndaky işler

boýunça. [26]

Getirilen sanawdan görnüşi ýaly, Türkmenistanyň içeri işler edaralarynyň düzüminde anyklaýyş işini amala aşyrmaga ygtyýarly bolan birentek edaralar we wezipeli adamlar hereket edýär. Emma işleriň aglabasy boýunça anyklaýyşy polisiýa edaralary, hususan-da polisiýanyň jenaýat agtaryş, emläk we ykdysady jenaýatlara, guramaçylykly jenaýatçylyga garşy göreş baradaky düzüm birlikleri amala aşyrýarlar.

Anyklaýyşyň mazmuny işleriň haýsy görnüşi boýunça, deslapky derňew geçirilmegi hökman bolan jenaýatlar boýunça ýa-da hökman bolmadyk jenaýatlar boýunça geçirilýändigine baglylykda tapawutlanýandyr.

Deslapky derňew geçirilmegi hökman bolan jenaýatyň alamatlary ýüze çykarylanda anyklaýyş edarasy jenaýat işini gozgaýar we iş ýörediş kanunçylygyň düzgünlerine goldanyp jenaýatyň yzlaryny ýüze çykarmak hem berkitmek boýunça gözden geçiriş, synany gözden geçirmek, öý dökmek, gerekli zatlary almak, telefon gepleşiklerini we beýleki gepleşikleri diňlemek hem-de ses ýazgysyna geçirmek, emlägi gozgamasyz etmek, güman edilýänleri saklamak we olardan sorag etmek, jebir çekenlerden we şaýatlardan sorag etmek ýaly gaýragoýulmasyz derňew hereketlerini geçirýär, zerur bolan halatynda bolsa bilermenler seljermesini belleýär. Ýüze çykarylan jenaýat barada we jenaýat işiniň gozgalandygy hakynda anyklaýyş edarasy haýal etmän prokurora habar bermelidir. Gaýragoýulmasyz derňew hereketlerini geçirenden soň, ýöne jenaýat işiniň gozgalan

[26] Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş Kodeksiniň 76-njy maddasy.

gününden başlap on gije-gündizden gijä goýman, eger güman edilýän barada tussag etmek görnüşindäki ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylan bolsa - tussag edilen pursadyndan başlap ýedi gije-gündizden gijä goýman anyklaýyş edarasy jenaýat işini derňew edarasyna (sülçä) bermelidir we bu barada ýigrimi dört sagadyň dowamynda prokurora ýazmaça habar bermelidir.

Anyklaýyş edaralary jenaýat işini sülçä geçirenden soň, iş boýunça derňew hereketlerini diňe sülçiniň tabşyrygy boýunça geçirip biler. Jenaýat eden adamy anyklap bolmadyk ýagdaýynda iş sülçä geçirilen halatynda, anyklaýyş edarasy jenaýatkäri anyklamak üçin operatiw-agtaryş işlerini geçirmäge borçludyr.

Operatiw-agtaryş işini ýokarda görekezilen anyklaýyş edaralaryň hemmesi geçirip bilýän däldir, diňe kanun tarapyndan kesgitlenen döwlet edaralary operayiw-agtaryş işini amala aşyrmaga hukugy bardyr. Operatiw-agtaryş işiniň geçirilmeginiň tertibi we düzgünleri we ony amala aşyrmaga hukugy bolan edaralaryň sanawy jenaýat iş ýörediş kanunçylygy tarapyndan däl-de, Operatiw-agtaryş işleri hakynda Türkmenistanyň kanuny tarapyndan kesgitlenýändir[27]. Şol sanawda ilkinji hatarda içeri işler edaralary görkezilýändir.

Deslapky derňew geçirilmegi hökman bolmadyk işler boýunça anyklaýyş edarasy jenaýat işini gozgaýar we iş boýunça subut edilmeli ýagdaýlary anyklamak üçin jenaýat iş ýörediş kanunçylygynda göz öňünde tutulan ähli çäreleri görýär. Bu işler boýunça anyklaýyş aýyplaw netijenamasyny düzmek ýa-da kanunda bellenilen tertipde

[27]Operatiw-agtaryş işleri hakynda Türkmenistanyň kanunynyň 5-nji maddasy

işi ýatyrmak hakynda karar çykarmak bilen tamamlanylýar. Anyklaýşyň maglumatlary aýyplaw netijenamasy bilen bilelikde prokurora iberilýär we işiň kazyýetde seredilmegine esas bolup durýar.

Mälim bolşy ýaly, içeri işler edaralaryň düzüminde düzediş edaralarynyň, derňew gabawhanalarynyň, terbiýeleýiş ýa-da bejeriş-terbiýeleýiş edaralarynyň ýolbaşçylary ýaly anyklaýyş işini özbaşdak amala aşyrýan wezipeli adamlar hem hereket edýär, olar ýolbaşçylyk edýän edaralarynyň işgärleriniň gulluk etmegiň bellenilen tertibine garşy eden jenaýatlary hakyndaky işler boýunça, şeýle hem görkezilen edaralaryň ýerleşýän ýerinde edilen jenaýatlar hakyndaky işler boýunça anyklaýyşy geçirýärler.

Ýangyn howpsuzlygy gullugy - ýangynlar hakyndaky we ýangyn howpsuzlygynyň talaplarynyň bozulmalary hakyndaky işler boýunça anyklaýyş geçirýär. Ýol gözegçiligi gullugy - ýol hereketiniň kadalarynyň we ulag serişdelerini ulanmagyň düzgünleriniň bozulmagy hakyndaky işler boýunça anyklaýyş amala aşyrýar.

## 5-nji bap. Türkmenistanyň Adalat ministrligi

### §1. Adalat ministrliginiň gurluşy, wezipeleri, işiniň esasy ugurlary.

Türkmenistanyň Adalat ministrligi - ýurdumyzyň pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň (ministrlikleriň) ulgamynda döredilen we adalat edaralarynyň ulgamynda döwlet syýasatyny durmuşa geçirmegi üpjün edýän merkezi ýerine ýetiriji häkimiýet edarasy bolup durýandyr. Özüniň özboluşly wezipeleri we ygtyýarlyklary zerarly

Adalat ministrligi hukuk goraýjy edaralaryň hataryna girýär.

Ministrlik beýleki döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralary bilen arkalaşykly hereket edip, öz işini gönüden-göni we öz ýerli edaralarynyň üsti bilen amala aşyrýar.

Ministrlik, welaýat adalat bölümleri, welaýat, welaýat hukukly şäher, etrap, etrap hukukly şäher döwlet kepillendiriş edaralary, raýatlyk ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň Merkezi arhiwi adalat edaralarynyň ulgamyna girýär.

**Çyzgy №1 Türkmenistanyň adalat edaralarynyň ulgamy**



Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň merkezi edarasy aşakdaky düzüm birliklerden ybaratdyr: Kanunçylyk müdirligi; Hukuk kömegi müdirligi; Halkara-hukuk gatnaşyklary we jemgyýetçilik birleşiklerini hasaba alyş müdirligi we Maliýe-hojalyk müdirligi.

Ministrlige Türkmenistanyň Mejlisiniň razylyk bermegi bilen Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipä bellenýän we wezipeden boşadylýan ministr baştutanlyk edýär. Ministriň Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipä bellenýän we wezipeden boşadylýan iki orunbasary, şol sanda bir birinji orunbasary bar. Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň welaýat adalat bölümine Türkmenistanyň Ministrler Kabineti bilen ylalaşylyp ministr tarapyndan wezipä bellenýän we wezipeden boşadylýan başlyk baştutanlyk edýär.

**Çyzgy №2. Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň merkezi edarasynyň düzümi**



Türkmenistanyň Adalat ministrligi hakynda Düzgünnama laýyklykda şu aşakdakylar Adalat ministrliginiň öňünde gjýlan esasy wezipeleri bolup durýar: adalat edaralarynyň ulgamynda döwlet syýasatyny ýöretmek; öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde şahsyýetiň we döwletiň hukuklaryny hem-de kanuny bähbitlerini üpjün etmek; ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň kadadöredijilik işini utgaşdyrmak; Türkmenistanyň Ministrler Kabineti we Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan taýýarlanylýan kanunlaryň taslamalaryny taýýarlamaga gatnaşmak; ulanylýan kanunçylygy kämilleşdirmek boýunça teklipleri işläp taýýarlamak; kadalaşdyryjy hukuk namalaryny hasaba almagy we tertipleşdirmegi guramak, kanunçylygy kodifisirlemek boýunça teklipleri taýýarlamak; hukuk maglumatlarynyň döwlet ulgamyny we hukuk maglumatlaryny döwletara alyşmagyň ulgamyny döretmek hem-de ösdürmek; halkara şertnamalaryny, ylalaşyklaryny taýýarlamagy we olara netijenama bermegi hukuk taýdan üpjün etmek; jemgyýetçilik birleşiklerini, gaznalary, dini toparlary we dini guramalary, ministrlikleriň, pudak edaralarynyň, welaýat, welaýat hukukly şäher, etrap, etrap hukukly şäher ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryny döwlet tarapyndan hasaba almagy üpjün etmek; adalat ulgamyna girýän edaralara guramaçylyk taýdan ýolbaşçylyk etmek, olaryň işini kanunçylykda bellenen tertipde üpjün etmek, şeýle hem adwokatlar kollegiýalarynyň işine guramaçylyk-usulyýet taýdan ýolbaşçylyk etmek we RÝNÝ edaralarynyň işini guramak; Geňeşlere hukuk we usulyýet kömegini bermek; neşir etmek işini amala aşyrmak; kanunçylygy düşündirmek,

hukuk babatda wagyz etmegi we ählumumy okuwy guramaçylyk-usulyýet taýdan üpjün etmek.

Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň öňünde duran ýokardaky wezipeleri onuň işiniň esasy ugurlaryny kesgitleýär, olar şu aşakdkaylardyr:

-Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň tabşyrmagy boýunça we öz başlangyjy bilen kanunlaryň hem-de beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalaryny taýýarlaýar;

-kanunlaryň we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine berilýän taslamalaryna hukuk taýdan baha berýär, kanunçylygy kämilleşdirmek baradaky teklipleri taýýarlaýar;

-ministrlikleriň, pudak edaralarynyň, welaýat, welaýat hukukly şäher, etrap, etrap hukukly şäher ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň hukuk taýdan seljermesini geçirýär hem-de olary döwlet tarapyndan hasaba alýar;

-kanunçylygy tertipleşdirýär we kadalaşdyryjy hukuk namalaryny döwlet tarapyndan hasaba alýar, Türkmenistanyň we Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň ýurtlarynyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň maglumatlar toplumyny emele getirýär, şeýle hem kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň nusgalyk maglumatlar toplumyny ýöredýär, hukuk maglumatlarynyň kompýuter ulgamyny guraýar;

-Türkmenistanyň Prezidentine, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine, beýleki döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralaryna hukuk maglumatlaryny berýär;

-kodeksleri, kanunçylygyň tematiki ýygyndylaryny, ministrlikleriň, pudak edaralarynyň, welaýat, welaýat hukukly şäher, etrap, etrap hukukly şäher ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň Ministrlikde döwlet tarapyndan hasaba alnan kadalaşdyryjy namalarynyň ýygyndysyny düzýär hem-de neşir etmäge taýýarlaýar;

-daşary ýurt döwletleri bilen hukuk maglumatlaryny alyşýar; jemgyýetçilik birleşikleriniň, gaznalaryň, dini toparlaryň we dini guramalaryň döwlet tarapyndan hasaba alynmagyny üpjün edýär hem-de olaryň işiniň tertipnamalaýyn maksatlaryna we wezipelerine laýyk gelýändigine gözegçilik edýär;

-welaýat adalat bölümleriniň, welaýat, welaýat hukukly şäher, etrap, etrap hukukly şäher döwlet kepillendiriş edaralarynyň, Raýatlyk ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň Merkezi arhiwiniň işini guraýar we oňa ýolbaşçylyk edýär, olaryň iş tejribesini barlaýar, seljerýär we umumylaşdyrýar, hukuk babatda hyzmat etmegiň derejesini ýokarlandyrmak barada çäreleri görýär, amala aşyrylan kepillendiriş hereketleriniň hasabatyny ýöredýär we raýatlyk ýagdaýynyň namalaryny hasaba alýar, tölenen döwlet paçlarynyň, alnan ýygymlaryň hasabyny ýöredýär;

-Raýatlyk ýagdaýynyň namalarynyň ýazgylarynyň ýerlerdäki edaralaryna gönüden-göni we welaýat adalat bölümleriniň üsti bilen geňeşdarlyk-usulyýet kömegini berýär, ulanylýan kanunçylygy RÝNÝ edaralarynyň ulanyşynyň tejribesini öwrenýär we umumylaşdyrýar;

-Türkmenistanyň raýatlarynyň familiýasyny, adyny we atasynyň adyny üýtgetmek hakyndaky netijenamany tassyklaýar;

-Raýat ýagdaýynyň şahadatnamalarynyň nusgalaryny taýýarlaýar, olary Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine tassyklamaga hödürleýär, olaryň neşir edilmegini üpjün edýär;

-RÝNÝ edaralaryny raýat ýagdaýynyň namalaryny hasaba almak hakyndaky şahadatnamalaryň blanklary bilen üpjün edýär, olaryň hasaba alnyşyna, saklanylyşyna we peýdalanylyşyna gözegçiligi guraýar;

-Ministrligiň merkezi edarasynyň düzüm birlikleri we adalat edaralary hakyndaky düzgünnamalary işläp taýýarlaýar;

-adalat edaralarynyň işlerini amala aşyran mahaly döwlet paçlarynyň hem-de ýygymlarynyň dogry alynmagyny barlaýar;

-özleriniň kepillendiriş hereketlerini amala aşyrmak, raýatlyk ýagdaýynyň namalaryny hasaba almak bilen baglanyşykly meseleler boýunça şäherleriň, şäherçeleriň, obalaryň Geňeşlerine hukuk hem-de usulyýet kömegini berýär;

-fiziki we ýuridiki taraplaryň daşary ýurt döwletleriniň ygtyýarly edaralaryna berýän resmi namalary kanunlaşdyrylan mahaly kepillendirijiniň golunyň we döwlet kepillendiriş edarasynyň möhrüniň yzynyň hakykydygyna güwä geçýär;

- adwokatlar kollegiýasyna girýän adamlar we işleýän adwokatlar üçin hünär synaglaryny geçirýär; Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi bilen ylalaşyp, adwokatlar kollegiýasynyň adwokatlarynyň zähmetine hak tölemegiň tertibini kesgitleýär;

- edara görnüşli taraplara we şahsy taraplara hukuk kömegini bermek işini döwlet tarapyndan ygtyýarlylandyrýar;

-halkara şertnamalarynyň we ylalaşyklarynyň taslamalarynyň hukuk seljermesini geçirýär; Türkmenistanyň hukuk kömegi baradaky halkara şertnamalaryny baglaşmak hakyndaky teklipleri bellenen tertipde berýär;

-hukuk kömegi hakyndaky şertnamalaryň, şeýle hem beýleki halkara şertnamalarynyň, ylalaşyklarynyň we konwensiýalarynyň Ministrligiň ygtyýarlyklaryna degişli böleginiň ýerine ýetirilmegini guraýar;

-karz ylalaşyklaryna hukuk taýdan baha berýär;

-halkara guramalary bilen hyzmatdaşlyk etmegi we daşary ýurt döwletleriniň Adalat edaralary bilen arkalaşykly hereket etmegi bellenen tertipde guraýar;

-öz işini kämilleşdirmek maksady bilen, daşary ýurt döwletleriniň kanunçylygyny we adalat ulgamynyň guralyşyny öwrenýär hem-de tejribe alyşýar;

- adalat edaralaryny işgärler bilen üpjün etmek, olaryň hünär taýýarlygy baradaky işi guraýar, işgärleriň ätiýaçdaky toparyny taýýarlaýar, hünär synagyny geçirýär;

-hukuk işgärlerini taýýarlamakda degişli bilim beriş edaralary bilen arkalaşykly işleýär, okuwy tamamlan hukukçy hünärmenleriň işe ýerleşdirilmegine gatnaşýar;

-gönüden-göni we welaýat adalat bölümleriniň üsti bilen raýatlara hukuk babatda aň-düşünje bermäge gatnaşýar, edara görnüşli taraplara we şahsy taraplara kanunçylygy düşündirýär; öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde beýleki işleri amala aşyrýar.[28]

[28] Türkmenistanyň Adalat ministrligi hakynda Düzgünnama

## §2. Döwlet kepillendiriş edaralary.

Ýurdumyzyň hukuk goraýjy edaralarynyň ulgamynda döwlet kepillendiriş edaralarynyň möhüm orny bardyr. Döwlet kepillendiriş edarasy – raýat hukuklary, şeýle hem ýuridiki ähmiýeti bar bolan ýagdaýlary tassyklamak we şolara ýuridik takyklygy bermek maksady bilen beýleki kepillendiriş hereketleri amala aşyrmak wezipeleri üstüne ýüklenilen edaralardan we wezipeli adamlardan ybarat ulgamdyr.

Türkmenistanda döwlet kepillendiriş edaralary dürli kepillendiriş hereketleriň dürs we özwagtynda ýerine ýetirmek arkaly raýatlaryň, döwlet edaralaryň, guramalaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goraýarlar, kanunylygyň we hukuk tertibiň pugtalandyrylmagyna ýardam edýärler, şeýle hem kanun bozulmalaryň öňüni alýarlar. Emma döwlet kepillendiriş edaralary tarapyndan bu wezipeler diňe kepillendiriş hereketlerini amala aşyrmagyň üsti bilen ýerine ýetirilýän däldir. Kepillendiriş hereketlerini amala aşyrýan döwlet kepillendirijileri we beýleki wezipeli adamlar kepillendiriş hereketlerini amala aşyran mahalynda raýatlar we wezipeli adamlar tarapyndan ýol berlen kanun bozulmalary, döwlet edaralaryň, guramalaryň işinde düýpli kemçilileri ýüze çykarsa, “Döwlet kepillendiriş edarasy hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 35-nji maddasyna laýyklykda bu barada möhüm çäreleri görmek üçin degişli kärhanalara, edaralara, guramalara ýa-da prokuratura habar bermelidrler.

Kepillendiriş hereketlerini amala aşyranlarynda Döwlet kepillendiriş edaralary Türkmenistanyň Konstitusiýasyna goldanýarlar.

Döwlet kepillendiriş edaralary özleriniň işine ýolbaşçylygy amala aşyrýan Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan döredilýär we ýatyrylýar. Türkmenistanda kepillendiriş hereketler döwlet kepillendiriş edaralarynda işleýän döwlet kepillendirijileri tarapyndan amala aşyrylýar. Çylşyrymly kepillendiriş hereketleri amala aşyrmak üçin Aşgabat şäherinde we welaýatlaryň merkezlerinde Birinji döwlet kepillendiriş edaralary döredilýär. Birinji döwlet kepillendiriş edaralarynyň üstüne döwlet kepillendirijileriniň işini sazlamak, döwlet kepillendirijileriniň hünärleriniň ýokarlanmagyna ýardam etmek, döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralarynda döwlet kepillendirijileriniň bähbitlerini goramak we wekilçilik etmek, kepillendiriş meseleleri boýunça kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalaryny işläp düzmäge gatnaşmak wezipeleri ýüklenilýär. Kanun boýunça[29] Türkmenistanyň Adalat ministri tarapyndan wezipä bellenilýän we wezipesinden boşadylýan döwlet kepillendirijisi hökmünde ýokary ýuridik bilimi bolan we döwlet kepillendiriş edarasynda tälim alan Türkmenistanyň raýaty bolup biler. Döwlet kepillendirijisi mugallymçylykdan we ylmy işden daşary başga iş bilen meşgullanyp bilýän däldir.

“Döwlet kepillendiriş edarasy hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 3-nji maddasyna laýyklykda döwlet kepillendiriş edaralary döredilmedik ilatly nokatlarda kepillendiriş hereketler Geňeşleriň wezipeli adamlary (arçyn ýa-da arçynyň orunbasary) tarapyndan

[29] Döwlet kepillendiriş edarasy hakynda Türkmenistanyň kanunynyň 4-nji maddasy.

amala aşyrylýar. Kepillendiriş hereketleriň Geňeşler tarapyndan amala aşyrylmagy ýerli ilat üçin uly amatlylyk bolup durýar, çünki raýatlar üçin gündeki işlerinden galyp, wagtlaryny ýitirip, artykmaç çykdajy edip ýaşaýan ýerlerinden uzakda ýerleşen kepillendiriş edarasyna gidip-gelmek zerurlugy bolmaýar.

Ýurduň çäklerinden daşardaky Türkmenistanyň raýatlary üçin kanun tarapyndan göz öňünde tutulan kepillendiriş hereketler Türkmenistanyň konsullyk edaralary tarapyndan amala aşyrylýar.

Kepillendiriş taýdan tassyklanylan resminamanyň güýjüne eýe bolan wesýetnamalary we ynanç hatlaryny "Döwlet kepillendiriş edarasy hakynda" Türkmenistanyň kanunynyň 3-nji maddasyna laýyklykda aýry-aýry wezipeli adamlar, mysal üçin harby bölümleriň, birikmeleriň, edaralaryň serkerdeleri, deňiz gämileriniň kapitanlary, keselhanalaryň, bejeriş edaralarynyň, şypahanalryň baş lukmanlary, olaryň orunbasarlary ýa-da nobatçy lukmanlary tassyklap bilýärler.[30]

Kepillendiriş edaralary tarapyndan kanuna laýyklykda amala aşyrylýan kepillendiriş hereketleriniň jemine, kepillendiriş edaralaryň ygtyýarlyklary diýilýär.

"Döwlet kepillendiriş edarasy hakynda" Türkmenistanyň kanunynyň 16-njy maddasyna laýyklykda döwlet kepillendiriş edaralaryň ygtyýarlyklaryna aşakdakylar degişlidir:

[30] Döwlet kepillendiriş edarasy hakynda Türkmenistanyň kanunynyň 19-njy maddasy.

-geleşikleri (şertnamalary, wesýetnamalary, ynanç hatlaryny we başgalary) tassyklaýarlar; miras emlägini goramaga çäreleri görýärler;

-mirasa bolan hukugy hakynda şaýatnamalary berýärler;

-är-aýalyň umumy emläginiň bir bölegine eýeçilik hukugynyň bardygy hakynda şaýatnamalary berýärler; kanun tarapyndan bellenen halatlarda ýaşaýyş jaýyny, bagçylyk öýüni, beýleki gozgalmaýan emlägi çetleşdirmäge gadaganlyk girizýärler;

- resminamalaryň göçürmeleriniň dogrudygyna güwä geçýärler;

-resminamalardaky gollaryň hakykydygyna güwä geçýärler;

-resminamalaryň bir dilden beýleki dile edilen terjimesiniň dogrudygyna güwä geçýärler;

-raýatyň diri gezip ýörendigi baradaky ýagdaýy tassyklaýarlar;

-raýatyň belli bir ýerde bardygy baradaky ýagdaýy tassyklaýarlar;

-raýatyň ýüz keşbiniň, surat şekil bilen kybapdaşdygyny tassyklaýarlar;

-resminamalaryň görkezilen wagtyny tassyklaýarlar; raýatlaryň we ýuridik şahslaryň arzalaryny beýleki raýatlara we ýuridik şahslara berýärler;

-puly we gymmatly kagyzlary depozite kabul edýärler;

-ýerine ýetiriliş ýazgylaryny amala aşyrýarlar;

-wekselleriň garşylyknamalaryny amala aşyrýarlar;

-çekleri tölege görkezýärler we çekleriň tölenmändigini tassyklaýarlar;

-resminamalary saklamak üçin kabul edýärler;
-deňiz garşylyknamakaryny amala aşyrýarlar;
-subutnamalary üpjün edýärler. (Seret çyzgy №1).

## Çyzgy №1.

Döwlet kepillendiriş edaralary – hukuklary we ýuridiki ähmiýeti bar bolan ýagdaýlary tassyklamak we şolara ýuridik takyklygy bermek maksady bilen aşakdaky kepillendiriş hereketleri ýerine ýetirýärler:

TASSYKLAÝARLAR:
Geleşikleri(şertnamalary,wesýetnamalary, ynanç hatlaryny we başgalary); raýatyň diri gezip ýörendigi baradaky ýagdaýy; raýatyň belli bir ýerde bardygy baradaky ýagdaýy; raýatyň ýüz keşbiniň, surat kartoçkasyndaky şekil bilen kybapdaşdygyny; resminamalaryň görkezilen wagtyny; çekleri tölege görkezýärler we çekleriň tölenmändigini;

BERÝÄRLER:
mirasa bolan hukugy hakynda şaýatnamalary; är-aýalyň umumy emläginiň bir bölegine eýeçilik hukugynyň bardygy hakynda şaýatnamalary; raýatlaryň we ýuridik şahslaryň arzalaryny beýleki raýatlara we ýuridik şahslara;

AMALA AŞYRÝARLAR:
ýerine ýetiriliş ýazgylaryny; wekselleriň garşylyknamalaryny; deňiz garşylyknamalaryny;

GÜWÄ GEÇÝÄRLER:
resminamalaryň we olaryň göçürmeleriniň dogrudygyna; resminamalardaky gollaryň hakykydygyna; resminamalaryň bir dilden beýleki dile edilen terjimesiniň dogrudygyna;

KABUL EDÝÄRLER:
puly we gymmatly kagyzlary depozite; resminamalary saklamak üçin;

ONDAN BAŞGA-DA:
miras emlägini goramaga çäreleri görýärler; kanun tarapyndan bellenen halatlarda ýaşaýyş jaýyny, kwartirany, daçany, bagçylyk öýüni, garažy, beýleki gozgalmaýan emlägi çetleşdirmäge gadaganlyk girizýärler; subutnamalary üpjün edýärler.

Şu wezipeleri üstünlikli berjaý etmek üçin döwlet kepillendirijisiniň kärhanalardan, edaralardan we guramalardan kepillendiriş herketleri amala aşyrmaga zerur bolan maglumatlary we resminamalary talap etmäge; ylalaşyklaryň we arzalaryň taslamalaryny düzmäge, resminamalaryň nusgalaryny we olardan göçürmeleri taýýarlamaga, şeýle hem kepillendiriş hereketleri amala aşyrmak meseleleri boýunça düşündirişler we maslahatlary bermäge hukugy bardyr we öz professional borçlaryny ýerine ýetirmäge; raýatlara, kärhanalara, edaralara we guramalara öz hukuklarynyň amala aşyrylmagy we kanuny bähbitleriniň goralmagy üçin ýardam bermäge, olaryň hukuklaryny we borçlaryny düşündirmäge; amala aşyrylýan notarial hereketleriň getirip biljek netijeleri barada duýdurmaga; notarial hereketleriň amala aşyrylmagy bilen baglanyşykly özüne mälim bolan maglumatlaryň syryny saklamaga; miras ýa-da peşgeş bermek tertibinde graždanlaryň eýeçiligine geçýän emläge düşýän salgydy hasaplamak üçin salgyt organlaryna emlägiň nyrhy barada zerur bolan sprawkalary bermäge; Türkmenistanyň kanunlaryna ýa-da Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyk gelmeýän halatynda, notarial hereketi amala aşyrmakdan ýüz döndermäge borçludyr.[31]

Ýokarda belleýşimiz ýaly, döwlet kepillendiriş edaralary döredilmedik ilatly nokatlarda kepillendiriş hereketler Geňeşleriň wezipeli adamlary (arçyn ýa-da arçynyň orunbasary) tarapyndan amala aşyrylýar. “Döwlet kepillendiriş edarasy hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň

[31] Döwlet kepillendiriş edarasy hakynda Türkmenistanyň kanunynyň 5-nji we 6-njy maddalary.

17-nji maddasyna laýyklykda Geňeşleriň wezipeli adamlary:

-wesýetnamalary tassyklaýarlar;

-ynanç hatlaryny tassyklaýarlar;

-miras galan emlägi goramaga çäreleri görýärler;

-resminamalaryň göçürmeleriniň dogrudygyny, resminamalardaky gollaryň hakykydygyny tassyklaýarlar.

“Döwlet kepillendiriş edarasy hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 18-nji maddasyna laýyklykda ýurduň çäginden daşarda bolýan Türkmenistanyň raýatlary üçin kepillendiriş hereketleriniň ählisi diýen ýaly Türkmenistanyň konsullyk edaralary tarapyndan amala aşyrylýar, ýagny konsullyk edaralary:

-miras galan emlägi goramak boýunça çäreleri görýärler;

-emläge bolan hukuk hakyndaky şaýatnamalary berýärler;

-är-aýalyň umumy emläginiň bir bölegine eýeçilik hukugy hakynda şaýatnamalar berýärler;

- resminamalaryň göçürmeleriniň dogrudygyna güwä geçýärler;

-resminamalardaky gollaryň hakykydygyna güwä geçýärler;

-resminamalaryň bir dilden beýleki dile edilen terjimesiniň dogrudygyna güwä geçýärler;

-raýatyň diri gezip ýörendigi baradaky ýagdaýy tassyklaýarlar;

-raýatyň belli bir ýerde bardygy baradaky ýagdaýy tassyklaýarlar;

-raýatyň ýüz keşbiniň, surat şekil bilen kybapdaşdygyny tassyklaýarlar;

-resminamalaryň görkezilen wagtyny tassyklaýarlar;
-puly we gymmatly kagyzlary depozite kabul edýärler;
-ýerine ýetiriliş ýazgylaryny amala aşyrýarlar;
-resminamalary saklamak üçin kabul edýärler;
-deňiz garşylyknamakaryny amala aşyrýarlar;
-subutnamalary üpjün edýärler.

Türkmenistanda Döwlet kepillendirişiň amala aşyrylyşynyň tertibi we düzgünleri Döwlet kepillendiriş edarasy hakynda Türkmenistanyň kanunynda kesgitlenilýär.

## § 3. Adwokatura.

Adwokatura raýat jemgyýetiniň hukuk instituty bolup durýan we döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň ulgamyna girmeýän, adwokatlaryň adwokatlyk isini amala aşyrmak maksady bilen döredilen we öz-özüni dolandyrmak ýörelgelerine eýerýän professional birleşigidir.

Adwokatlyk işi adam hukuklaryny we azatlyklaryny, ýuridik şahslaryň kanuny bähbitlerini goramak, jemgyýetde kanunylygyň berjay edilmegine we pugtalandyrylmagyna ýardam bermek maksady bilen adwokatyň kanunda bellenilen tertipde berýän professional ýuridik kömegi bolup durýar. Adwokatlyk işi telekiçilik işi däldir, adwokatyň ýuridik kömegi bermek bilen alýan tölegi onuň

zähmet hak tölegi bolup durýar. Ýuridik şahslaryň, ýuridik gulluklarynyň işgärleriniň, döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň işgärleriniň; döwlet kepillendirijileriniň berýän ýuridik kömegi adwokatlyk işine degişli däldir[32].

Guramaçylyk taýdan adwokatura- adwokatlar kollegiýalaryndan ybaratdyr. Adwokatlar kollegiýasy adwokatlyk statusyna eýe bolan we adwokatlyk işi bilen meşgullanmaga hukugy bolan raýatlar tarapyndan döredilýär. Welaýat, welaýat hukukly şäheriň çäginde adwokatlar kollegiýasynyň biri döredilip we hereket edip bilýär. Welaýat, welaýat hukukly şäheriň adwokatlar kollegiýasy fiziki we ýuridik şahslara kämil ýuridik kömegi bermek, adwokatlaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini aramak hem-de goramak üçin döredilýän, adwokatlaryň garaşsyz, professional, öz-özuni dolandyrýan we öz-özuni maliýeleşdirýän jemgyýetçilik birleşigi bolup durýandyr. Ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edarasy adwokatlar kollegiýalarynyň döredilmegine we işine ýardam bermelidir. Welaýat, welaýat hukukly şäheriň adwokatlar kollegiýasy özuniň adyna onuň döredilýän çägindäki dolandyryş-çäk düzüminiň adyny goşmalydyr.

Welaýat, welaýat hukukly şäheriň adwokatlar kollegiýasynyň
ýokary edarasy kollegiýanyň agzalarynyň umumy ýygnagy bolup

[32] Türkmenistanda adwokatura we adwokatlyk işi hakynda Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasy.

durýar, ýolbaşçy ýerine ýetiriji edarasy - onuň prezidiumy, gözegçilik edarasy - derňew toparydyr. (Seret çyzgy №2)

**Çyzgy №2**



**Awokatlar kollegiýasynyň umumy ýygnagy.** Welaýat, welaýat hukukly şäheriň adwokatlar kollegiýasynyň agzalarynyň umumy ýygnagynyň kollegiýanyň işiniň islendik meselelerini çözmäge hukugy bardyr. Umumy ýygnak ýylda azyndan bir gezek çagyrylýar we welaýat, welaýat hukukly şäheriň adwokatlar kollegiýasynyň agzalarynyň umumy sanynyň üçden iki bölegi bar wagtynda çözgütleri kabul etmäge hukugy bolýar. Umumy ýygnagyň ähli çözgütleri ýygnaga gatnaşýan adwokatlaryň sesleriniň köplügi bilen kabul edilýär. Welaýat, welaýat hukukly şäher adwokatlar kollegiýasynyň ýa-da derňew toparynyň agzalarynyň umumy sanynyň azyndan üçden bir böleginiň talap etmegi boýunça kollegiýanyň prezidiumynyň başlygy otuz günüň dowamynda nobatdan daşary umumy ýygnagy çagyrmaga borçludyr.

Umumy yygnagyň ygtyýarlyklary şulardan ybaratdyr:

-adwokatlar kollegiýasynyň Tertipnamasyny we oňa üýtgetmeler
girizmek hakyndaky çözgütleri kabul edýär;

-prezidiumyň, derňew toparynyň agzalarynyň sanyny
kesgitleýär, olary saýlaýar we olaryň hasabatlaryny dinleýär;

-ýuridik maslahathanalary döredýär;

-Tertipnamada göz oňünde tutulan beýleki edaralary döredýär we olaryň yolbaşçylaryny saýlaýar, şol edaralar hakyndaky düzgünnamalary tassyklaýar;

-adwokatlar kollegiýasynyň edaralarynyň işi hakynda adwokatlar kollegiýasynyň yolbaşçylarynyň we işgärleriniň hasabatlaryny dinleýär we olaryň işine baha berýär;

-adwokatlar kollegiýasynyň serişdeleriniň emele gelmeginiň tertibini ýuridik maslahathanalaryň adwokatlary we kollegiyanyň beýleki agzalary üçin aýratynlykda kesgitleýär;

-adwokatlar kollegiýasynyň emlägini dolandyrmagyň we erk etmegiň tertibini kesgitleýär;

-adwokatlar kollegiýasynyň wezipe birliginiň düzümini, girdejileriň we çykdajylaryň smetasyny tassyklaýar;

-adwokatlar kollegiýasynyň edaralarynyň, ýolbaşçylarynyň çözgütlerine adwokatlar we raýatlar tarapyndan edilen şikaýatlara garaýar;

-adwokatlar kollegiýasynyň edaralarynyň yolbaşçylaryny we agzalaryny möhletinden öň yzyna çagyrýar[33].

**Adwokatlar kollegiýasynyň prezidiumy.** Welaýat, welaýat hukukly şäheriň adwokatlar kollegiýasynyň prezidiumy gizlin ses bermek arkaly üç ýyllyk möhlete saýlanylýar. Prezidiumyň agzalygyna kollegiýada azyndan bäş ýyl agzalygy bolan adwokatlar saýlanyp

[33] Türkmenistanda adwokatura we adwokatlyk işi hakynda Türkmenistanyň Kanunynyň 22-nji maddasy.

bilinýärler. Welaýat, welaýat hukukly şäheriň adwokatlar kollegiýasynyň prezidiumy:

-fiziki we ýuridik şahslara ýuridik kömegi bermek boyunça
adwokatlar kollegiýasynyň işini guraýar;

-umumy ýygnagy çagyrýar, umumy ýygnagyň çözgütleriniň
ýerine ýetirilmegini guraýar;

-adwokatlaryň hünär we beýleki hukuklaryny we bähbitlerini goraýar;

-Turkmenistanyň kanunçylygy bilen kesgitlenen tertipde hukuk kömegini bermäge ygtyýarnama alan şahslary adwokatlar kollegiýasynyň agzalygyna kabul edýär, kollegiýanyň agzalygyndan çykarýar, adwokatlaryň hünär tälim alyjylarynyň taýýarlygyny guraýar;

-adwokatlara işde gazanan üstünlikleri üçin höweslendirme
çärelerini ulanýar;

-adwokatyň hereketleri barada fiziki we ýuridik şahslardan gelip
gowşan şikaýatlary (teklipnamalary) barlamak boyunça işleri guraýar;

-adwokatlaryň düzgün-nyzamy bozandygy hakyndaky maglumatlara seredýär we düzgün-nyzam temmisini berýär;

-adwokatlaryň hukuk kömegini bermäge ygtyýarnamalaryny ýatyrmak barada towakganama gozgaýar;

-adwokatlaryň hünär derejesini ýokarlandyrmak işini guraýar;

-Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde adwokatlaryň hünär taýýarlyklylygynyň hünär synagyny geçirýär;

-adwokatlaryň oňyn iş tejribesini öwrenýär, umumylaşdyrýar we ony Türkmenistanyň Adalat ministrligi bilen bilelikde ýaýradýar;

-kodifikasiýa isini guraýar, Türkmenistanyň Adalat ministrligi bilen bilelikde adwokatlyk isiniň meseleleri boyunça usuly gollanmalary, teklipleri işläp taýyarlaýar we neşir edýär;

-ýuridik maslahathanalaryň müdirlerini wezipä belleýär we olary wezipeden boşadýar;

-görnüşi Turkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan tassyklanylan adwokatyň şahsyýýetnamasyny berýär;

-adwokatlar kollegiýasynyň serişdelerine Tertipnama we umumy ýygnak tarapyndan kesgitlenilen tertipde erk edýär;

-buhgalteriya hasabatynyň, maliýe we statistik hasabatlylygyň hem-de iş ýöredişiň alnyp barlyşyny guraýar;

-adwokatlar kollegiýasynyň agzalarynyň umumy ýygnagynyň aýratyn ygtyýaryna degişli meselelerden başga, adwokatlar

kollegiýasynyň işiniň beýleki meselelerini çözýär.

Adwokatlar kollegiýasynyň prezidiumynyň işine ýolbaşçylygy prezidium tarapyndan öz düzüminden açyk ses bermek arkaly saýlanan başlygy we onuň orunbasarlary amala aşyrýar. Prezidiumyň başlygynyň takyk kesgitlenen hukuklary we borçlary bar. Hususan-da prezidiumyň başlygy: prezidiumyň işini guraýar, onuň mejlislerine ýolbaşçylyk edýär we prezidiumyň, kollegiýalaryň agzalarynyň umumy ýygnagynyň çözgütleriniň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär; pezidiumda garamak üçin degişli meseleleri taýýarlaýar we olary prezidiumyň garamagyna hödürleýär; prezidiumyň işine ýolbaşçylyk edýär, kollegiýanyň edaralaryna işgärleri kabul etmegi we olary işden boşatmagy amala aşyrýar; adwokatlaryň hereketlerine edilen şikaýatlaryň barlagyny guraýar hem-de prezidiumyň garamagyna degişli teklipleri girizýär; döwlet edaralarynda, jemgyýetçilik birleşiklerinde, beýleki guramalarda we edaralarda adwokatlar kollegiýasyna wekilçilik edýär, olar we raýatlar bilen hat alyşmagy ýöredýär.

**Adwokatlar kollegiýasynyň derňew topary.** Welaýat, welaýat hukukly şäheriň adwokatlar kollegiýasynyň derňew topary- kollegiýanyň gözegçi derňew edarasy bolup durýandyr. Derňew topary adwokatlar kollegiýasynyň agzalarynyň umumy ýygnagy tarapyndan gizlin ses bermek arkaly üç ýyl möhlete saýlanylýar. Derňew topary öz düzüminden açyk ses

bermek arkaly derňew toparynyň başlygyny saýlaýar. Derňew topary adwokatlar kollegiýasynyň gözegçi derňew edarasy bolup, onuň maliýe-hojalyk işine derňew geçirýär.

**Ýuridik maslahathana.** Ýuridik maslahathanalar ýuridik kömegi bermek boýunça işi guramak maksady bilen welaýat, welaýat hukukly şäheriň adwokatlar kollegiýasy tarapyndan ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edarasy bilen ylalaşmak arkaly etraplarda, etrap hukukly şäherlerde döredilýär. Ýuridik maslahathana adwokatlar kollegiýasynyň prezidiumy tarapyndan wezipä bellenilýän we wezipeden boşadylýan müdir ýolbaşçylyk edýär. Ýuridik maslahathanalar welaýat, welaýat hukukly adwokatlar kollegiýasynyň düzüm birligi bolup durýarlar. Ýuridik maslahathananyň öz ady we haýsy adwokatlar kollegiýasyna degişlidigi, ýuridik kömegi bermegi guramak üçin zerur bolan beýleki tapawutlandyryjy alamatlary aňladylan möhüri hem-de möhürçesi bolýar. Ýuridik maslahathana kollegiýanyň umumy ýygnagy tarapyndan kabul edilen Düzgünnama esasynda hereket edýär.

**Adwokatlaryň konferensiyasy.** Türkmenistanyň adwokatlarynyň konferensiyasy Türkmenistanyň adwokatlarynyň wekilleriniň ýygnagy bolup durýar, ol, zerur bolşuna görä, azyndan iki ýylda bir gezek welaýat, welaýat hukukly şäher adwokatlar kollegiýalarynyň agzalarynyň umumy ýygnagynyň başlangyjy bilen gagyrylyp bilner. Adwokatlaryň konferensiýasy adwokatlyk işiniň has möhüm meselelerini ara alyp maslahatlaşmaga, adwokatlaryň

işiniň hilini ýokarlandyrmagyň, adwokatlaryň hünär tälim alyjylarynyň hünär tälimini almagynyň tertibiniň we şertleriniň esasy ugurlaryny kesgitlemäge, adwokatlyk etikasyny, welaýat, welaýat hukukly şäher adwokatlar kollegiýasynyň mysaly Tertipnamasyny işläp düzmäge, adwokatlar kollegiýalarynyň Tertipnamalaryna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek boyunça maslahatlary bermäge, adwokatlyk işiniň oňyn tejribesini ýaýratmak barada çözgütleri kabul etmäge ygtyýarlydyr. Turkmenistanyň adwokatlar konferensiýasynyň adwokatlyk işine degişli kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalaryny taýyarlamak üçin işçi toparlaryny döretmäge hukugy bardyr.

Türkmenistanyň adwokatlar konferensiýasyna hukuk goraýjy we beýleki döwlet edaralarynyň işgärleri, jemgyýetçilik birleşikleriň wekilleri, şonuň ýaly-da hukukçy-alymlar hem çagyrylyp bilner.

## Adwokatlaryň hukuk statusy.

Türkmenistanda ýokary ýuridik bilimli, adwokatlyk statusyna eýe bolan we adam hukuklaryny we azatlyklaryny, ýuridik şahslaryň kanuny bähbitlerini goraýan, jemgyýetde kanunylygyň berjaý edilmegine we pugtalandyrylmagyna ýardam berýän, Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan Türkmenistanyň raýaty adwokat bolup biler.

Adwokatyň statusyna bolsa ygtyýarlandyryjy edara[34] tarapyndan berlen hukuk kömegini bermäge ygtyýarnama alan

[34] Fiziki we ýuridik şahslara hukuk kömegini bermäge ygtyýarnama Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan berilýär we bellige alynýar.

we welaýat, welaýat hukukly şäher adwokatlar kollegiýasynyň agzalygyna giren şahslar eýe bolýarlar.

Hukuk kömegini bermäge ygtyýarnama ýokary ýuridik bilimli we hukuk hünäri boýunça azyndan iki ýyl üznüksiz iş döwri bolan ýa-da adwokatlar kollegiýasynda alty aýdan bir ýyla çenli möhletde hünär tälimini alan şahslara berilýär. Adwokata, mugallymçylyk we ylmy-barlag işlerinden başga, döwlet gullugynda durmaklyga we başga tölegli işlerde işlemeklige ýol berilýän däldir.

Bu meselede belli bir çäklendirmeler hem bardyr, Türkmenistanda adwokatura we adwokatlyk işi hakynda Türkmenistanyň Kanunynyň 8-nji maddasynyň 4-nji bölegine laýyklykda düzgün-nyzam temmisi ulanylýan etmişi edendigi üçin kazyýet hem hukuk goraýjy edaralardan işden boşadylan adam, boşadylan gününden başlap bir ýylyň dowamynda, şeýle-de iş kesilenlik aýby öz-özünden aýrylmadyk ýa-da aýrylmadyk hem-de kämillik ukyby ýok ýa-da kämillik ukyby çäkli diýlip ykrar edilen, şeýle hem adwokatlyk işi bilen bir ýere sygyşmaýan hereketleri edendigi üçin adwokatlar kollegiýasynyň düzüminden çykarylan ýa-da hukuk kömegini bermäge ygtyýarnamadan mahrum edilen şahs adwokat bolup bilmeýär.

Türkmenistanda adwokatura we adwokatlyk işi hakynda Türkmenistanyň Kanunynyň 13-nji maddasyna laýyklykda adwokat kömek berilmegini sorap ýüz tutana zerur bolan ýuridik kömegi berýär. Her bir iş boýunça adwokat öz ygtyýarlyklaryny adwokatlatr kollegiýasynyň

---

Türkmenistanda adwokatura we adwokatlyk işi hakynda Türkmenistanyň Kanunynyň 9-njy maddasy.

prezidiumy tarapyndan hasaba alnyp berlen orderi bilen tassyklaýar. Adwokatyň aşakdakylara hukugy ýokdur: ýuridik kömegi bermegi sorap ozüne ýüz tutandan göz-görtele bikanun tabşyrygy kabul etmäge; ýuridik kömegi bermegi sorap ozüne ýüz tutandan şeýle halatlarda tabşyryk almaga, eger ol ynanyjy bilen baglaşylan ylalaşygyň mazmuny boýunça şol adamyň bähbidinden başga, aýratyn bähbidi bar bolsa; işe kazy, prokuror, sülçi, anyklaýjy, bilermen, hünärmen, terjimeçi hökmünde gatnaşan bolsa, şu iş boýunça ol jebir çeken ýa-da şaýat bolýan bolsa, şeýle hem ol wezipeli adam bolup, şol adamyň bähbidine çözgüt kabul etmek onuň ygtyýarlygyna girýän bolsa; şol adamyň işini derňemäge ýa-da oňa seretmäge gatnaşan ýa-da gatnaşýan wezipeli adam, jebir çeken bilen garyndaşlyk ýa-da maşgala gatnaşyklarynda durýan bolsa; bähbitleri şol adamyň bähbidine garşy gelýän ynanyja şol bir is boýunça ýuridik kömegi berýän ýa-da ozal beren bolsa; ynanyjynyň kesekinin günäsini öz ustüne alyp, özüni nähak aýyplap durandygyna adwokatyň göz ýetiren halatyndan başga ýagdaýlarda iş boýunça ynanyjynyň erk-islegine garşy ýörelgäni eýelemäge; ynanyjynyň günäsiniň subut edilendigi hakynda, eger ol günäsini inkär edýän bolsa, açyk beýan etmäge; ynanyjynyň özüne ýuridik kömegiň berlendigi bilen baglylykda beren maglumatlaryny ynanyjynyň razylygy bolmazdan aýan etmäge; özüne kabul eden goragyndan ýüz döndermäge, muňa goralýanyň biriniň bähbitleriniň onuň beýleki goralýanyň bähbitlerine garşy gelýän halatlary ýa- da olaryň görkezmeleriniň arasynda garşylyk bar halatlary girmeýär.

Adwokatlar kollegiýalarynyň agzalarynyň kesgitlenen hukuklary we borçlary bardyr. Adwokatyn su asakdakylara hukugy bardyr:

-ýuridik kömegi bermek üçin (döwlet ýa-da gaýry syrlar toparyna degişli bolmadyk) maglumatlary ýygnamaga, şol sanda döwlet edaralaryndan, ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryndan, jemgyyetçilik birleşiklerinden, şeýle hem beýleki guramalardan güwänamalary, häsiýetnamalary we ýerine ýetirýän tabşyrygyna degişli beýleki resminamalary sorap almaga. Görkezilen edaralar, guramalar we şol edaralaryň, guramalaryň wezipeli adamlary Turkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde adwokata onuň soran resminamalaryny ýa-da olaryň tassyklanan nusgalaryny bermäge borçludyrlar;

-Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde subutnama
hokmünde ykrar edilip bilinjek närseleri we resminamalary toplamaga we bildirmäge;

-Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ýuridik kömegi bermek bilen baglanyşykly meseleleri düşündirmek üçin hünärmenleri şertnama esasynda çagyrmaga;

-özüne ynanyjy bilen ikiçäk, ýaşyrynlygy saklamak şertlerinde (şol sanda, onuň tussaglykda saklanylýan döwründe) duşuşyklaryň sanyny we olaryň dowamlylygyny çäklendirmezden duşuşmaga;

-Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde ýuridik kömegi bermek bilen bagly işiň materiallary bilen tanyşmaga, olardan maglumatlary göçürip almaga;

-Turkmenistanyň çäklerinde, şeýle hem onuň çäginden daşarda, eger bu kabul edilen tabşyrygyň ýerine

ýetirilmegi üçin zerur bolsa we degişli döwletiň kanunçylygyna hem-de Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna garşy gelmeýän bolsa, adwokatlyk işi bilen meşgullanmaga;

-Türkmenistanyň kanunçylygyna garşy gelmeýän beýleki
hereketleri amala aşyrmaga.

**Adwokat şu aşakdakylara borçludyr:**

-ynanyjynyň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik ähli serişdeler arkaly dogruçyl we päк wyždanly goramaga;

-anyklaýyş, deslapky derňew edaralarynyň, prokuroryň, kazynyň ýa-da kazyýetiň bellemegi boýunça jenaýat kazyýet oniimçiligine hukuk taýdan goraýjy hokmünde adwokatyň hökmany gatnaşmalydygy hakynda Türkmenistanyň iş yörediş kanunçylygynyň bildirýän talaplaryny berjaý etmäge, şeýle hem Türkmenistanyň raýatlaryna Türkmenistanyň kanunçylygynda görkezilen halatlarda ýuridik kömegi tölegsiz bermäge;

-öz bilimini yzygiderli kamilleşdirmäge we öz hünärini ýokarlandyrmaga;

-Türkmenistanyň kanunçylygynyň talaplaryny, hünär taýdan kämil alyp barmagyň kadalaryny we adwokatlyk syryny saklamagy berjaý etmäge;

- işinde we ynanyjylar bilen gatnaşykda ýokary medeniýetliligi berjaý etmäge, adwokatlyk etikasyny saklamaga.

Ýuridik kömegi bermek bilen baglylykda özüne

mälim bolan we adwokatlyk syry[35] bolup durýan maglumatlary aýan etmäge, şeýle hem olary özüniň bähbitleri üçin ulanmaga adwokatyň hukugy ýokdur. Dowlet syrlary toparyna degişli ýa-da döwletiň milli howpsuzlyk bähbitlerine ýa-da jemgyýetçilik howpsuzlygyna dahylly maglumatlar adwokatlyk syryna degişli edilip bilinmez we adwokat şolar ýaly maglumatlar barada degişli döwlet edaralaryna habar bermäge borçludyr.

Adwokata hünär borçlaryny ýerine ýetirmekde gazanan üstünligi üçin welaýat, welaýat hukukly şäheriň adwokatlar kollegiýasynyň prezidiumynyň ýa-da kollegiýanyň agzalarynyň umumy ýygnagynyň karary esasynda höweslendirme çäresi ulanylýar. Höweslendirme çäreleri hökmünde aşakdakylar ulanylyp bilner: minnetdarlyk bildirmek; birwagtlaýyn baýrak bermek; gymmat bahaly sowgatlar bilen sylaglamak; hormat haty bilen sylaglamak.

Şunuň bilen birlikde adwokatlyk işi hakyndaky kanunçylygyň gödek bozulan ýa-da borçlary yzygiderli ýerine ýetirmedik halatynda; adwokatyň hukuk ýagdaýy bilen bir ýere sygyşmaýan etmiş edilen halatynda we şular ýaly beýleki etmişler edilen ýagdaýynda adwokatlar kollegiýasynyň agzalaryna kollegiýanyň prezidiumy tarapyndan duýduryş; käýinç; berk käýinç; kollegiýanyň agzalygyndan çykarmak ýaly düzgün-nyzam temmi çäreleri

[35] Adwokatyn ynanyja berýän ýuridik kömegi bilen baglanyşykly alan ynanyjynyň äşgär edilmegini islemeýän islendik maglumatlary adwokatlyk syry bolup durýar.

berilýändir. Düzgün-nyzam temmisi berlende, edilen etmişiň agyrlygy, ol amala aşyrylan halatyndaky ýagdaýlar, adwokatyň şondan öňki işleýşi we özüniň alyp barşy göz oňünde tutulmalydyr. Düzgün-nyzam önümçiligi bilen baglanyşykly meseleler welaýat, welaýat hukukly şäheriň adwokatlar kollegiýasynyň prezidiumynyň ygtyýaryna degişlidir. Düzgun-nyzam temmisi gös-göni etmiş ýüze çykandan soň bir aýdan gijä goýman, ýöne şol etmiş edilenden alty aý geçmedik bolsa, adwokatyň kesel bolan wagtyny ýa-da onuň zähmet rugsadynda bolan wagtyny hasaba almazdan, şol etmiş edilenden soň alty aý geçmedik bolsa berilýär.

Adwokatyň hünär hukugy, abraýy we mertebesi kanun tarapyndan goralýar. Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulanlardan başga halatlarda adwokatyň ýuridik kömegini bermek bilen baglylykdaky hereket etmek erkinligi çäklendirilip bilinmez. Adwokatdan özüniň adwokatlyk işi boýunça borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglylykda, adwokatlyk syry[36] bilen bagly ýagdaýlardan başga halatlarda, oňa malim bolan ýagdaýlar hakynda döwlet edaralary tarapyndan ýazmaça ýa-da dilden düşündirişler talap edilip bilinmez. Adwokat Türkmenistanyň kanunçylygynyň çäklerinde özüniň käri boýunça alyp barýan wezipesini berjaý edýän
halatynda beýan eden pikiri üçin, kazyýetde ýa-da hukuk goraýjy edaralaryň öňünde aýdan beýannamasy üçin, şeýle hem käri boýunça ykrar edilen borçlaryna we ozüni alyp

[36]Türkmenistanda adwokatura we adwokatlyk işi hakynda Türkmenistanyň Kanunynyň 16-njy maddasy.

barmagyň kadalaryna laýyklykda amala aşyran islendik beýleki hereketleri üçin dolandyryş hukuk tertibinin bozulmalary hakyndaky kanun esasynda ýa-da jenaýat jogapkarçiligine çekilip bilinmez. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýan adwokatlyk işine gatyşylmagy ýa-da şol işe haýsydyr bir başga hili päsgelçiligiň berilmegi, şeýle hem adwokata hormat goýulmazlygy ýa-da onuň öz hünär borçlaryny ýerine ýetiren ýagdaýynda kemsidilmegi jogapkärçilige eltýär. Adwokat we onuň maşgala agzalary döwlet tarapyndan goralýar hem-de olaryň howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça zerur çäreleri görmek döwlet tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda üpjün edilýär.

**Çyzgy №2**



## 6-njy bap. Türkmenistanyň Neşelere garşy göreşmek baradaky döwlet gullugy

### §1. Türkmenistanyň Neşelere garşy göreşmek

**baradaky döwlet gullugy döredilmegi, düzümi we wezipeleri.**

Neşekeşlik, neşe serişdeleriniň bikanun söwdasy, soňky ýyllar dünýä siwilizasiýasynyň we adamzat jemgyýetçiliginiň öňündäki ägirt wehimleriň birine öwrüldi. Bu wehimiň adamzat genofondyna ýetirýän howpuny göz öňüne tutup, Türkmenistan halkara jemgyýetçiligi bilen hatarda neşekeşlige garşy göreşip gelýär. Neşekesligiň, neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalarynyň bikanun dolanyşygyna garşy aýgytly göreşmek Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzda durmuşa gecirýän syýasytynyň möhüm ugurlarynyň biridir. Milli liderimiziň ýurt başyna geçen ilkinji günlerinden başlap, neşekeşlige we neşe maddalaryň bikanun dolanyşygyna garşy alnyp barylýan göreşde düýpgöter owrülişik bolup geçip, türkmen milletiniň ruhuna ysnat ýetirýän neşe atly elhençligi köki damary bilen ýok etmek boyunça ýurdumyzda aýgytly çäreler geçirilip başlandy. Bu ynsanperwer syýasatyň durmuşa geçirilmegini, neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygyna garşy göreşmegiň meseleleri boýunça Türkmenistanyň halkara borçnamalarynyň berjaý edilmegini we ýerine ýetirilmegini üpjün etmek üçin -Türkmenistanyň Neşelere garşy göreşmek baradaky Döwlet gullugy döredildi. Döredilen täze gulluk neşeler bilen baglanyşykly jenaýatlaryň garşysyna göreşmekde, olary ýüze çykaryp üstüni açmakda, neşekeşligiň öňüni almakda gysga wagtyň içinde ýokary netijeleri gazanýar.

Gullugyň işlemeginiň hukuk esaslary, maksatlary we wezipeleri, şeýle hem hukuklary we borçlary

Türkmenistanyň Neşelere garşy göreşmek baradaky döwlet gullugy hakynda Türkmenistanyň kanunynda takyk kesgitlenýär.

Neşelere garşy göreşmek baradaky gullugyň düzümine onuň merkezi edarasy, welaýatlardaky we welaýat hukukly şäherlerdäki müdirlikleri, etraplardaky we etrap hukukly şäherlerdäki bölümleri, şeýle hem Türkmenistanyň Döwlet serhediniň gözegçilik-geçiriş nokatlaryndaky manýowrly postlar girýär. Gözegçilik-geçiriş nokatlaryndaky manýowrly postlar Neşelere garşy göreşmek baradaky gulluk tarapyndan zerurlyga görä döredilýär.

Neşelere garşy göreşmek baradaky gulluga ýolbaşçylygy, Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipä bellenilýän we wezipesinden boşadylýan başlygy amala aşyrýar. Gullugyň başlygynyň Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipä bellenilýän we wezipesinden boşadylýan orunbasarlary, şol sanda birinji orunbasary bolýar. Neşelere garşy göreşmek baradaky gullugyň welaýatlardaky we welaýat hukukly şäherlerdäki müdirliklerine Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipä bellenilýän we wezipesinden boşadylýan başlyklary ýolbaşçylyk edýärler. Neşelere garşy göreşmek baradaky gullugyň etraplardaky we etrap hukukly şäherlerdäki bölümlerine Türkmenistanyň Ministrler Kabineti bilen ylalaşmak arkaly Neşelere garşy göreşmek baradaky gullugyň başlygy tarapyndan wezipä bellenilýän we wezipeden boşadylýan başlyklary ýolbaşçylyk edýärler. (Seret çyzgy №1)

**Çyzgy №1 Neşelere garşy göreşmek baradaky gullugyň düzümi.**




Neşelere garşy göreşmek baradaky gullugyň öňünde aşakdaky wezipeler durandyr: 1) neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygyna garşy hereket etmek babatdaky döwlet syýasatyny durmuşa geçirmek; 2) operatiw-agtaryş işini, anyklaýyşy we deslapky derňewi geçirmek arkaly neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygy bilen baglanyşykly jenaýatlary ýüze çykarmak, duýdurmak, olaryň üstüni açmak we öňüni almak; 3) neşe serişdeleriniň ýaýramagynyň we ulanylmagynyň zyýanly netijelerini duýdurmak we öňüni almak; 4) neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygyna dahyly bolan adamlar barada ýeketäk maglumat merkezini döretmek; 5) neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygyna garşy göreşmek babatda

Türkmenistanyň döwlet edaralary we jemgyýetçilik birleşikleri, hukuk goraýjy we harby edaralary bilen bilelikde hereket etmek. (Seret çyzgy №2)

**Çyzgy №2**




Neşelere garşy göreşmek baradaky gulluk öz üstüne ýüklenilen wezipelere laýyklykda 1) neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygy bilen baglanyşykly jenaýatlary ýüze çykarýar, olaryň öňüni alýar we üstüni açýar; 2)

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jenaýat işlerini derňemekligi amala aşyrýar; 3) Türkmenistanyň jenaýat iş ýörediş kanunçylygyna laýyklykda anyklaýyşy amala aşyrýar; 4) neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygyna garşy hereket etmek boýunça operatiw-agtaryş çärelerini geçirýär; 5) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde neşe serişdeleriniň we beýleki düzüminde neşe bolan birleşmeleriň ekspertizasyny geçirýär; 6) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda Neşelere garşy göreşmek baradaky gullugyň derňemegine degişli edilen jenaýat işleri boýunça jenaýatlary we olary eden adamlary bellige alýar we olaryň hasabyny ýöredýär; 7) neşe serişdeleriniň ýaýradylmagyna we ulanylmagyna garşy gönükdirilen öňüni alyş çärelerini geçirýär, Türkmenistanyň beýleki döwlet edaralary we jemgyýetçilik birleşikleri bilen bilelikde neşelere garşy wagyz işlerini amala aşyrýar; 8) Türkmenistanyň Döwlet serhediniň gözegçilik-geçiriş nokatlarynda manýowr edýän postlary döredýär we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde neşe serişdelerini ýüze çykarmak babatda Türkmenistanyň Döwlet serhediniň üstünden geçýän ulag serişdeleriniň, ýükleriň we goşlaryň barlagyny amala aşyrýar; 9) ýurtda neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygy bilen baglanyşykly jenaýatçylygy seljermegi amala aşyrýar we Türkmenistanyň Prezidentine aýlyk we yyllyk hasabatlary berýär; 10) neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygyna garşy hereket etmek boýunça dünýä tejribesini öwrenýär we neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygyna gözegçiligi amala aşyrmakda bilelikdäki tagallalary utgaşdyrmak tertibinde Türkmenistanyň hukuk goraýjy edaralarynyň işgärleri bilen bu ugurda göreş alyp

barmagyň iň täze usullary boýunça okuw geçirýär; 11) bellenilen tertipde halkara hyzmatdaşlygyny amala aşyrýar, neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygyna gözegçilik etmek babatdaky halkara borçnamalaryň berjaý edilmegini we ýerine ýetirilmegini üpjün edýär; 12) neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygyna gözegçilik etmek babatda Türkmenistanyň halkara borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegi bilen baglanyşykly meseleler boýunça hasabatlary düzýär we beýleki maglumatlary taýýarlaýar; 13) neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygyna garşy göreşmek boýunça çäreleriň kämilleşdirilmegine gönükdirilen kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalaryny taýýarlaýar hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň garamagyna hödürleýär; 14) raýatlaryň tekliplerine, arzalaryna we şikaýatlaryna seredýär, olar boýunça kanunda bellenilen möhletlerde zerur çäreleri görýär, raýatlary kabul edýär, ilatyň we ýuridik şahslaryň arasynda Neşelere garşy göreşmek baradaky gullugyň ygtyýarlygyna degişli meseleler boýunça düşündiriş işini alyp barýar; 15) Neşelere garşy göreşmek baradaky gulluk üçin işgärleri seçip almaklygy we taýýarlamaklygy guraýar; 16) döwlet we gulluk syryny düzýän maglumatlaryň goragyny üpjün edýär; 17) içerki gözegçiligi amala aşyrýar we Neşelere garşy göreşmek baradaky gullugyň işgärleriniň şahsy howpsuzlygyny üpjün edýär, şeýle hem neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygy bilen baglanyşykly jenaýatçylygyň öňüni almakda we üstüni açmakda Neşelere garşy göreşmek baradaky gulluga kömek etmegi bilen baglanyşykly jany, saglygy we emlägi howp astynda bolýan şaýatlaryň, jebir çekenleriň we beýleki adamlaryň

şahsyýetini we emlägini goramak boýunça çäreleri görýär[37].

Neşelere garşy göreşmek baradaky gullugyň edaralary ýokarda görkezilen ygtyýaelyklary amala aşyranlarynda kanunylyk, raýatlaryň kanunyň öňündäki deňligi, raýatlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň berjaý edilmegi we olaryň haýsy millete degişlidigine, teniniň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk hem wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dine garaýşyna, syýasy ygtykadyna, haýsy partiýa degişlidigine ýa-da hiç partiýa degişli däldigine garamazdan, mertebesine hormat goýulmagy ýörelgelerinden ugur alýandyrlar.

Jenaýat iş ýörediş Kodeksiň 224-nji maddasyna laýyklykda Neşelere garşy göreşmek baradaky döwlet gullugynyň derňew birlikleri Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 214 (neşe serişdeleriniň ýa-da psihotrop maddalarynyň kontrabandasy bilen bagly bolsa), 292-301, 254-nji (neşe serişdeleriniň ýa-da psihotrop maddalarynyň kontrabandasy) maddalarynda göz öňünde tutulan, ýagny neşe serişdeleriň ýa-da psihotropiýa maddalarynyň satmak maksady bilen, şeýle hem satmazlyk maksady bilen bikanun taýýarlanylmagy gaýtadan şlenilmegi, edinilmegi, saklanylmagy, daşalmagy, iberilmegi; neşe serişdeleriň ýa-da psihotropiýa maddalarynyň ogurlanmagy ýa-da gorkuzyp alynmagy; düzümi neşe maddaly gadagan edilen ösümlikleriň bikanun ösdürilip ýetişdirilmegi; neşe serişdeleri ýa-da psihotropiýa maddalary çekmek üçin mesgenleriň guralmagy ýa-da saklanylmagy; neşe

[37] Türkmenistanyň Neşelere garşy göreşmek baradaky döwlet gullugy hakynda Türkmenistanyň Kanunynyň 10-njy maddasy.

serişdelerini, psihotropiýa maddalaryny gümrük gözegçiliginden rugsatsyz ýa-da ondan gizlinlikde Türkmenistanyň gümrük araçäginden geçirilmegi ýaly jenaýatlar hakyndaky işler boýunça deslapky derňew geçirilýär. Derňew birlikleri ( derňew müdirliklri, bölümleri) gullugyň merkezi edarasynda, welaýat, welaýat hukukly şäher boýunça müdirlikleriň düzüminde döredilip hereket edýär. Gullugyň etrap, etrap hukukly şäher boýunça bölümlerinde sülçiniň, uly sülçiniň wezipeleri bellenilýär.

Jenaýat iş ýörediş Kodeksiň 76-njy maddasyna laýyklykda Türkmenistanyň neşelere garşy göreşmek baradaky döwlet gullugy – neşe serişdeleriniň ýa-da psihotrop maddalaryň bikanun dolanyşygy bilen bagly işler boýunça anyklaýyşy amala aşyrýarlar. Operatiw-agtaryş işleri hakynda Türkmenistanyň kanunynyň 5-nji maddasyna laýyklykda bolsa Türkmenistanyň neşelere garşy göreşmek baradaky döwlet gullugynyň edaralarynyň operatiw-agtaryş işini amala aşyrmaga ygtyýary bardyr. (*Derňew, anyklaýyş we operatiw-agtaryşşi barada ýurdumyzyň içeri işler edaralaryna bagyşlanan babynda giňişleýin durup geçipdik.)*

## §2 Neşelere garşy göreşmek baradaky gullugyň işgärleriniň hukuk statusy.

Neşelere garşy göreşmek baradaky gullugyň işgärler düzümini harby gullukçylar bolup durýan işgärler we harby gullukda durmaýan beýleki işgärler emele getirýärler. Harby gullukçylar Neşelere garşy göreşmek baradaky gullugyň edaralarynda harby gullugy "Harby borçlulyk we harby gulluk hakynda" Türkmenistanyň kanunyna

laýyklykda geçýärler we Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň harby gullukçylaryna deňleşdirilýärler. Neşelere garşy göreşmek baradaky gullugyň beýleki işgärleriniň zähmet gatnaşyklary Türkmenistanyň zähmet kanunçylygy bilen düzgünleşdirilýär.

Neşelere garşy göreşmek baradaky gullugyň düzümine Türkmenistanyň döwlet dilini bilýän, çagyryş boýunça harby gullugyň bellenilen möhletini gulluk eden, borçnama boýunça harby gulluga girmäge isleg bildiren we öz şahsy, ahlak we işjeňlik häsiýetleri, bilimi we saglyk ýagdaýy boýunça Neşelere garşy göreşmek baradaky gullugyň üstüne ýüklenen borçlaryny ýerine ýetirmäge ukyply Türkmenistanyň raýatlary kabul edilýär. Neşelere garşy göreşmek baradaky gullugyna kabul edilen raýatlara ak ýüreklilik hem-de Türkmenistana, onuň halkyna we Türkmenistanyň Prezidentine wepalylyk; raýatlara, olaryň hukuklaryna we azatlyklaryna sarpa goýmak; bilimlilik, hünäre ussatlyk, başarjanlyk, çözgüt kabul etmäge ukyplylyk; syýasy, hukuk we ahlak medeniýetiniň ýokary derejesi ýaly häsiýetler mahsus bolmalydyr.

Neşelere garşy göreşmek baradaky gullugynyň harby gullukçylarynyň harby gullukdan boşadylmagy "Harby borçlulyk we harby gulluk hakynda" Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda we "Borçnama boýunça harby gullugy geçmegiň tertibi hakyndaky" Düzgünnamada bellenilen tertipde amala aşyrylýar.

Gulluk borçlaryny ýerine ýetirýän wagtlary Neşelere garşy göreşmek baradaky gullugyň işgärleri döwlet häkimiýetiniň wekilleri bolup durýandyrlar we döwletiň goragyndan peýdalanýarlar. Olaryň kanuny talaplary raýatlar we wezipeli adamlar tarapyndan hökmany ýerine

ýetirilmelidir. Neşelere garşy göreşmek baradaky gullugyň işgärleriniň jany, saglygy, namysy we mertebesi, şeýle hem olaryň maşgala agzalary we ýakyn garyndaşlary islendik kast etmelerden kanun arkaly goralýandyr.

Neşelere garşy göreşmek baradaky gullugyň işgärleri öz üstlerine ýüklenen borçlary ýerine ýetirenlerinde Türkmenistanyň Konstitusiýasyndan, Türkmenistanyň Neşelere garşy göreşmek baradaky döwlet gullugy hakynda kanundan we öz işine degişli beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ugur alýarlar. Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan ygtyýarlyk berlen adamlardan başga hiç kimiň Neşelere garşy göreşmek baradaky gullugyň işine gatyşmaga hukugy ýokdur.

Neşelere garşy göreşmek baradaky gullugyň işgärlerine mugallymçylyk, ylym we döredijilik işinden başga hak tölenýän islendik iş bilen meşgullanmak gadagan edilýär.

"Harby gullukçylaryň hem-de olaryň maşgala agzalarynyň statusy we sosial taýdan goralyşy hakynda" Türkınenistanyň kanunyna laýyklykda Neşelere garşy göreşmek baradaky gullugyň işgärleriniň sosial goragy döwlet tarapyndan kepillendirilýär. Neşelere garşy göreşmek baradaky gullugyň işgärleri özleriniň gulluk borçlaryny ýerine ýetirenlerinde olaryň soňra gulluk etmek mümkinçiligini aradan aýyrýan - heläkçilige uçran, maýyp bolan, ýaralanan, şikes, kontuziýa alan, näsaglan halatlarynda, olara birwagtlaýyn kömek puly tölenilýär. Neşelere garşy göreşmek baradaky gullugyň işgärleri Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň hasabyna döwletiň hökmany şahsy ätiýaçlandyrmasyna degişli bolup durýarlar.

Neşelere garşy göreşmek baradaky gullugyň işgärleri Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenen tertipde bellenen kadalara görä ýaşaýyş jaý bilen üpjün edilýärler. Gullugyň işgärleriniň hususy ýaşaýyş jaýyny gurmak üçin ýer bölegini ilkinji nobatda almaga hukuklary bardyr.

## 7-nji bap. Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk ministrligi.

### §1.Milli howpsuzlyk edaralarynyň ulgamy, wezipeleri we ýörelgeleri.

Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk edaralary döwlet dolandyryşynyň düzümindäki ýörite edaralar bolup, Türkmenistanyň Prezidentine tabyndyrlar,

Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk edaralary Türkmenistanyň howpsuzlygyny üpjün etmegiň umumy ulgamynda şahsyýeti, jemgyýeti hem-de döwleti içerden hem-de daşardan edilýän howpdan goramak işini amala aşyrýarlar. Milli howpsuzlyk edaralary konstitusion gurluşy kada-kanuna ters gelýän hyýanatçylyklardan goramak, Türkmenistanyň özygtyýarlylygyny we territoriýasynyň bitewiligini, onuň syýasy, ylmy-tehniki hem-de goranmak kuwwatyny goramak, daşary ýurtlaryň ýörite gulluklarynyň hem-de guramalarynyň geçirýän aňtawçylyk-ýykgynçylyk işinden ägä etmek, şeýle işi ýüze çykarmak hem-de onuň öňüni almak barada iş alyp barýarlar.

Milli howpsuzlyk edaralaryň ulgamy Milli howpsuzlyk ministrliginden, welaýat, welaýat hukukly şäherlerdäki edaralaryndan, Ýaragly Güýçler we beýleki goşun düzümleri boýunça milli howpsuzlyk edaralaryndan

ybaratdyr. Milli howpsuzlyk edaralarynyň düzüminde olaryň işini kadaly üpjün etmek üçin inženerçilik-gurluşyk, maliýe, lukmançylyk bölümleri hem döredilýär.

Milli howpsuzlyk ministrligi Türkmenistanyň döwlet dolandyryş edarasydyr, ol milli howpsuzlyk edaralarynyň ulgamynda kanunlaryň ýerine ýetirilmegini guraýar, kanunlara laýyklykda kadalaşdyryjy namalary çykarýar. Ol milli howpsuzlyk edaralaryna ýolbaşçylyk edýär we Türkmenistanyň milli howpsuzlygy barada jogapkärçilik çekýär. Ondan başga-da Milli howpsuzlyk ministrligi milli howpsuzlygy üpjün etmegiň umumy döwlet maksatnamalaryny işläp taýýarlamaga gatnaşýar. Milli howpsuzlyk ministrligine Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipesine bellenýän we wezipesinde boşadylýan ministr ýolbaşçylyk edýär.

Türkmenistanyň milli howpsuzlyk edaralary hakyndaky kanunyň 2-nji maddasyna laýyklykda Türkmenistanyň milli howpsuzlyk edaralarynyň alyp barýaň işiniň esasy ugurlary hem-de olaryň esasy wezipeleri şu aşakdakylardyr: Türkmenistanyň milli howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen aňtawçylyk işini alyp barýar; Türkmenistany daşary ýurt döwletleriniň hem-de daşary ýurt guramalarynyň ýörite gulluklarynyň alyp barýan aňtawçylyk-ýykgynçylyk işinden goramak barada garşylyklaýyn aňtawçylyk işini alyp barýar; Konstitusion gurluşy kada-kanuna ters gelen hyýanatçylykdan goramak, terrorçylyga, genoside (halky gyryp ýok etmeklige), milletara duşmançylygyna we oňşuksyzlygyna garşy, guramaçylykly jenaýatçylyga, pula-para satylmak etmişlerine hem-de neşe söwdasyna garşy - milli howpsuzlygyň bähbitlerine galtaşýaň şeýle hadysalara

garşy göreş alyp barýar; derňelmegi kanun arkaly milli howpsuzlyk edaralarynyň ygtyýaryna degişli edilen jenaýatlary ýüze çykarýar we olaryň öňüni alýar; döwlet serhedini goramagy üpjün edýär; döwlet syrlaryny gorap saklaýar; milli howpsuzlyk, sosial-ykdysady, goranmak gurluşygy hem-de ylmy-tehniki progres, daşary syýasy iş we daşary ykdysady iş bilen baglanyşykly wezipeleri çözmek üçin zerur bolan maglumat (informasiýa) bilen Prezidenti Mejlisi, Ministrler kabinetini üpjün edýär.

Agzalan kanunyň 5-nji maddasyna laýyklykda milli howpsuzlyk edaralary öz işini amala aşyranlarynda raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny pugta berjaý edýärler. Raýatlaryň öz hukuklaryny we azatlyklaryny peýdalanmagy diňe kanunlarda göz öňünde tutulan halatlarda, milli howpsuzlygy üpjün etmegiň hatyrasyna çäklendirilip bilner. Raýat özüniň hukuklarynyň we azatlyklarynyň näme üçin çäklendirilendigini talap edende, milli howpsuzlyk edaralary onuň sebäbini oňa düşündirmäge borçludyrlar. Milli howpsuzlyk edaralarynyň, işgäri gulluk borjuny ýerine ýetirýärkä raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny kada-kanuna laýyk gelmeýän halda ýa-da esassyz ýerden bozan mahalynda, degişli milli howpsuzlyk edarasy şol hukuklaryň we azatlyklaryň dikeldilmegi üçin, ýetirilen zyýanyň öweziniň töledilmegi hem-de günäkärleriň kanunda bellenen jogapkärçilige çekilmegi üçin çäre görmäge borçludyr. Milli howpsuzlyk edaralary özleriniň iş alyp barýan döwründe kanunda göz öňünde tutulan halatlar bolaýmasa, raýatlaryň namysyna we mertebesine, şahsy durmuşyna degişli özlerine mälim bolan maglumatlary hem jar etmeli däldir. Milli howpsuzlyk edaralarynyň we olaryň wezipeli adamlarynyň hereketleri barada ýokarky milli

howpsuzlyk edaralaryna, prokuratura ýa-da kazyýeta kanunlarda bellenen tertipde şikaýat edilip bilner.

Milli howpsuzlyk edaralary öz işlerinde kanunylyk, hemmeleriň kanun öňünde deňligi, şahsyýete, onuň hukuklaryna we azatlyklaryna hormat goýmak, ynsanperwerlik hem internasionalizm, gizlinlik tärlerini ulanmak, işiň aýan we aýan däl görnüşlerini utgaşdyryp alyp barmak ýörelgelerine esaslanýarlar.

Milli howpsuzlyk edaralary jenaýatlaryň üstüni açmak, derňemek we öňüni almak üçin operatiw-agtaryş hem-de derňew çärelerini geçirmekde ýurdumyzyň beýleki hukuk goraýjy edaralary we Döwlet serhet gullugynyň edaralary bilen arkalaşykly hereket edýärler.[38]

Jenaýat iş ýörediş Kodeksiň 224-nji maddasyna laýyklykda Milli howpsuzlyk edaralaryň derňew birlikleri Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 167-180, 214 (neşe serişdeleriniň ýa-da psihotrop maddalarynyň kontrabandasy bilen bagly bolmasa), 215, 254 (neşe serişdeleriniň ýa-da psihotrop maddalarynyň kontrabandasyndan başga), 271-273, 276-277 we 332-nji maddalarynda göz öňünde tutulan, ýagny urşy wagyz etmek, genosid, hakyna tutma, halkara goragyndan peýdalanýan adamlara çozuş etmek, döwlete dönüklik etmek, içalylyk, ýykgynçylyk (diwersiýa), häkimiýeti basyp almak maksady bilen dildüwşük etmek, Konstitusion gurluşy zorlukly üýtgetmäge bolan çagyryşlar ýaly jenaýatlar hakyndaky işler boýunça deslapky derňew geçirilýär.

Onda başga-da Türkmenistanyň milli howpsuzlyk edaralary kanuna[39] laýyklykda öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde anyklaýyşy hem-de operatiw-agtaryş işini amala aşyrýarlar.

---

[38] Türkmenistanyň milli howpsuzlyk edaralary hakyndaky kanunyň 8-nji maddasy

[39] Jenaýat iş ýörediş Kodeksiň 76-njy maddasy; Operatiw-agtaryş işleri hakynda Türkmenistanyň kanunynyň 5-nji maddasy

## §2.Mili howpsuzlyk edaralarynyň işgärleriniň hukuk statusy.

Milli howpsuzlyk edaralarynyň işgärler düzümi harby gullukçylar we gullukçylardan ybaratdyr. Milli howpsuzlyk edaralarynyň harby gullukçylary harby gullugy "Harby borçlulyk we harby gulluk hakynda" Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda geçýärler we Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň harby gullukçylaryna deňleşdirilýärler. Milli howpsuzlyk edaralarynyň beýleki işgärleriniň zähmet gatnaşyklary Türkmenistanyň zähmet kanunçylygy bilen düzgünleşdirilýär. Milli howpsuzlyk edaralarynda gulluk etmek üçin öz şahsy, ahlak we iş bitirijilik sypatlaryna, bilimine hem-de saglyk ýagdaýyna görä milli howpsuzlyk edaralarynyň üstüne ýüklenen borçlary ýerine ýetirmegi başaryp biljek Türkmenistanyň raýatlary meýletin kabul edilýär.

Milli howpsuzlyk edaralarynyň harby gullukçylaryna olaryň şahsyýetini hem-de ygtyýarlaryny tassyk etmek üçin bellenen nusgada şahadatnama berilýär.

Türkmenistanyň milli howpsuzlyk edaralary hakyndaky kanunyň 17-nji maddasyna laýyklykda Milli howpsuzlyk edaralarynyň harby gullukçylary gulluk borçlaryny ýerine ýetirýärkäler döwlet häkimiýetiniň wekilleri hasaplanýarlar. Kanun arkaly gös-göni ygtyýarly edilen edaralardan we wezipeli adamlardan başga hiç kimiň şol harby gullukçylaryň gulluk işine gatyşmaga haky ýokdur. Milli howpsuzlyk edaralarynyň harby gullukçylarynyň kanuny talaplaryny raýatlar we wezipeli adamlar tarapyndan hökman ýerine ýetirilmelidirler. Milli howpsuzlyk edaralarynyň işgärleriniň öz gulluk borçlaryny ýerine ýetirmegine päsgel berilmegi, olaryň namysyna we mertebesine degilmegi, olaryň öz gulluk işini berjaý etmekleri bilen baglanyşykly haýbat atylmagy,

garşylyk görkezilmegi, zorluga ýüz urulmagy ýa-da olaryň janyna, saglygyna we emlägine, olaryň maşgala agzalarynyň janyna we saglygyna, namysyna we mertebesine, şeýle hem emlägine jenaýatçylykly hyýanat edilmegi kanunlarda göz öňünde tutulan jogapkärçilige eltýändir.

Milli howpsuzlyk edaralarynyň harby gullukçylary özleriniň gulluk işinde kanunlary gollanýarlar hem-de olaryň syýasy partiýalaryň we syýasy maksat tutunýan köpçülikleýin jemgyýetçilik hereketleriniň kararlary bilen baglanyşygy ýokdur. Milli howpsuzlyk edaralarynyň işgärlerine ylmy, mugallymçylyk we döredijilik işinden başga işlerde işlemek gadagandyr.

Döwlet milli howpsuzlyk edaralarynyň işgärleri sosial taýdan goralýar. Milli howpsuzlyk edaralarynyň harby gullukçylary Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda döwletiň hasabyna hökmany döwlet ätiýaçlandyrmasy bilen üpjün edilýär. Milli howpsuzlyk edaralarynyň harby gullukçysy özüniň gulluk ýa-da jemgyýetçilik borjuny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly özüniň we onuň maşgala agzalarynyň çeken zyýanynyň öwezi döwlet serişdeleriniň hasabyna doly möçberde tölenilýär. Milli howpsuzlyk edaralarynyň harby gullukçylaryna hukuklar we ýeňillikler berilýär. Milli howpsuzlyk edaralarynyň işgärleri ýaşaýyş jaý, telefon bilen ýeňillikli şertlerde üpjün edilýärler. Milli howpsuzlyk edaralarynyň bellenen ýaşa ýetmegi, kesellemegi ýa-da gulluk etmek möhletiniň tamamlanmagy sebäpli gulluk etmekden boşan harby gullukçylarynyň milli howpsuzlyk edaralarynyň işgärleri üçin göz öňünde tutulan ýenilliklerden peýdalanmak hukugy saklanyp galýar.

M A Z M U N Y

**G I R I Ş ...........................................**

**1-nji bap. “Türkmenistanyň hukuk goraýjy edaralary” okuw dersiniň närsesi, düşünjesi, ulgamy we çeşmeleri**

§ 1. “Türkmenistanyň hukuk goraýjy edaralary” okuw dersiniň predmeti.......................................
§ 2. Hukuk goraýjy edaralar: umumy düşünjesi we ulgamy.........................................................................
§ 3.“Türkmenistanyň hukuk goraýjy edaralary” okuw dersiniň çeşmeleri ....................................

## 2-nji bap. Kazyýet häkimiýeti we ony amala aşyrýan edaralaryň ulgamy

§1. Adylkazyýetlik we onuň ýörelgeleri ........................
§2. Türkmenistanyň kazyýet ulgamy
§3. Etrap we etrap hukukly şäher  kazyýetleri................
§4. Welaýat kazyýeti we welaýat hukukly şäher kazyýetleri..........................................................
§5. Türkmenistanyň Arbitraž  kazyýeti ........................
§7. Türkmenistanyň Ýokary Kazyýeti .........................
§8. Kazylaryň we kazyýet oturdaşlarynyň hukuk statusy ...........................................................

## 3-nji bap. Prokuror gözegçiligi we prokuratura edaralary

§1. Prokuror gözegciligiň düşünjesi, wezipeleri we esasy ugurlary .....................................................
§2. Prokuratura edaralaryň ulgamy we gurluşy ...........
§3. Prokuratura edaralaryň işgärleri ...........................

## 4-nji bap. Türkmenistanyň Içeri işler edaralary

§1. Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi, wezipeleri we ulgamy ..........................................................
§2. Türkmenistanyň Polisiýasy. Gurluşy, wezipeleri, hukuklary we borçlary ............................................

§3. Içeri işler edaralary derňew we anyklaýyş edarasy hökmünde ..........................................................

## 5-nji bap. Türkmenistanyň Adalat ministrligi

§1. Adalat ministrliginiň gurluşy, wezipeleri, işiniň esasy ugurlary ........................................................
§2. Döwlet kepillendiriş edaralary ..............................
§3. Adwokatura ..........................................................

## 6-njy bap. Türkmenistanyň Neşelere garşy göreşmek baradaky döwlet gullugy

§1. Türkmenistanyň Neşelere garşy göreşmek baradaky döwlet gullugy döredilmegi, düzümi we wezipeleri ......................................................
§2 Neşelere garşy göreşmek baradaky gullugyň işgärleriniň hukuk statusy ...................................

## 7-nji bap. Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk ministrligi

§1.Milli howpsuzlyk edaralarynyň ulgamy, wezipeleri we ýörelgeleri ………………………………………
§2.Mili howpsuzlyk edaralarynyň işgärleriniň hukuk statusy ………………………………………..

### EDEBIÝATLAR

1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat. 26.09.2008 ýyl.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. “Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky söýmek bagtdyr” Aşgabat 2007ý.

3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. Aşgabat 2007ý.
4. Parahatçylyk, döredijilik, progress syýasatynyň dabaralanmasy.
5. Türkmenistan sagdynlygyň we ruhybelentligiň ýurdy. Aşgabat 2007 ý.
6. Gurbanguly Berdimuhamedow. Döwlet adam üçindir. Aşgabat 2007ý.
7. Täze galkynyş eýýamy. Aşgabat 2007ý.
8. Политика Президента Туркменистана Г.Бердимухамедова по новому возрождению страны.
9. “Türkmenistan SSR-niň döwlet özygtyýarlylygy hakynda” Jarnama. Aşgabat. 22.08.1990 ý.
10. “Türkmenistanyň garaşsyzlygy we döwlet gurluşynyň esaslary hakynda” Türkmenistanyň konstitusion kanuny. Aşgabat. 27.10.1991 ý. 3.08.1990 ý.
11. Türkmenistanyň Jenaýat Kodeksi. Aşgabat. 2010 ýyl.
12. Türkmenistanyň Raýat Kodeksi. Aşgabat. 18.06.1998 ý. 2008-nji ýyla çenli üýtgeşme-goşmaçalar bilen.
13. Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş Kodeksi. Aşgabat2010ý.
14. Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş Kodeksi. Aşgabat. 29.12.1963 ý. 2008-nji ýyla çenli üýtgeşme-goşmaçalar bilen.
15. Türkmenistanyň Düzediş-zähmet kodeksi. Aşgabat. 30.06.1971 ý. 2008-nji ýyla çenli üýtgeşme-goşmaçalar bilen.
16. Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat. 19.12.2000 ý. 2008-nji ýyla çenli üýtgeşme-goşmaçalar bilen.
17. Türkmenistanyň Dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary hakynda kodeks. Aşgabat. 17.12.1984 ý. 2008-nji ýyla çenli üýtgeşme-goşmaçalar bilen.

18. “Türkmenistanyň prokuraturasy hakynda” Türkmenistanyň kanuny. Aşgabat. 15.08.2009 ý. 01.01.2010 ýyla çenli girizilen üýtgeşme-goşmaçalar bilen.
19. “Kazyýet hakynda” Türkmenistanyň kanuny. Aşgabat. 15.08.2009 ý.
20. “Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk organlary hakynda” Türkmenistanyň kanuny. Aşgabat. 12.04.1993 ý. 14.06.2003 ýyla çenli girizilen üýtgeşme-goşmaçalar bilen.
21. “Operatiw-agtaryş işleri hakynda” Türkmenistanyň kanuny. Aşgabat. 23.09.1994 ý. 14.06.2003 ýyla çenli girizilen üýtgeşme-goşmaçalar bilen.
22. „Türkmenistanyň içeri işler edaralary hakynda“ Türkmenistanyň kanuny. Aşgabat. 07.07.2001 ý. 30.12.2002 ýyla çenli girizilen üýtgeşme-goşmaçalar bilen.
23. „Türkmenistanyň Polisiýasy hakynda“ Türkmenistanyň kanuny. Aşgabat. 07.07.2001 ý. 14.06.2003 ýyla çenli girizilen üýtgeşme-goşmaçalar bilen.
24. „Harby borçlulyk we harby gulluk hakynda“ Türkmenistanyň kanuny. Aşgabat. 25.03.2002 ý.
25. „Neşe serişdeleri, psihotrop maddalar, prekursorlar we olaryň bikanun dolanyşygyna garşy göreş çäreleri hakynda“ Türkmenistanyň kanuny. Aşgabat. 09.10.2004 ý.
26. “Türkmenistanyň Adalat ministrligi hakynda” Düzgünnama 2008 vylda kabul edilen.
27. “Döwlet kepillendiriş edarasy hakynda” Türkmenistanyň kanuny Aşgabat. 30.04.1999 ý.
28. Türkmenistanda adwokatura we adwokatlyk işi hakynda Türkmenistanyň Kanuny. 2010 ý.
29. “Hukuk kömegini bermek işine döwlet tarapyndan ygtyýarlandyrmak hakyndaky” Düzgünnama. Türkmenistanyň Prezidentiniň 02.09.2003 ýyldaky Karary bilen tassyklanan.

30. „Türkmenistanyň Neşe serişdelerine garşy göreş gullugy“ hakynda Düzgünnama. Türkmenistanyň Prezidentiniň 18.01.2008 ýyldaky Karary bilen tassyklanan.
31. “Türkmenistanyň Neşelere garşy göreşmek baradaky döwlet gullugy hakynda” Türkmenistanyň kanuny Aşgabat. 23.10.2008 ý.
32. Печников Н.П. Правоохранительные органы Российской Федерации. Тамбов 2005 г.
33. Семенов В.М. Правоохранительные органы в СССР. Москва 1990 г.
34. Лесницкая Л.Ф. Нотариат в СССР. Москва 1990 г.
35. К.Ф.Гуценко. Уголовный процесс. Москва 1990 г.
36. Е.Е. Глазунова. Правовые системы мира. Харков. 1998г.
37. Большой Энциклопедический толковый словарь. Москва. 2000г.
38. Комментарии к Уголовному кодексу РФ. Москва. 2007г.
39. Комментарии к Гражданскому кодексу РФ. Москва. 2000г.
40. Большая электронная энциклопедия «Кирилла и Мефодия» Москва. 2007г.
41. Большая электронная юридическая библиотека. Москва. 2007г.
42. Türkmenistanyň Konstitusiýasy boýunça ylmy düşündirişler. Ý.Nuryýew. S.Ataýew. A.Çaryýew. Aşagabat 2009 ý.
43. B.T. Taganow, E.M. Kiçikakaýew, H.Ỳ. Ỳazgeldiýew. “Jenaýat iş ýöredişi” . Türkmenistanyň Polisiýa akademiýasy. Aşgabat. 2002 ý.